G. M. TANSIKBAÝEWA, W. A. KOSTESKIÝ

# KONSTITUSION HUKUK ESASLARY

**Umumy orta bilim berýän mekdepleriň 9-njy synp okuwçylary üçin derslik**

*Düzedilen we doldurylan sekizinji neşir*

*Özbegistan Respublikasynyň Halk bilim ministrligi tarapyndan neşire hödürlenen*

«SHARQ» NEŞIRÝAT-ÇAPHANA
PAÝDARLAR KOMPANIÝASYNYŇ
BAŞ REDAKSIÝASY
DAŞKENT – 2019

UO‘K 342.4(075)
KBK 67.400ya 721
K – 64

Ýuridik ylymlarynyň doktory **A.H.Saidowyň umumy redaksiýasy bilen**

**Syn ýazanlar:**

**AKKULOWA S.** – Nyzamy adyndaky Daşkent döwlet pedagogika uniwersitetiniň ýanyndaky Halk bilimi işgärlerini gaýtadan taýýarlamak we kämilleşdirmek merkeziniň «Sosial we ykdysady ylymlar metodikasy» kafedrasynyň uly mugallymy;

**ŞERMUHAMEDOWA S.W.** – Nyzamy adyndaky Daşkent döwlet pedagogika uniwersitetiniň ýanyndaky Halk bilim işgärlerini gaýtadan taýýarlamak we kämilleşdirmek merkeziniň «Sosial we ykdysady ylymlar metodikasy» kafedrasynyň uly mugallymy;

**ÝUNUSOWA M.** – Daşkent şäheriniň 44-nji mekdebiniň Döwlet we hukuk esaslary mugallymy.

**Awtorlar topary:**

Tansikbaýewa G.M. 1-§§, 3, 29, 30, Kosteskiý W.A. 1–30-§§

## Şertli belgiler:

***Esasy kanun kesgitleýär***

***Normatiw resminama***

***Ýumuş***

***Üns beriň!***

***Ýatda saklaň!***

***Jemini jemleýäris.***

***Özüňizi barlap görüň!***

K – 64 **G.M. Tansikbaýewa, W. A. Kosteskiý**

Konstitusion hukuk esaslary: umumy orta bilim berýän mekdepleriň 9-njy synp okuwçylary üçin derslik / A.H. Saidowyň redaksiýasy bilen – D.: “Sharq”, 2019. – 200 s.

**ISBN 978-9943-26-937-8**

**UO‘K 342.4(075)**
**KBK 67.400ya 721**

**Respublikanyň ýörite kitap gaznasynyň serişdeleriniň hasabyndan çap edildi.**

## KONSTITUSIÝA ÄLEMINE SYÝAHAT

Siziň eliňizde çylşyrymly, köp taraply we gyzykly hukuklar dünýäsi barada maglumat berýän kitap dur. Özbegistan Respublikasynda garaşsyzlyk yglan edilmegi we suweren demokratik döwlet gurluşynyň ýuridik esaslary – döwletiň bilen şahsyň arasyndaky özara gatnaşyklary kesgitläp berýän kanunçylygyň we hukukşynaslygyň esasyny şekillendirmekden başlandy. Şonuň üçin hem raýatlar tarapyndan kanunlaryň berjaý edilmegi dogry we kanun esasynda amala aşyrylmalydyr.

***1-nji SENTÝABR***



**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ GARAŞSYZLYK GÜNI**

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş.Mirziýaýew Konstitusiýa gününe bagyşlanan çykyşynda şeýle diýdi: «Konstitusiýamyzyň esasynda döwletimizde milli kanunçylyk ulgamy, döwlet organlary, raýatlyk jemgyýeti institulary şekillendi. Bu günki günde ähli pudaklarda giň gerimli reformalar amala aşyrylýar. Sosial-ykdysady, syýasy we harby ukybymyz beýgelip, raýatlarymyzyň dünýägaraýşy gitdigiçe ösüp barýar. Bularyň ählisi, ilki bilen, Esasy Kanunymyzyň ruhlandyryjy güýç-gudratynyň netijesidir».

Gündogaryň beýik akyldary **Abu Ali ibn Sina**: «Näme üçin ýer ýüzünde ýowuzlyk munça köp?» diýen soraga: «Sebäpçisi siz bilen biz. Bilmezlik ýa-da sowatsyzlyk sebäpli ýamanlyk bilen göreşmegiň ýerine özümiz hem ýamanlygyň giň ýaýramagyna mümkinçilik döredip berýäris», diýip jogap beren eken.

Şu dersligiň her bir paragrafynda amaldaky kanun resminamalarynyň kömeginde çözmegimiz mümkin bolan her dürli ýagdaýlary Size hödürleýäris. Eger-de Sizi haýsydyr bir meseleleri çözmek gyzyklandyrsa, Özbegistan Respublikasynyň amaldaky kanun resminamalaryna ýüz tutmagyňyz mümkin.

Tekstde dünýä amalyýetinde kabul edilen ýuridik adalgalar we düşünjelere hem duş gelersiňiz. Beýle ýagdaýlarda dersligiň soňunda berlen ýuridik adalgalar sözlügine seredersiňiz.

Öwrenilen temany nähili özleşdirendigiňizi barlamak maksadynda her bir dersiň soňunda öwrenilenleri berkitmäge degişli soraglar hödürlenen.

**Konstitusion hukugy öwrenip, Siz etmek mümkin bolanlary gadagan edilenlerden tapawutlandyrmagy öwrenersiňiz, öz hukuk we borçlaryňyzy goramagyň ýollaryny we serişdelerini gowy bilýän bolarsyňyz, iň möhümi, kanuna amal etmek bilen adalatlylygy gazanyp boljakdygyna berk göz ýetirersiňiz.**

Siz kanunyň kömeginde her bir ynsanyň durmuşynda ýüz bermegi mümkin bolan ençeme meseleleri çözmek mümkinligini öwrenersiňiz.

**Hukuk bilimi** – hukuk medeniýet, ýagny ynsana hukuk berýän ähli gowy we peýdaly taraplaryny özleşdirmegiň goşmaça düzüm bölegi. Ahlak normalary we hukuk bilimleriniň jemi ýokary derejedäki hukuk medeniýetiniň esasyny düzýär. Döwletiň kanunçylyk esaslaryny özleşdirmek hukuklara we kanunlara gowy gatnaşykda bolmaga mümkinçilik döredýär, olary ýerine ýetirmegiň zerurlygyny aňladýar.

**Konstitusion hukuk esaslary** boýunça alan bilimleriňiz diňe geljekdäki däl, eýsem bu günki gündäki meseleleri çözmäge-de kömek berer, diýip umyt edýäris.

**Hukuk bilimleri dünýäsine ak ýol, ezizler!**

# I bölüm
# KONSTITUSIÝA – DÖWLETIŇ ESASY KANUNY




Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy halkymyzyň syýasy-hukuk biliminiň beýik nusgasydyr. Ol hiç kime tabyn bolmazdan, erkin we azat, asuda we parahat, aýdyň durmuşyň kanuny kepili bolup gelýär. Bazar gatnaşyklaryna esaslanan hukuk demokratik döwletini, güýçli raýatlyk jemgyýetini gurmak babatda esasy başlangyç bolup hyzmat edýär -diýip doly ynam bilen aýtmak mümkin.

**Şawkat MIRZIÝAÝEW,**
**Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti**

## 1-§. KONSTITUSION HUKUK

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**
– «konstitusion hukuk» düşünjesi hakynda;
– onuň hukugyň başga pudaklary bilen özara baglanyşygy hakynda;
– «Hukukşynaslyk» ulgamynda tutan orny hakynda öwrenersiňiz.

**Jemgyýete Konstitusiýa näme üçin gerek?**
**1. Konstitusiýa we konstitusion hukuk.**
**2. Konstitusion hukuk – hukugyň öňdebaryjy pudagy.**
**3. Konstitusiýany üýtgetmek tertibi.**

### 1. KONSTITUSIÝA WE KONSTITUSION HUKUK

Siz islendik medeniýetli we ösen jemgyýetde Esasy kanun bolan Konstitusiýanyň möhüm rol oýnaýanlygyny gowy bildiňiz. Çünki **Konstitusiýada** döwlet tarapyndan iň durnukly, hemişelik hukuklar we jemgyýet durmuşynyň normalary pugtalandyrylyp goýlan.

«Konstitusiýa» latynça «*constitutio*» sözünden alnan bolup, «***kesgitlemek***», «***düzülmek***» diýen manylary aňladýar, ýagny Konstitusiýa jemgyýetiň we döwletiň gurluşyny, döwlet hökümeti we dolandyryş organlaryny düzmek hem-de olaryň işiniň esasy prinsiplerini we olaryň hukuklaryny, raýatlaryň esasy hukuklaryny we borçlaryny, jemgyýetiň we şahsyň arasyndaky gatnaşyklaryny kesgitläp berýär.

Galan ähli kanunlar, kodeksler, kararlar we buýruklar Konstitusiýanyň esasynda we oňa laýyklykda kabul edilýär. Bu bolsa döwletiň her bir normatiw resminamasynyň Konstitusiýa laýyk bolmagynyň hökmanydygyny aňladýar. Konstitusiýa jemgyýetiň ähli pudaklaryna, syýasy, ykdysady, ruhy-ahlak, zähmet işine, şahsy durmuşyna we başgalara täsir edýär.

**Biziň ýurdumyzda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň we kanunlaryň ileri tutulmagy sözsüz ykrar edilýär**.

***Ýatda saklaň!***

***Konstitusiýa* – döwletiň Esasy kanuny,** onda adamyň we raýatyň hukuklary we azatlyklary yglan edilýär, ykrar edilýär we kepillendirilýär, döwleti dolandyryş şekili we ýerli gurluşy, hökümet merkezi we ýerlerdäki ýerli organlary düzmek ulgamy we olaryň hukuklary kesgitläp berilýär, şonuň ýaly-da, kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji organlary we sud hökümeti organlaryny düzmek tertibe salyp durulýar, saýlaw ulgamyna, döwlet simwollaryna we Konstitusiýa üýtgetmeler girizmegiň tertibi kesgitlenýär.



Konstitusiýa bilen konstitusion hukugyň arasyndaky tapawut **ş**unda ýagny, Konstitusiýa konstitusion hukuk pudagy, okuw predmeti hökmünde konstitusiýany öwrenmek predmetiniň esasy bölegi hasaplanýar, ýagny konstitusion hukuk – hukuk pudagy, Konstitusiýa bolsa ynha şu pudagyň çeşmesi.




### *1-nji ýumuş*

Aşakdaky ýagdaýy göz öňüne getiriň. Döwletde hukuk-tertip, kanunlar we hukuk normalary ýatyrylan. Adamlar kanuna amal etmeýär, başga raýatlar hukuklary hormat etmeýär, jenaýata jeza kesgitlemek we jezadan azat etmek hukugyny özleri kesgitleýär.

*Siz nähili pikir edýärsiňiz, beýle ýagdaýda döwletde nähili hadysalar bolup geçýär? Eger-de kanunlar bolmasa kim köp jebir çekýär?*

### *2-nji ýumuş*

*Döwletdäki hukuk tertipleri nähili şertlere bagly diýip oýlaýarsyňyz?*

## 2. KONSTITUSION HUKUK – HUKUGYŇ ÖŇDEBARYJY PUDAGY

Hukuk özünde umummejbury normalar ulgamyny birleşdirýär. Bu normalar döwletde adamlaryň arasyndaky dürli gatnaşyklary tertibe salyp durýar. Şol sanda, käbir normalar maşgala durmuşynda emele gelýän gatnaşyklary, käbirleri bolsa zähmet ýa-da emläk gatnaşyklaryny tertibe salýar.

### *Ýatda saklaň!*

**Hukuk** – döwlet tarapyndan kanunlarda we başga normatiw hukuk resminamalarynda kesgitlenen we döwletiň mejburlamagy bilen goralýan , döwletiň ähli ilaty üçin mejbury bolan tertip-düzgünleriniň ulgamy.

**Hukuk tertibi** – jemgyýetdäki gatnaşyklaryň belli bir ýagdaýy bolup, oňa döwletiň Esasy kanuny – Konstitusiýa we başga hukuk normalaryna mejbury görnüşde hemmäniň amal etmegi, şahsyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň üpjün edilmegi netijesinde gazanylýar.

**Konstitusion hukuk** milli hukuk ulgamynda hukugyň öňdebaryjy pudagydyr, çünki iň ýokary ýuridik güýje eýe bolan Konstitusiýa onuň esasy çeşmesi bolup hyzmat edýär.




***Ýatda saklaň!***

Konstitusiýa ähli hukuk ulgamynyň esasy bolup hyzmat edýär, sebäbi hukugyň ösüşi Konstitusiýadan başlanýar, hut şonuň özi başga ähli kanunlara we hukuk-normatiw resminamalaryna esas bolýar. Konstitusiýanyň ýokary ýuridik güýji hem ynha şunda ýüze çykýar. Galan ähli hukuk resminamalary Esasy kanun – Konstitusiýadan gelip çykýar we oňa laýyk bolmalydyr.

Hukuk ulgamyny piramida görnüşinde göz öňüne getirip görüň. Konstitusiýa ynha şu piramidanyň depesinde durýar diýsek, onuň depesinden iň aşaky bölegine çenli bolan esaslarynda beýleki normatiw resminamalar – kanunlar, kodeksler, kararlar, buýruklar, pudaga degişli normatiwler we başgalaryň ýerleşendigini aýdyň görersiňiz.

Konstitusion hukuk normalary galan ähli ýuridik normalar, hukugyň her bir pudagy, her bir kanun we kanunasty resminamanyň esasy hasaplanýar. Şonuň üçin hem konstitusion hukuk her bir döwletiň milli hukuk ulgamynda öňdebaryjy abraýa eýedir.




**Konstitusion hukugyň esasy çeşmesi – Konstitusiýa.** Emma konstitusion hukuk diňe Konstitusiýadan ybarat bolmaýar. Başga kanunçylyk we hukuk-normatiw resminamalar hem hukugyň ynha şu pudagynyň çeşmeleri hasaplanýar.

## 3. KONSTITUSIÝANY ÜÝTGETMEK TERTIBI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda onuň durnuklylygyny üpjün etmek, tiz-tiz üýtgemegine garşylyk etmek boýunça goranmak çäreleri göz öňünde tutulan. Olar Esasy kanunyň VI bölüminde beýan edilen bolup, onda üýtgetmek tertibi we şertleri görkezilen.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna üýtgetmeler Özbegistan Respublikasynyň referendumy arkaly ýa-da degişliligine görä Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlary we Senatyň agzalarynyň umumy sanynyň keminde üçden iki böleginden ybarat köpçüligi tarapyndan ses berilse amala aşyrylýar. Kanunçylyk organy degişli teklip girizilenden soň alty aýyň dowamynda Konstitusiýa üýtgetmeler hem-de düzedişler girizmek hakynda giň we her taraplaýyn ara alyp maslahatlaşmany hasaba alyp kanun kabul etmegi mümkin.

Eger Aly Mejlis Konstitusiýa üýtgetmeler girizmek hakyndaky teklibe garşy bolsa, teklip diňe bir ýyl geçenden soň gaýtadan girizilmegi mümkin.

Ähli döwlet organlary öz aktlarynyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklygy üçin jogapkärdir. Olar Konstitusiýa görä iş alyp barmalydyrlar.

### *3-nji ýumuş*

*Pikirleniň we jogap beriň:*

**1.** Ýerli hökümet organlarynyň buýruk we kararlarynda döwletiň Konstitusiýasyna laýyk bolmadyk düzgünleriň bolmagy mümkinmi?

**2.** Konstitusiýa hukuk gatnaşyklaryny anyk tertibe salyp durmagy üçin haýsy hukuk ulgamlaryna ugrukdyrylmagyny aýdyp beriň.

**3.** Nähili pikir edýärsiňiz, «ynsanyň hukuga bolan gatnaşygy» diýende näme göz öňünde tutulýar?

**ÖZBEGISTANRESPUBLIKASYNYŇKONSTITUSIÝASYNYŇ ALAMATLARY**

- **Döwletiň Esasy kanuny**
- **Ýokary ýuridik güýje eýe**
- **Amaldaky kanunçylygyň esasy çeşmesi**

### *4-nji ýumuş*

*Aşakdaky ýagdaýlar bilen tanyşyň. Olarda kanunçylyk esaslarynyň ýa-da ahlak normalarynyň bozulanlygyny anyklaň.*

***1-nji ýagdaý.***

## Piton (bogma ýylan) bilen bagly iş

Sirkde haýwanlary öwrediji är-aýal M. pensiýa çykandan soň, öz şahsy öýlerini 9 etažly öýdäki kwartira bilen çalyşdy. Olaryň kwartirasy birinji etažda ýerleşenligi sebäpli belent diwar bilen gurşalan howluda haýwanlary söýýänler klubyny düzdüler. Ol ýerde çagalar haýwanlary idetmek we öwretmek bilen pulsuz meşgullanýardy. Är-aýal M. sirkden tomaşa görkezip bilmeýän bogma ýylan, maýmyn we birnäçe güjük getiripdi.

Tiz wagtda bu köp etažly öýde ýaşaýanlardan suda şikaýýat düşdi. Goňşularynyň arzasynda är-aýal M.-nyň saklaýan haýwanlary howluda oýnaýan çagalary gorkuzýanlygy, töweregini hapalaýanlygyny, haýwanlary öwredýän wagtynda galmagal edip, adamlara päsgel berýänligi hakynda bildirilýärdi.

***2-nji ýagdaý.***

### Köçe ýol hereketi hadysasy

Ýeňil awtomaşyn sürüjisi I. kesel aýalyny tiz keselhana alyp barmak üçin tizligini artdyrdy. Pyýadalaryň geçýän ýerinde tormozy basmaga ýetişmän köçäni kesip geçip barýan U. we S.-ny dürtüp goýberdi. Bu ýolagçylar hiç hili zyýan görmedi. Emma S. gorkup huşundan gideni üçin «Tiz kömek» çagyrmaga dogry geldi. Bulardan başga, jebirlenenler ýykylanynda geýimleri hapalanypdy. Sürüji I. jebirlenen S.-nyň birazdan soň huşuna gelenini we hiç kimiň ýaralanmadygyny görenden soň, maşynyny sürüp gitdi.

## *Jemini jemleýäris*

**Konstitusion hukuk:**

- Konstitusiýa – döwletiň Esasy kanuny;
- hukuk – döwletdäki umummejbury normalar ulgamy;
- konstitusion hukuk – hukugyň ýokary pudagy;
- konstitusion hukugyň esasy çeşmesi – Konstitusiýa;
- konstitusion hukuk normalary jemgyýet we döwlet gurluşynyň esaslaryny berkidýär.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Adama Konstitusiýa näme üçin gerek? Näme üçin ony Esasy kanun diýip atlandyrýarlar?
**2.** Konstitusion hukuk näme? Konstitusion hukugyň Konstitusiýadan tapawudy nämede?
**3.** Hukugyň başga pudaklary bilen konstitusion hukugyň özara baglanyşygy nämelerde ýüze çykýar?
**4.** Hukuk ulgamynda konstitusion hukuk nähili orun tutýar?
**5.** Konstitusion hukuk näme üçin hukugyň öňdebaryjy pudagy hasaplanýar?
**6.** Konstitusion hukuk normalaryny haýsy çeşmelerden tapmak mümkin?

## 2-§. AMALY SAPAK

# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ MAZMUNY WE HÄSIÝETNAMASY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň taslamasynyň nähili geçendigini we onuň kabul edilendigini;

– Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň aýratynlyklarynyň nämelerden ybaratdygyny öwrenersiňiz.

**1. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi.**
**2. Sözbaşy: maksat we wezipeleri.**
**3. Konstitusiýada yglan edilen umumynsany gymmatlyklar.**
**4. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň üstünligi.**
**5. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň düzülişi.**

## 1. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ KABUL EDILMEGI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň taslamasy **1990-njy ýylyň 20-nji iýunyn**dan başlap alymlar, jemgyýet öňdebaryjylary we döwlet dolandyryş organlarynyň hünärmenleri tarapyndan pugta işlenip taýýarlandy. Konstitusiýanyň taslamasynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagy üç aý dowam etdi. Umumyhalk ara alyp maslahatlaşylýan wagtynda gelip düşen 6 000 teklip esasynda taslama 80-den artyk düzedişler girizildi.

Giň umumyhalk ara alyp maslahatlaşylýan wagtynda bildirilen köp teklipler hasaba alynmak bilen komissiýa tarapyndan taýýarlanan Konstitusiýa taslamasy Ýokary Geňeşiň ara alyp maslahatlaşmagyna goýuldy. **1992-nji ýylyň 8-nji dekabrynda** Ýokary Geňeşiň **XI sessiýa**synda bu taslama makullandy we Özbegistan Respublikasynyň häzir amal edilýän Konstitusiýasy kabul edildi.

Garaşsyz Özbegistanyň birinji Konstitusiýasy şeýlelikde amala girizildi – ***8-nji dekabr – Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilen güni***, umumyhalk baýram diýlip yglan edildi.

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ ESASY MAZMUNY

Konstitusiýa – döwletiň Esasy kanuny bolup Konstitusion ulgam, döwlet we jemgyýet gurluşynyň esaslaryny kesgitläp berýär; kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud hökümeti organlarynyň gurnalmagyny tertibe salyp durýar; saýlaw ulgamyny kesgitleýär; raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny, döwlet simwollaryny pugtalaýar; Konstitusiýa üýtgetme girizmegiň tertibini kesgitleýär.

Konstitusiýa hususy mülk we bazar ykdysadyýetine esaslanan täze sosial-syýasy ulgamyň başlangyjyny gurup berdi. Hususy eýeçilik eýeçiligiň başga şekilleriniň hatarynda döwletiň garamagyndadyr.

Konstitusiýada aňyýete esaslanan köpdürlülik, köppartiýalylyk, ýagny islendik möhüm meseläni çözmek boýunça pikirleriň köpdürliligini göz öňünde tutýan **syýasy plýuralizm** berkidilen.

Konstitusiýa döwleti däl, eýsem ynsany birinji orunda goýdy. Ynsan, onuň durmuşy, azatlygy, abraýy, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary ýokary gymmatlyklar diýip yglan edildi.

Konstitusiýa, şeýle hem, raýaty we döwleti özara hukuklar we borçlar bilen baglaýan prinsipi hem berkitdi.

## 3. GIRIŞ: MAKSAT WE WEZIPELERI

Konstitusiýanyň ilkinji bölümi **Giriş** (preambula)dir. Onda Özbegistanyň ösüş ýolunyň maksatlary, wezipeleri we prinsipleri gysgaça görnüşde sanap geçilýär.

Girişiň möhümligi şunda, ýagny Konstitusiýanyň tekstinde beýan edilen ähli düzgünler onda yglan edilen aşakdaky esaslara we prinsiplere laýyk gelmelidir, şol sanda:

– adam hukuklaryna amal etmek;
– döwletliligiň esasy – suwerenitet;
– döwleti milli döwletliligiň taryhy tejribelerine esaslanyp ösdürmek;
– demokratiýa we sosial adalat ideallaryny boýun almak;
– halkara hukugyň umumykrar edilen normalaryny ykrar etmek;
– ynsanperwer demokratik hukuk döwletini gurmak;
– raýatlaryň asudalygy we milli agzybirçiligi üpjün etmek.

***Ýatda saklaň!***

**Konstitusiýanyň Girişi** – Esasy kanunyň kabul edilmegine sebäp bolan prinsipler hakynda halkyň dabaraly beýanatydyr. Girişde Konstitusiýa döwletiň halkynyň adyndan yglan edilmegi we onuň arzuw-umytlary, islegleri we üstüne alýan borçlaryny aňladýar.

## 4. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ ÜSTÜNLIGI



Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 15-nji maddasyna görä, biziň döwletimizde Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň üstünligi sözsüz ykrar edilýär. Döwlet we onuň organlary, emeldarlar, jemgyýetçilik birleşmeleri, raýatlar Konstitusiýa we kanunlara görä iş alyp barýarlar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy ýokary ýuridik güýje eýe we ol Özbegistan Respublikasynyň ähli çäklerinde ulanylýar.

Özbegistan Respublikasynyň kanunlary we beýleki normatiw-hukuk aktlary Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy esasynda kabul edilýär. Olar Konstitusiýanyň normalaryna we prinsiplerine ters bolmaly däl. Munuň manysy şeýle, ýagny döwletiň ähli normatiw resminamalary Konstitusiýa normalaryna laýyklaşdyrylan ýagdaýda kabul edilmelidir.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Bu Konstitusiýanyň hiç bir düzgüni Özbegistan Respublikasynyň hukuklaryna we bähbitlerine zyýan ýetirýän görnüşde düşündirilmegi mümkin däl. Hiç bir kanun ýa-da normatiw-hukuk resminamasy Konstitusiýanyň normalaryna we düzgünlerine ters bolmagy mümkin däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 16-njy madda.**

Konstitusiýanyň düýpli we özüne çekiji aýratynlygy özbek halkynyň gadymy medeniýetine we milli gymmatlyklaryna esaslananlygydyr.

## 5. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ GURLUŞY

**GIRIŞ**

**I bölüm. Esasy prinsipler.**
- 1-nji bap. Döwlet suwereniteti (1–6-njy maddalar);
- 2-nji bap. Halk häkimiýetçiligi (7–14-nji maddalar);
- 3-nji bap. Konstitusiýa we Kanunyň üstünligi (15–16-njy maddalar);
- 4-nji bap. Daşary syýasat (17-nji madda);

**II bölüm. Adamyň we raýatyň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary.**
- 5-nji bap. Umumy düzgünler (18–20-nji maddalar);
- 6-njy bap. Raýatlyk (21–23-nji maddalar);
- 7-nji bap. Şahsy hukuklar we azatlyklar (24–31-nji maddalar);
- 8-nji bap. Syýasy hukuklar (32–35-nji maddalar);
- 9-njy bap. Ykdysady we sosial hukuklar (36–42-nji maddalar);
- 10-njy bap. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepilleri (43–46-njy maddalar);
- 11-nji bap. Raýatlaryň borçlary (47–52-nji maddalar);

**III bölüm. Jemgyýet we şahs.**
- 12-nji bap. Jemgyýetiň ykdysady esaslary (53–55-nji maddalar);
- 13-nji bap. Jemgyýetçilik birleşmeleri (56–62-nji maddalar);
- 14-nji bap. Maşgala (63–66-njy maddalar);
- 15-nji bap. Köpçülikleýin habar serişdeleri (67-nji madda).

**IV bölüm. Administratiw-çäk we döwlet gurluşy.**

- 16-njy bap. Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk gurluşy (68–69-njy maddalar);
- 17-nji bap. Garagalpagystan Respublikasy (70–75-nji maddalar).

**V bölüm. Döwlet häkimiýetiniň gurluşy.**

- 18-nji bap. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi (76–88-nji maddalar);
- 19-njy bap. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti (89–97-nji maddalar);
- 20-nji bap. Ministrler Kabineti (98-nji madda);
- 21-nji bap. Ýerli döwlet häkimiýeti esaslary (99–105-nji maddalar);
- 22-nji bap. Özbegistan Respublikasynyň sud häkimiýeti (106–116-njy maddalar);
- 23-nji bap. Saýlaw ulgamy (117-nji madda);
- 24-nji bap. Prokuratura (118–121-nji maddalar);
- 25-nji bap. Maliýe we kredit (122–124-nji maddalar);
- 26-njy bap. Goranyş we howpsuzlyk (125–126-njy maddalar).

**VI bölüm. Konstitusiýany üýtgetmek tertibi.**

- Konstitusiýany üýtgetmek tertibi (127–128-nji maddalar).

## Jemini jemleýäris

**Konstitusiýanyň mazmuny:**

- 1992-nji ýylyň 8-nji dekabry – Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilmegi;
- Konstitusiýada adam, onuň durmuşy we azatlyklary ýokary derejeli gymmatlyk diýip yglan edilen;
- döwlet organlarynyň we wezipeli şahslaryň jemgyýetiň we şahsyň öňündäki jogapkärçiligi göz öňünde tutulan;
- syýasy plýuralizm;
- adam bähbitleriniň döwlet bähbitlerinden ileri tutulmagy;
- Konstitusiýa – döwlet bilen ýurduň ilatynyň arasyndaky şertnama;
- Konstitusiýa – döwletiň Esasy kanuny;
- Giriş, 6 bölüm, 26 bap, 128 maddadan ybarat.

## Özüňizi barlap görüň!

**1.** Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda nähili umumynsany gymmatlyklar pugtalandyrylan?
**2.** Syýasy plýuralizm näme?
**3.** Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä döwletde haýsydyr döwlet aňyýetiniň yglan edilmegi näme üçin gadagan edilipdir?

# 3-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KONSTITUSIÝASYNYŇ ESASY PRINSIPLERI

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**
– döwlet suwerenitetiniň nämedigini;
– döwlet suwerenitetini ykrar etmegiň nähili möhümligini;
– demokratiýanyň düýp manysynyň nämeligini;
– demokratik prinsipleriň ähmiýetini öwrenersiňiz.
**1. Döwlet suwereniteti.**
**2. Özbegistan Respublikasy – özbaşdak suweren döwlet.**
**3. Demokratiýa – halk häkimiýetçiligi.**
**4. Konstitusion düzümiň prinsipleri.**

## 1. DÖWLET SUWERENITETI

**Suwerenitet** (fransuzça «*souverainete*») – döwletiň öz içki işlerinde we daşky gatnaşyklarynda başga döwletlerden özbaşdaklygydyr.

### *Ýumuş*

*Siz nähili pikir edýärsiňiz, häzirki zamanda dünýädäki başga döwletlerden düýbünden özbaşdak döwlet bolmagy mümkinmi? Başgaça aýdanda, ol absolýut döwlet suwerenitetine eýe bolmagy mümkinmi?*

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan – suweren demokratik respublika. Döwletiň «Özbegistan Respublikasy» we «Özbegistan» diýen atlary bir manyny aňladýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 1-nji madda.**

**Döwlet suwereniteti** diňe bir döwletiň çäginde däl, onuň serhetlerinden daşarda hem emele gelýän meseleleri çözende häkimiýeti amala aşyrmak babatda başga döwletlerden doly özbaşdaklygyny aňladýar.

**Ýatda saklaň!**

**Suwerenitet** – döwletiň içinde häkimiýetiň doly üstünligi hem-de daşary syýasatda özbaşdaklygy, onuň çäginde döwletiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetleriniň dolulygydyr.

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY – ÖZBAŞDAK SUWEREN DÖWLET

Döwleti kesgitleýän taraplaryň biri onuň döwlet suwereniteti hasaplanýar. Döwlet suwerenitetiniň aşakdaky esasy prinsipleri bar:

– döwletiň çäginiň hem-de serhetleriniň eldegrilmesizligi we bölünmezligi;

– özbaşdak içeri we daşary syýasat;

– halkara hukugyň esasy prinsiplerini ykrar etmek we hormat etmek;

– döwlet diliniň özbek dili bolmagy;

– öz ösüş ýoluny, döwlet simwollaryny saýlamakdaky özbaşdaklygy we şuňa meňzeşler.

1991-nji ýylyň 31-nji awgustynda Özbegistan SSR Ýokary Geňeşiniň nobatdan daşary VII sessiýasynda Respublikamyz özbaşdak döwlet diýip yglan edildi. Şol sessiýada **«Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygynyň esaslary hakynda»**ky Kanun kabul edildi. Bu Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň kabul edilen 1992-nji ýylyň 8-nji dekabryna çenli Esasy kanun roluny ýerine ýetirip geldi.






1991-nji ýylyň 29-njy dekabrynda ilkinji gezek alternatiwlik esasynda Özbegistanyň Prezidentlik saýlawy bolup geçdi.

**1991-nji ýylyň 18-nji noýabrynda «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy hakynda»**ky Kanun, 1992-nji ýylyň 2-nji iýulynda – **«Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gerbi barada»**ky Kanun, 1992-nji ýylyň 10-njy dekabrynda – **«Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gimni barada»**ky Kanun kabul edildi.

**Özbegistan Respublikasy suwerenitetiniň alamatlary:**

- özüniň konstitusion hukuk ulgamy;
- döwletiň çägi we onuň serhetleri;
- ýokary häkimiýet organlary ulgamy;
- ýeke-täk Ýaragly Güýçleri;
- döwlet emlägi;
- ýeke-täk pul-kredit ulgamy;
- döwlet simwollarynyň barlygy;
- halkara gatnaşyklar subýekti bolmagy.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasy özüniň milli-döwlet we dolandyryş çäginiň gurluşyny, döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlarynyň ulgamyny kesgitleýär, içeri we daşary syýasatyny amala aşyrýar.

Özbegistanyň döwlet serhedi we çägi eldegrilmesiz we bölünmezdir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 3-nji madda.**

Döwletiň garaşsyzlygyny gazanmagy Özbegistana özbaşdak ösüş ýoluna gadam goýmaga, dünýä jemgyýetçiligine halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýekti hökmünde girmäge mümkinçilik berdi.

## 3. DEMOKRATIÝA – HALK HÄKIMIÝETÇILIGI

Halk häkimiýetçiligi prinsipi döwletimiziň Esasy kanunynda beýan edilen bolup, onda halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesidigi nygtalýar.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesidir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 7-nji madda.**

**«Halk häkimiýetçiligi»** adalgasy grek dilindäki **«demokratiýa»** (*demos* – halk, *kratos* – häkimiýet) sözüniň terjimesidir. Bu düşünje ilkinji gezek Gadymky Gresiýada emele gelip, bütin dünýä giň ýaýrady.

**Demokratiýa – bu:**

– saýlanyp goýulýan häkimiýet organlarynda gatnaşmak;
– raýatlaryň döwleti dolandyrmakda gatnaşmagy;
– hemmäniň we her bir adamyň kanunyň öňünde deňligi;
– jemgyýetiň we adamyň howpsuzlygy;
– raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň dolulygy;
– adamyň asuda durmuşyny we bähbitlerini goramakda döwletiň gamhorlugy;
– adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramagyň kepillendirilen mehanizminiň barlygydyr.

Öz taryhynyň dowamynda adamzat demokratiýanyň iki şekilini işläp çykdy:

– ***gönüden-göni demokratiýa.*** Munda halk döwlet işlerini wekillersiz özi çözýär (saýlaw, referendum, raýatlaryň ýüzlenmesi, kanunlar taslamalaryny ara alyp maslahatlaşmak we başgalar arkaly);

-***wekilçilikli demokratiýa.*** Munda halk suweren hukuklaryndan peýdalanyp, özleri saýlap goýan wekilleri (deputatlar we senatorlar) arkaly döwlet işlerini amala aşyrýar.





## HALK HÄKIMIÝETÇILIGI

- **Gönüden-göni demokratiýa**
- **Wekilçilikli demokratiýa**

Döwlet möçberindäki meseleleri çözmekde halkyň gönüden-göni **referendumda gatnaşmagy**, ýagny döwletiň syýasy durmuşynyň iň möhüm meseleleri boýunça geçirilen umumyhalk maslahatynda we gönüden-göni ses bermekde gatnaşmagy arkaly ýüze çykýar.

Halkyň adyndan diňe olaryň saýlan Prezidenti, Aly Mejlisiň deputatlary we senatorlar iş alyp barmagy mümkin.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Jemgyýet we döwlet durmuşynyň iň möhüm meseleleri halk köpçüliginiň maslahatyna hödürlenýär, umumy sese (referenduma) goýulýar. Referendum geçirmek tertibi kanun bilen kesgitlenýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 9-njy madda.**

## ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA HALK HÄKIMIÝETÇILIGINIŇ ŞEKILLERI

- **Referendum**
- **Saýlaw**
- **Kanun taslamalarynyň ara alyp maslahatlaşylmagy**
- **Döwlet organlaryna şikaýat we arzalar bilen ýekebara we köpçülikleýin görnüşde ýüzlenmegi**
- **Raýatlaryň döwlet we jemgyýet işlerinde gatnaşmagy**

Döwlet karar kabul etmegi üçin jemgyýetçiligiň pikirini bilmegi zerur bolanda Konstitusiýa, kanunlaryň taslamalary umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagyna goýulmagy, ýagny referendum geçirilmegi mümkin. Umumyhalk referendumy bütin döwlet möçberinde ýa-da ýerli çäklerde geçirilmegi mümkin. Meselem, 2002-nji ýylyň 27-nji ýanwarynda Özbegistan Respublikasynda referendum geçirilip, onda nobatdaky ça-

gyryşda Özbegistan Respublikasynyň iki palataly parlamentini saýlamak hakyndaky mesele çözüldi. Referendumda gatnaşan raýatlaryň köpçüligi bu meseläni goldadylar. Şeýlelikde Özbegistan Respublikasynda iki palataly parlament emele geldi.

## 4. KONSTITUSION DÜZÜMIŇ PRINSIPLERI

Demokratik döwletiň iň möhüm Konstitusion prinsiplerinden biri **häkimiýetiň bölünmek prinsipidir** (Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 11-nji madda).

Ynha şu prinsipe laýyklykda döwlet häkimiýeti kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti organlaryna bölünýär.

Bu zat näme üçin zerur, munda her bir häkimiýet pudagynyň häkimiýet hukugynyň çäklerinden çete çykmak we ony özleşdirmäge ýol bermezden başgasyny tutup durmagy üçin zerurdyr. Häkimiýetlerden hiç biri beýlekisiniň işine gatyşmaly däl. Bu prinsipiň amalyýetdäki manysy haýsydyr bir topar ýa-da aýratyn şahs tarapyndan häkimiýetiň eýeläp alynmagyna ýol bermezlige gönükdirilendir. Diňe we diňe kanuna boýun egmegi hökman bolan sud organlarynyň işine gatyşmak bolsa aýratyn howpludyr.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýetiniň ulgamy – häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetine bölünmek prinsipine esaslanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 11-nji madda.**





## Jemini jemleýäris

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy prinsipleri:**

- suwerenitet – döwletiň içki we daşky işlerde özbaşdaklygy;
- halk häkimiýetçiligi: referendum, saýlaw, ýygnaklar we başgalar;
- demokratiýa: gönüden-göni, wekilçilikli;
- häkimiýetiň bölünmegi: kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud;
- döwlet simwollary: baýdak – 1991-nji ýyl 18-nji noýabr, gerb – 1992-nji ýyl 2-nji iýul, gimn – 1992-nji ýyl 10-njy dekabr.
- **1991-nji ýyl 29-njy dekabr**da Özbegistan Prezidentligine saýlaw alternatiw esasynda bolup geçdi;
- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy **1992-nji ýylyň 8-nji dekabryn**da kabul edildi.

## Özüňizi barlap görüň!

1. Döwlet suwereniteti näme?
2. Döwlet suwereniteti onuň häkimiýetiniň çäklenmezligini aňladýarmy?
3. Döwlet suwereniteti adam hukuklary bilen nähili laýyklaşdyrylýar?
4. Demokratiýanyň ähmiýeti nämede,ol nähili görnüşlerde amala aşyrylýar?
5. Özbegistan halkynyň adyndan kimiň iş alyp barmagy mümkin?
6. Konstitusion prinsipler diýende nämäni düşünýärsiňiz?

# 4-§. AMALY SAPAK
# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY SYÝASATY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– döwletiň daşary syýasy işiniň nämedigini;

– Özbegistanyň döwlet garaşsyzlygyny gazanmagynyň onuň daşary syýasy gatnaşyklaryna nähili täsir edendigini öwrenersiňiz.

**1. Döwletiň daşary syýasy işi.**

**2. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatynyň esasy prinsipleri.**

## 1. DÖWLETIŇ DAŞARY SYÝASATY

Bu gün hukuga degişli örän möhüm temalardan biri, döwletimiziň daşary syýasaty hakynda öwreneris.

### *1-nji ýumuş*

Dersligiň paragrafyndaky materiallardan peýdalanyp aşakdaky ýumuşlary ýerine ýetiriň:

**1. Döwletiň daşary syýasatyna degişli mysal getiriň.**

**2. Özbegistan Respublikasynyň halkara gatnaşyklarda doly hukukly subýektdigini mysallar arkaly subut edip beriň.**

**3. Halkara guramalar bilen arkalaşykda döwletimiziň esasy maksat we wezipelerini anyk mysallar bilen görkeziň.**

### *2-nji ýumuş*

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Ş. Mirziýaýewiň derslikde berlen pikirlerinden birini saýlap, döwletimiziň daşary syýasatyna gatnaşygyňyzy bildirmäge hereket ediň.

Aşakdaky jümleleri dowam etdirip, öz pikiriňizi beýan ediň:

**Meniň pikirime görä, ...**

**Muny şeýle subut ederin, ýagny ...**

**Mundan şeýle netije çykardym, ýagny...**




1. «Döwletimiziň berk pozisiýasy öňki ýaly üýtgemeýär, hiç bir harby-syýasy bloklara goşulmazlyk, Özbegistanyň çäklerinde başga döwletleriň harby bazalaryny we obýektlerini ýerleşdirmäge, şeýle hem, döwletimizden daşarda harby gullukçylarymyzyň bolmagyna ýol bermezlik bolup galýar».

2. «Ýakyn goňşularymyz bolan Türkmenistan, Gazagystan, Gyrgyzystan, Täjigistan bilen gatnaşyklarda açyklyk, duýgudaşlyk we pragmatik syýasat alyp barmaga sadyk bolup galýarys».

3. «GDA döwletleri bilen gatnaşyklary ösdürmäge, Strategik arkalaşyk hakyndaky şertnama, Soýuzdaşlyk hakyndaky şertnama we başga möhüm ylalaşyklar esasynda Russiýa Federasiýasy bilen dostluk gatnaşyklaryny her taraplaýyn pugtalandyrmaga aýratyn orun berilýär. Bu resminamalar iki döwletiň hem bähbitlerine jogap berýär hem-de regionda durnuklylygy we howpsuzlygy pugtalandyrmaga hyzmat edýär».

4. «Asudalygy bozmagy isleýän, ýamanlyk, duşmanlyk, dawa gözleýän, hat-da gan dökülmegini isleýän güýçleriň barlygy syr däl. Ynjalyksyz döwürde we ynjalyksyz regionda ýaşaýanlygymyzy gönüden-göni we açyk aýdyň ykrar etmelidiris».

5. «Watanymyzyň ynamly goragyny, onuň goranmak ukybyny pugtalandyrmagy, döwlet serhetleriniň eldegrilmesizligini üpjün edýän we kepillendirýän çäreler toplumyny amala aşyrmagy dowam etdirmeli. Içki we daşky güýçleriň döwletimiziň suwerenitetine we özbaşdaklygyna bolan islendik howp talap edijilik bilen ýatyrylýar».

**Daşary syýasat** – öz serhetlerinden daşarda halkara ýagdaýda gatnaşyp, döwletiň başga döwletler, halkara guramalar bilen gatnaşyklaryny, döwletiň halkara gatnaşyklardaky umumy syýasatyny amala aşyrmakdan ybarat işi.

### *Ýatda saklaň!*

**Halkara hukuk** – halkara gepleşikler wagtynda döwletara we halkara guramalar bilen gatnaşyklaryny tertibe salyp durýan ýuridik düzgünler toplumy.

**Başga döwletler bilen özara** gatnaşyklardaky öz hukuk we borçlaryny daşardan haýsydyr basyş geçirilmezden amala aşyrmaga laýyk bolan özbaşdak döwlet halkara gatnaşyklar subýektine öwrülmegi mümkin. Halkara hukuk subýekti bir döwletiň beýleki döwletiň üstünden hökümdarlygyny ykrar etmeýär. Beýle döwlet özüniň içeri we daşary syýasatyny amala aşyrmak babatda özbaşdak bolýar.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasy halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýektidir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 17-nji madda.**

Bütin ynsanyýetiň taryhynda planetamyzda 15 müňden gowrak uruşlar bolup geçdi. Olarda 3,5 mlr-da golaý adam gurban boldy. Şonuň üçin hem adamlar hemişe emele gelen meseleleri asuda ýol bilen çözmäge hereket etdiler.

Ikinji jahan urşundan (1939–1945-nji ýyllar) soň parahatçylygy we howpsuzlygy goramak we saklamak maksadynda 1945-nji ýylyň 24-nji oktýabrynda San-Fransisko (ABŞ) şäherinde 51 sany döwletiň wekilleri Parahatçylyk Konstitusiýasy diýen ada mynasyp bolan Birleşen Milletler Guramasynyň (BMG) Düzgünnamasyna gol çekipdi.

Häzirki wagtda 193 sany döwlet, şol sanda, Özbegistan hem BMG agzasydyr. Özbegistan 1992-nji ýylyň 2-nji martynda BMG-nyň doly hukukly agzasy boldy.

**Ähli döwletler – BMG-nyň gatnaşyjylary öz işlerinde aşakdaky prinsiplere amal etmek borjuny alýarlar:**

– halkara normalara we şertnamalara amal etmek;
– agzalalyklary parahatçylyk ýoly bilen tertibe salmak;
– güýç bilen howp salmak ýa-da ony ulanmakdan saklanmak;
– içki işlere we arkalaşyk işlerine gatyşmazlyk.

Özbaşdak bolan ilki günlerinden Özbegistan Respublikasy dünýä jemgyýetçiligine giriş ýoluny saýlady:

Meselem, 1993-nji ýylyň 26-njy fewralynda döwletimiz ÝHAG (Ýewropa howpsuzlyk we arkadaşlyk boýunça Halkara gurama);

– 1993-nji ýylyň 29-njy oktaýbrynda – Birleşen Milletler Guramasynyň Tälim, ylym we medeniýete ýöriteleşen edarasy – ÝUNESKO-a;



– 1995-nji ýylyň 22-nji dekabrynda BMG-nyň ÝUNISEF Halkara Adatdan daşary Çagalar fonduna;

– 2001-nji ýylyň 15-nji iýunynda ŞAG (Şanhaý arkadaşlyk guramasy) na we başga guramalara kabul edildi.

Özbegistan GDA döwletleri, Ýewropa Soýuzy, Halkara walýuta fondy, Bütindünýä banky, Aziýa Ösüş Banky (AÖB) we Yslam Arkadaşlyk

Guramasy (YAG) we başga halkara guramalar bilen aktiw arkadaşlyk edip gelýär.

Häzir dünýäniň 146-dan gowrak döwleti Özbegistany özbaşdak döwlet hökmünde ykrar etdi. Şeýlelikde, döwletimiz dünýä jemgyýetçiliginde hukuk subýekti görnüşinde özüniň mynasyp ornuny eýeledi.

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DAŞARY SYÝASATYNYŇ ESASY PRINSIPLERI

**Döwletiň Esasy kanunynda görkezilen daşary syýasat prinsiplerine (17-nji madda) aşakdakylar girýär:**

– döwletleriň suweren deňligi prinsipi, ýagny başga döwletleriň suwerenitetini hormat etmek mejburylygy;

– güýç ulanmazlyk ýa-da güýç bilen howp salmazlyk prinsipi;

– serhetleriň eldegrilmesizligi prinsipi;

– başga döwletleriň içki işlerine gatyşmazlyk prinsipi;

– dawalary parahatçylyk ýoly bilen çözmek prinsipi, şeýle hem, döwletiň, halkyň bähbitleri, asudalygyny we howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda soýuzlar düzmek, dostluk gatnaşyklaryna we başga döwletlerara guramalara girmek we olardan bölünip çykmak prinsipi.



## Esasy kanun kesgitleýär

Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleri Özbegistan Respublikasynyň döwlet suwerenitetini we ýerli bitewiligini, ilatyň asuda durmuşyny we howpsuzlygyny goramak üçin düzülýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 125-nji madda.**

## Jemini jemleýäris

**Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasaty:**

- halkara gatnaşyklaryň deň hukukly agzasy;
- halkara hukuk normalarynyň üstünliginiň ykrar edilmegi;
- **daşary syýasatyň prinsipleri:**
  - suweren deňlik;
  - döwletiň içki işlerine gatyşmazlyk;
  - güýç ulanmazlyk ýa-da güýç bilen howp salmazlyk;
  - dawalary asuda ýol bilen çözmek;
  - serhetleriň eldegrilmesizligi;
  - soýuzlar düzmek we olardan bölünip çykmak;
- 1991-nji ýyl – GDA; 1992-nji ýyl – BMG; 1993 – ÝUNESKO; 1995 – ÝUNISEF; 2001-nji ýyl – ŞAG.
- Özbegistan Respublikasynyň döwlet garaşsyzlygyny 146 döwlet ykrar etdi.

## Özüňizi barlap görüň!

**1.** Döwletiň daşary syýasy işi jemgyýetçilik durmuşynyň haýsy pudagynda we nähili maksatlarda amala aşyrylýar?

**2.** Nähili döwlet halkara gatnaşyklaryň doly hukukly subýekti hasaplanýar?

**3.** Özbegistan Respublikasy haýsy halkara guramalaryň işinde gatnaşýar?

**Öwrenilen temalar boýunça bilimleriňizni barlaň.**

## ARALYK BARLAG ÜÇIN SORAGLAR

*Kynçylyk çekseňiz ýaýyň içinde görkezilen dersligiň sahypalaryna serediň.*

1. Latynçadan terjime edende «konstitusiýa» aşakdaky manyny aňladýar? (5-nji s.)
2. Konstitusiýa nämäni kesgitläp berýär? (5-nji s.)
3. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy mazmunyny sanap beriň. (6-njy s.)
4. Konstitusiýa konstitusion hukukdan nämesi bilen tapawutlanýar?
5. Hukuk näme? (7-nji s.)
6. Döwletde hukuk-tertip işleri nähili üpjün edilýär? (7-nji s.)
7. Hukuk gatnaşyklaryny gutarnykly tertibe salyp durmak üçin Konstitusiýa haýsy pudaklara gönükdirilýär? (8-nji s.)
8. Konstitusion hukuk näme üçin hukugyň öňdebaryjy pudagy hasaplanýar? (8-nji s.)
9. Haýsy hukuk normalary konstitusion hukugyň çeşmeleri hasaplanýar? (9-njy s.)
10. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy alamatlaryny sanap beriň. (10-njy s.)
11. Özbegistan Respublikasynyň amaldaky Konstitusiýasy haçan kabul edildi? (12-nji s.)
12. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň Girişiniň esasy maksadyny aýdyň.(13-nji s.)
13. Döwletiň içeri we daşary gatnaşyklarda başga döwletlerden garaşsyzlygyna näme diýilýär?
14. Döwlet suwerenitetiniň alamatlaryny sanap beriň. (18-nji s.)
15. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdagy hakynda»ky Kanun haçan kabul edildi? (20-nji s.)
16. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gerbi hakynda»ky Kanun haçan kabul edildi? (20-nji s.)
17. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gimni hakynda»ky Kanun haçan kabul edildi? (20-nji s.)
18. Referendum näme? (22-nji s.)
19. Özbegistan Respublikasynyň örän möhüm konstitusion prinsiplerini sanap beriň. (23-nji s.)
20. Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýeti ulgamy haýsy prinsipe esaslanan? (23-nji s.)
21. Özbegistan halkynyň adyndan kim iş alyp barmagy mümkin? (24-nji s.)
22. Halkara hukuk subýekti bolmak nämäni aňladýar? (27-nji s.)
23. Birleşen Milletler Guramasyna agza bolan döwletleriň öz hereketlerinde amal etmek borjuny alan prinsiplerini sanap beriň. (28-nji s.)
24. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasatynyň esasy taraplaryny sanap beriň. (29-njy s.)
25. Özbegistan Respublikasynda Ýaragly Güýçler nähili maksatlarda düzülýär we berkidilýär? (30-njy s.)
26. Özbegistan Respublikasy haýsy halkara guramalaryň işinde gatnaşýar? (28-nji s.)
27. Özbegistanyň garaşsyzlygyny häzirki wagtda näçe döwlet ykrar eden? (29-njy s.)

# II bölüm

# ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ESASY HUKUKLARY, AZATLYKLARY WE BORÇLARY

> Özbegistan Respublikasynda ähli raýatlar bir meňzeş hukuklara we azatlyklara eýe bolup, jynsyna, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna, ynamyna, şahsy we sosial abraýyna garamazdan, kanunyň öňünde deňdirler.
>
> **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 18-nji madda.**

## 5-§. ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ESASY HUKUKLARY WE AZATLYKLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– adamyň we raýatyň nähili hukuklara we azatlyklara eýeligini;

– Özbegistan Respublikasynda döwletiň bilen raýatlaryň arasyndaky özara gatnaşyklar hakynda öwrenersiňiz.

1. **Adam we döwlet: olar özara nähili baglanyşan?**
2. **Häkimiýet diýeni näme?**
3. **Adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary.**

### 1. ADAM WE DÖWLET: OLAR ÖZARA NÄHILI BAGLANYŞAN?

Taryhda hem adamyň öz hukuklary üçin göreşmedik döwri bolmandyr. Adamlaryň öz hukuklary üçin göreşinde adamyň mynasyp ýaşamaga bolan hukugyny goraýan ençeme taglymlar, teoriýalar hem-de bilimler döredi we ösdi.

Oýanyş döwrüniň akyldary Gündogaryň meşhur hukukşynaslaryndan biri Ymam Burhaneddin al-Marginanynyň her bir ynsanyň tebigy hukuklaryna, ol ynha şu döwletiň raýaty ýa-da däldigine garamazdan, amal edilmegini kanunlaşdyrmak we üpjün etmek zerurlygy hakyndaky taglymyny goldadylar. Hut ynha şu döwürden başlap döwlete düýbünden başgaça

– şahs hukuklaryny aýak asty edýän institut (gurama) görnüşinde däl-de, eýsem onuň ynsan we jemgyýetiň bähbitlerine hyzmat etmegi mukdaý nazaryndan çemeleşilýär.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynda demokratiýa umumynsany prinsiplere esaslanýar, olara görä adam, onuň ömri, azatlygy, abraýy, gadyr-gymmaty we başga eldegrilmesiz hukuklary ýokary derejeli gymmatlyk hasaplanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 13-nji madda.**

Adam hukuklaryna Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň II bölümi bagyşlanan bolup, bu bölüm «Adamyň we raýatyň esasy hukuklary, azatlyklary we borçlary» diýip atlandyrylýar (18–52-nji maddalar).

Şeýlelikde, Konstitusiýamyzda adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny ykrar etmek, olara amal etmek we olary goramak – döwletiň borjy, diýen düzgün berk kesgitlenendir.

## 2. HÄKIMIÝET NÄME?

**Häkimiýet** – bu adamlar, maddy obýektler, çäkleri dolandyrmak, buýruk bermek mümkinçiligi. Ol awtoritet, söz, hereket, şeýle hem, mejbur etmek arkaly amala aşyrylýar.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 7-nji maddasynda halk döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesiligi hakyndaky düzgün belläp goýlan. Özbegistanda döwlet häkimiýeti halkyň peýdalary esasynda we diňe Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy bilen wekil edilen organlar hem-de Konstitusiýa esasynda kabul edilen kanunçylyk bilen amala aşyrylýar.

Konstitusiýada görkezilmedik tertipde häkimiýet organlarynyň işini saklamaklyk ýa-da ýatyrmaklyk, döwlet häkimiýetiniň hukugyny bermek, täze we häkimiýetiň parallel gurluşyny düzmeklik Konstitusiýa garşy hasaplanýar we kanun boýunça jogapkärçilige çekilýär.




## 3. ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ESASY HUKUKLARY, AZATLYKLARY WE BORÇLARY

Konstitusiýanyň II bölümi doly adamyň we raýatyň esasy hukuklaryna, azatlyklaryna we borçlaryna bagyşlanan. Öz mazmuny boýunça her bir adam we raýat hukuklary bir-birine laýyk gelýär, emma raýatlyga eýe bolan şahslaryň hukuklary we raýatlyga eýe bolmadyk şahslaryň hukuklary bir-birinden tapawutlanýar. Raýatlyga eýe bolan şahslaryň hukuklary döwlet organlaryna saýlamak we saýlanmak, döwlet edaralarynda jogapkär wezipelerde işlemek hukugyna, hut şu döwletiň armiýasynda gulluk etmek borjuna eýe bolmadyk şahslaryňka seredende köpräkdir.

# ADAMYŇ WE RAŇATYŇ ESASY HUKUKLARY WE AZATLYKLARY

- **Şahsy**
- **Syýasy**
- **Ykdysady we sosial**

**Şahsy hukuklar we azatlyklar**
(Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 24–31-nji maddalary):

- ýaşamak;
- azatlyk, sudda goranmak we şahsy eldegrilmesizlik;
- adyna we abraýyna howp salynmagyndan şahsy durmuşyna gatyşmakdan goranmak we ýaşaýyş jaý eldegrilmesizligi hukugy;
- bir ýerden ikinji ýere göçmek we ýaşaýyş jaýyny saýlap almak erkinligi;
- pikirlenmek, söz we ynam azatlygy;
- raýatyň hukuklaryna we bähbitlerine bagly bolan resminamalar, kararlar we başga materiallar bilen tanşyp çykmak;
- wyždan we dini ynam azatlygy.

**Syýasy hukuklar**
(Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiyasynyň 32–35-nji maddalary):

- jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda gatnaşmak hukugy;
- Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygyna laýyk mitingler, parahat ýygnaklar we çykyşlarda öz aktiwligini görkezmek hukugy;
- döwlet häkimiýetiniň wekillik organlaryna saýlamak we saýlanmak hukugy;
- kärdeşler arkalaşyklaryna, syýasy partiýalara we başga jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmek, köpçülikleýin hereketlerde gatnaşmak hukugy;
- döwlet organlaryna, edaralaryna ýa-da halk wekilligine arzalar, şikaýatlar we teklipler bilen ýüzlenmek hukugy.

**Ykdysady we sosial hukuklar** ( Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 36–42-nji maddalary):

- hususy mülkdar bolmak hukugy;
- zähmet çekende amatlyklara eýe bolmak we işsizlikden goranmak hukugy, iş we hünär saýlamak azatlygy;
- ýaşyna görä (pensiýa), iş ukybyny ýitirende, şeýle hem, bakyjysyndan mahrum bolanda sosial üpjünçilik almak hukugy;
- kanun bilen gadagan edilmedik ykdysady iş hukugy;
- hak tölenýän dynç alyş hukugy;
- ýokary hilli lukmançylyk kömeginden peýdalanmak hukugy.

**Medeni hukuklar** (Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 41–42-nji maddalary):

- bilim almak hukugy, pulsuz umumy tälimiň kepillendirilmegi;
- ylma we tehnika degişli döredijilik erkinligi hukugy;
- medeniýet üstünliklerinden peýdalanmak hukugy.





Raýatlaryň ähli hukuklary we azatlyklary **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 18–46-njy maddalarynda pug-**

**talap goýlan we olar** şahsy, syýasy, ykdysady we sosial, medeni hukuklara bölünýär.

### *1-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, özümizi erkin we özbaşdak ynsan diýip duýmagymyz üçin biz nähili hukuklara we azatlyklara eýe bolmalydyrys?*

Her bir döwletiň ilaty diňe ynha şu döwletiň raýatlaryndan ybarat bolman, eýsem ol ýa-da bu sebäplere görä onda wagtlaýyn ýaşap duran ýa-da hemişelik ýaşaýan adamlardan hem ybarat bolýar. Daşary ýurt raýatlary ýa-da özüniň daşary döwlete degişliligini subut edip bilmeýän raýatlygy bolmadyk şahslar **(apatridler)** ynha şularyň hataryna girýär. Bu şahslar raýatlyga eýe bolmasa-da, olar hem halkara we milli resminamalarda berkidilip goýlan ähli hukuklardan peýdalanýarlar.

Özbegistanyň Esasy kanuny ähli raýatlaryň birmeňzeş hukuklaryny we azatlyklaryny, kanunyň öňünde olaryň deňligini berkidip goýan. Bu hukuklar Konstitusiýada eldegrilmesiz, ýagny hiç kim mahrum etmäge hakly bolmadyk hukuklaryň hatarynda häsiýetlenýär.

### *2-nji ýumuş*

*Bir adamyň hukuklary başga bir adamyň hukuklary başlanýan nokatda çäklenýär, diýen söze goşulýarsyňyzmy? Öz pikiriňizi mysallar bilen delillendiriň.*

### *3-nji ýumuş*

*Pantomima (sözsüz hereketler) arkaly adam hukuklarynyň bozulyşyny suratlandyryp beriň we munda haýsy hukuklaryň bozulanlygyny aýdyp bermegi synpdaşlaryňyzdan soraň.*

### *Ýatda saklaň!*

Azatlyk (hukukda) – döwlet tarapyndan yglan edilen, Konstitusiýa ýa-da başga kanunçylyk resminamalarynda berkidilip goýlan şahsyň her bir sosial hukugy, adamyň häsiýetindäki mümkinçilikleri (meselem, söz azatlygy, azatlyk we şahsy eldegrilmesizlik, pikir, söz we ynam azatlygy, wyždan azatlygy we başgalar).

**Gender deňligi** – ösen döwletlerde adamyň – erkek ýa-da aýal bir meňzeş sosial hukuklara we mümkinçiliklere eýeligini aňladýan konwensiýa.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň raýaty we döwleti bir-birine bolan hukuklary we borçlary bilen özara baglydyrlar. Raýatlaryň Konstitusiýa we kanunlarda görkezilen hukuklary we azatlyklary eldegrilmesizdir, olardan suduň karary bolmasa mahrum etmäge ýa-da olary gadagan etmäge hiç kimiň haky ýok.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 19-njy madda.**

## *Jemini jemleýäris*

**Adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary:**

- döwletiň wezipesi – her bir adamyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün etmek;
- adam hukuklary barada halkara resminamalar;
- gender deňligi;
- esasy hukuklar: şahsy, syýasy, ykdysady, sosial we medeni.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Näme üçin ähli zamanlarda adam göwnündäki ýaly hukuklary we azatlyklary ele almaga ymtylyp gelýär?

**2.** Adam hukuklaryna degişli ähli iň möhüm halkara we milli resminamalarda ynsan näme üçin iň ýokary derejeli gymmatlyk diýip aňladylýar?

**3.** Adam jemgyýetde ýaşap durup, hiç bir çäklendirilmedik azatlyklardan peýdalanyp bilermi?

**4.** Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň esasy hukuklaryny, azatlyklaryny we borçlaryny sanap beriň.

# 6–7-§§. AMALY SAPAK
# ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ŞAHSY HUKUKLARY WE AZATLYKLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä adamyň we raýatyň nähili şahsy hukuklara we azatlyklara eýeligini öwrenersiňiz.

**1. Ýaşamak hukugy.**

**2. Sudda goranmak we şahsy eldegrilmesizlik hukugy.**

**3. Abraýy, mertebesi we şahsy durmuşyna abanýan howpdan goranmak hukugy.**

**4. Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi hukugy.**

**5. Bir ýerden ikinji ýere göçmek we ýaşaýyş jaýyny erkin saýlamak hukugy.**

**6. Pikir, söz we ynam azatlygy.**

**7. Wyždan we dini ynam azatlygy hukugy.**

**Adam hukuklary** – döwlet kanunlarynda görkezilen hukuklar bolup, döwletde her bir raýatyň hukuklaryny we azatlyklaryny üpjün edýär.

Ynha şonuň üçin kanun bilen kesgitlenen bir ýagdaýda hukuklar diýip, başga ýagdaýda bolsa azatlyklar diýlip aýdylýar. Munda şuny ýatda saklamak gerek, ýagny hereketleri saýlamakda giň azatlygy bermek arkaly hukuk olardan peýdalanmagyň anyk çägini hem kesgitläp berýär.

### *1-nji ýumuş*

Özüňizi döwletiň Esasy kanunyň taslamasyny işläp taýýarlamak boýunça işçi toparyň hataryna girizilen diýip göz öňüne getiriň.

*Haýsy şahsy hukuklary we azatlyklary ynha şu taslama goşardyňyz?*

*Sanawy düzüň we olaryň iň möhümlerini bellik ediň.*

*Ýadyňyzda bolsun, siziň döwletiňiz demokratik döwlet bolmagy üçin hereket etmelisiňiz.*

## 1. ÝAŞAMAK HUKUGY

Döwletde demokratiýanyň barlygyny aňlaýan adamyň iň möhüm şahsy hukugy – bu ýaşamak hukugydyr.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Ýaşamak hukugy her bir adamyň aýrylmaz hukugydyr. Adamyň janyna kast etmek iň agyr jenaýatdyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 24-nji madda.**





Döwletiň we jemgyýetiň esasy borjy – ynha şu hukugy gol astyndaky ähli serişdeler bilen kepillendirmekdir. Bu hukugy amala aşyrmak döwletiň we jemgyýetiň demokratik ösüşiniň möhüm şerti – sagdyn ýaşamak hukugy, normal ýaşaýyş şerti we başgalar bilen aýrylmaz baglydyr. Döwlet ony aşakdaky borçlary ýerine ýetirmekde kepillendirýär:

**Döwletiň ýaşamak hukugyny üpjün etmäge kepilleri:**

- halkara dawalary çözmek maksadynda uruşdan we onda gatnaşmakdan ýüz öwürmek;
- daş-töweregi goramak;
- gural-ýaraga eýe bolmak we ony ulanmagyň aýratyn tertibini bellemek;
- açyk we kämil lukmançylyk kömegini almaga mümkinçilik döretmek.

***Normatiw resminama!***

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň **«Özbegistan Respublikasynda ölüm jezasyny ýatyrmak barada»ky** 2005-nji ýylyň 1-nji awgustyndaky Permanyna görä we adamyň dünýä jemgyýetçiligi tarapyndan ykrar edilen ýaşamak hukugy prinsipleri, normalary hem-de Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň düzgünlerine görä, şeýle hem, jenaýat jogapkärçiligini liberallaşdyrmak boýunça anyk çäreleri amala aşyrmak maksadynda: *«2008-nji ýylyň 1-nji ýanwaryndan Özbegistan Respublikasynda jenaýat jezasy görnüşinde ölüm jezasy ýatyrylsyn we onuň ýerine ömürlik tussag ýa-da uzak möhlete azatlykdan mahrum etmek jezasy girizilsin», – diýip bellenip goýlan.*

## 2. SUDDA GORANMAK WE ŞAHSY ELDEGRILMESIZLIK HUKUGY

Bu adamyň islendik ýagdaýda öz islegine görä iş alyp barmak hukuklarydyr. Munda döwlet organlary we fiziki şahslar tarapyndan onuň hukuklaryny kanuna garşy görnüşde çäklendirmäge ýol berilmeýär.

Meselem, diňe sudýanyň sanksiýasy (rugsatnamasy) tussag etmek üçin esas bolmagy mümkin.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Jenaýat etmekde günälenýän her bir şahsyň işi sudda kanuny tertipde, açyk garalyp, onuň günäsi anyklanýança ol günäkär hasaplanmaýar. Sudda günälenýän şahsa özüni goramak üçin ähli şertler döredilip berilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 26-njy madda.**

## 3. MERTEBESINE, ABRAÝYNA WE ŞAHSY DURMUŞYNA ABANÝAN HOWPDAN GORANMAK HUKUGY

«Şahsy durmuş» diýlende hut şu adama degişli hem-de kanuna garşy ýagdaýda aç-açan adama ruhy zyýan ýetirmegi mümkin bolan ýazyşmalar, telefon arkaly gepleşikler, telegraf arkaly we başga dürli görnüşdä-

ki bildirişler, lukmançylyga degişli maglumatlar we başga maglumatlar düşünilýär.

Şahsyň gadyr-gymmat hukuky döwletiň adam üçin onuň gadyr-gymmatyny we ar-namysyny kemsitmeýän şertler döredip bermegini talap edýär. Hiç kimiň gynaga salynmagy, zorluga, rehimsizlik ýa-da gadyr-gymmatyny kemsidýän gatnaşyga sezewar edilmegi mümkin däl.

## 4. ÝAŞAÝYŞ JAÝYNYŇ ELDEGRILMESIZLIGI HUKUGY

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda (27-nji madda) göz öňünde tutulyşy ýaly, döwlet organlary bu hukuklara gatyşmagy mümkin däl. Emma döwletiň, jemgyýetiň howpsuzlygy, jemgyýetçilik tertibini, ilatyň saglygyny saklamak ýa-da başga şahslaryň hukuklary hem-de azatlyklary taýdan kanunda bellenilen ýagdaýlar muňa degişli däl.

Raýat tarapyndan kanuny esasda hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşaýyş jaýy hökmünde eýeläp duran islendik bina ýaşaýyş jaýynyň hataryna girýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Hiç kim kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlardan we tertipden daşary biriniň ýaşaýyş jaýyna girmegi, barlag geçirmegi ýa-da ony görmegi, ýazgylary we telefondaky gepleşikleriň syryny açyp bermegi mümkin däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 27-nji madda.**

***2-nji ýumuş***

Raýat M.-nyň kwartirasyna ýokarky etaždaky goňşusynyň suwy açyp galdyrmagy sebäpli suw akypdyr. Köp suw basmany üçin ol ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi esasynda bejerýän ussany öýüne girizmedi.

*Bu ýagdaýda kim hakly?*

***3-nji ýumuş***

*Suratlara seredip, beýle ýagdaýda adamyň nähili hukuklarynyň bozulanlygyny anyklaň. Her bir suratyň aşagyna näme ýazmak boljagyny teklip ediň.*



## 5. BIR ÝERDEN IKINJI ÝERE GÖÇMEK WE ÝAŞAÝYŞ JAÝYNY ERKIN SAÝLAMAK HUKUGY

Bir ýerden ikinji ýere göçmek we ýaşaýyş jaýyny erkin saýlamak hukugy Özbegistanyň çäginde kanuny görnüşde ýaşap duran her bir adama degişlidir.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň raýaty respublikanyň çäginde bir ýerden ikinji ýere göçmek, Özbegistan Respublikasyna gelmek we ondan çykyp gitmek hukugyna eýe. Kanunda bellenilen çäklendirmeler muňa degişli däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 28-nji madda.**

## 6. PIKIR, SÖZ WE DIN AZATLYGY HUKUGY

Adamyň pikiri we ynamy onuň hereketleriniň esasydyr.

Konstitusiýa pikir etmegi we söz azatlygyny üpjün etmegi kepillendirmek bilen birlikde, bu Konstitusion gurluşa garşy gönükdirilen her bir habar ýa-da döwlet syry hasaplanýan maglumatlary ýaýratmagy gadagan edýär.

***Ýatda saklaň!***

**Söz azatlygy** – öz taglymlaryny we pikirlerini diňe agzeki däl, eýsem metbugatda, şekillendiriş sungaty eserlerinde, çeper edebiýatda we başgalarda hem beýan etmek mümkinçiligidir.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Her kim erkin pikirlenmek, söz we ynam azatlygy hukugyna eýe. Her kim öz isleýän habaryny gözlemek, almak we ony ýaýratmak hukugyna eýe, amaldaky Konstitusion gurluşa garşy gönükdirilen habar we kanun bilen bellenilen başga çäklendirmeler muňa degişli däldir.

Erkin pikirlenmek we ony beýan etmek erkinligi diňe döwlet syry we başga syrlara degişli bolan ýagdaýda kanun bilen çäklenmegi mümkin.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 29-njy madda.**







## 7. WYŽDAN WE DINI YNAM AZATLYGY HUKUGY

Özbegistanda öz tassyklanmasyny tapan wyždan azatlygyny hormat etmek halkymyzyň çuňňur ruhy däplerine jogap berýär. Diniň döwletleşdirilmegi her kimiň şahsy işi bolan dini ynamyna döwletiň gatyşmagyny aňladan bolardy. Döwlet bilen dini guramalaryň arasyndaky gatnaşyklar Özbegistan Respublikasynyň «Wyždan azatlygy we dini guramalar hakynda»ky Kanuny esasynda dolandyrylýar. Konstitusiýa dindarlara hem, dünýewi durmuş geçirýän adamlara hem döwlet tälim ulgamynyň dünýewi harakterde bolmagyny kepillendirýär.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Hemme üçin wyždan azatlygy kepillendirilýär. Her bir adam islese dine ynam etmek ýa-da hiç bir dine uýmazlyk hukugyna eýe. Dini mejbury kabul etmäge ýol berilmeýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 31-nji madda.**

## *Ýatda saklaň!*

**Dünýewi döwlet** – resmi döwlet dini bolmadyk we hiç bir dini taglymaty mejbury hasaplamaýan döwletdir.

**ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ŞAHSY HUKUKLARY HEM-DE AZATLYKLARY**

- **Ýaşamak hukugy**
- **Sudda goranmak we şahsy eldegrilmesizlik hukugy**
- **Mertebesine, abraýyna we şahsy durmuşyna bolan howpdan goranmak hukugy**
- **Ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi hukugy**
- **Bir ýerden ikinji ýere göçmek we ýaşaýyş jaýyny erkin saýlamak hukugy**
- **Pikir, söz we ynam azatlygy**
- **Wyždan we dini ynam azatlygy hukugy**

## *4-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä haýsy ýagdaýlarda adamyň şahsy hukuklary bozuldy? Emele gelen meseläniň çözgüdini teklip ediň.*

***1-nji ýagdaý.***

Ýetginjekler topary ogurlyk etdi. Bu waka suda çenli mekdebiň Pedagogik maslahatynyň ýygnagynda ara alnyp maslahat edilip, onda şol ýetginjekler jenaýatçylar diýip atlandyryldy. Şeýle hem, ýygnak gatnaşyjylary olary sud berk jezalamaly diýip pikir bildirdiler...

*Munda her iki tarapda nähili kanunbozma ýüze çykdy?*

***2-nji ýagdaý.***

Ýetginjekler topary lukmançylyk institutynyň tejribe hanasyndan güjük ogurlady. Wakany derňemek wagtynda belli bolmagyna görä, tejribe geçirilenden soň güjükleriň bakylman we ýok edilmänliginden gynanyp üýrmeklerine çagalaryň ýüregi awapdyr.

*Ahlak we kanun esasynda ýetginjekleriň hereketini nähili bahalaýarsyňyz?*

***3-nji ýagdaý.***

Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň işleri boýunça Komissiýanyň ýygnagynda ogurlyk meselesi boýunça çekişme barýardy. Şol wagt inspektoryň kabinetine jebirleniji bat bilen girip geldi-de, ogurlyk eden ýetginjege gözi düşenden soň, oňa kemsidýän sözleri aýdyp gygyryp başlady. Emma inspektor ony saklady we kemsidip gygyranlygy üçin jogapkärçilige çekmegi mümkinligi hakynda duýduryş berdi.

*Siziň pikiriňize görä inspektor ýetginjegiň günäsi anyk bolsa-da, näme üçin oňa gygyryp kemsidilmegine garşy çykdy?*

***4-nji ýagdaý.***

Geçen sapakda dokuzynjy synp okuwçylary sport zalynda beden-terbiýe sapagynda bolanlarynda, ýedinji synp okuwçylary olaryň synp otagynda sapak geçdiler. Şol sapak wagtynda özleriniň pullarynyň ýitenligini bahana edip, dokuzynjy synp okuwçylary ýedinji synp okuwçylaryny barlap çykdylar.

*Dokuzynjy synp okuwçylarynyň hereketleri kanunymy? Bu hereketlere baha beriň.*

## ***5-nji ýumuş***

*Aşakdaky ýagdaýlar bilen tanyşyň. Haýsy ýagdaýlarda adamyň nähili şahsy hukuklaryna zyýan ýetirilýär?*

– Siz konwerti açylan hat aldyňyz;

– edaradan çykýan wagtyňyzda milisiýa işgäri sizden sumkaňyzyň içindäkileri görkezmegi talap etdi;

– priwiwka (emlemek) wagtynda çaga gepatit wirusyny ýokdurdylar;

– okuwçy gyzyň pul durýan gapjygy ýitdi we ýanyndaky partadaşyna: «Sen ogurladyň, sen ogry», – diýdi;

– konduktor ýol haky bermänligi üçin ýolagçyny kemsitdi.

## *Jemini jemleýäris*

**şahsy hukuklar we azatlyklar:**

- kanun – şahsy goramak üçin;
- ýaşamak hukugy;
- azatlyk we şahsy eldegrilmesizlik;
- şahsy we maşgala durmuşyna gatyşmazlyk;
- ýaşaýyş jaý eldegrilmesizligi;
- gadyr-gymmat we abraýy goramak;
- wyždan we dini ynam azatlygy;
- dünýewi döwlet.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda adamyň we raýatyň nähili hukuklary we azatlyklary kesgitlenen?

**2.** Ýaşamak hukugyny amala aşyrmak döwlet üçin nämäni aňladýar?

**3.** Adamyň ýaşaýyş jaýynyň eldegrilmesizligi hukugy nämäni aňladýar?

**4.** Şahsy durmuş näme, ol nähili goralmalydyr?

**5.** Wyždan we dini ynam azatlygy näme?

# 8-§. AMALY SAPAK
# ADAMYŇ WE RAÝATYŇ YKDYSADY WE SOSIAL HUKUKLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– adamlaryň durmuşynda ykdysady we sosial hukuklaryň ähmiýeti, olary üpjün etmekde döwletiň roly hakynda;

– jemgyýeti ösdürmekde zähmetiň we tälimiň möhümligi hakynda öwrenersiňiz.

1. **Adam hukuklaryndan haýsy biri iň möhümi?**
2. **Mülkdar bolmak hukugy, zähmet azatlygy we käri erkin saýlamak hukugy, işsizlikden goranmak hukugy.**
3. **Sosial üpjünçilik almak hukugy.**
4. **Ýokary hilli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugy.**
5. **Tälim almak hukugy.**
6. **Tehniki döredijilik erkinligi hukugy, medeniýet üstünliklerinden peýdalanmak hukugy.**

Adamyň we raýatyň esasy hukuklarynyň we azatlyklarynyň aýratyn toparyny **ykdysady we sosial hukuklar** düzýär. Olara aşakdakylardyr:



## 1. ADAM HUKUKLARYNDAN IŇ MÖHÜMI HAÝSY BIRI HASAPLANÝAR?

Göz öňüne getiriň, Siz – Konstitusiýa girizilmegi zerur bolan adam hukuklary baradaky çekişmede gatnaşýarsyňyz. Bu çekişme gatnaşyjylarynyň pikirlerini bahalaň we netije çykaryň: haýsy hukuklar iň möhümleri?

### *1-nji ýumuş*

**Birinji (gatnaşyjy):** Men Konstitusiýa diňe şahsy we syýasy hukuklar girizilmegi zerur diýip hasaplaýaryn. Bular – ýaşamak hukugy, söz, pikir, habar erkinligi, wyždan, bir ýerden ikinji ýere göçmek erkinligidir. Biz häzirlikçe zähmet çekmek, bilim almak hukugy, hemme üçin ýaşaýyş jaýy ýaly sosial-ykdysady hukuklary üpjün etmäge laýyk däl. Eger biz bu hukuklary kanun bilen pugtalap goýmaga hereket etmek islesek, onda hökümet raýatlyk we syýasy hukuklara ýeterli derejede üns berip bilmeýär.

**Ikinji:** Men bu pikiri makullamaýaryn. Ilki bilen ykdysady hukuklar üpjün edilmelidir diýip hasaplaýaryn. Adamlaryň iýmäge hiç zady bolmasa, adamlaryň işi we ýaşaýyş jaýy bolmasa, nähili syýasy azatlyklar hakynda söz bolmagy mümkin?

**Uçünji:** Bularyň ählisi dogry, emma siz döwlet hemmäni iş bilen üpjün edip bilýär, diýip hasaplaýarsyňyzmy? Meniň pikirime görä munuň alajy ýok.

**Dördünji:** Ykdysady hukuklary kepillendirmek kyndyr. Emma hökümet üpjünçiligi kem bolanlara (pensionerlere, iş ukybyny ýitirenlere we başgalara) ýeňillikler bermäge mejburdyr.

**Bäşinji:** Men her bir adam özüniň we öz garyndaşlarynyň durmuş geçirmegi üçin zerurlygy döwletiň kömegisiz gazanmaly, diýip hasaplaýaryn. Döwlet bolsa ähli güýç-gudratyny daş-töweregi goramaga sarplamalydyr.

*Bäş sany topara bölüniň. Bu çekişmede näçe köp her dürli pikirler we garaýyşlar beýan edildi? Haýsy pikirler, argumentler Size has ynamly duýuldy? Näme üçin? Bu meseläniň çözgüdi barada öz pikiriňizi bildiriň.*

Çekişme geçirmek ähli hukuklaryň adam üçin nähili derejede möhümligini, olaryň biri-biri bilen aýrylmaz baglylygyny, biriniň beýlekisini nähili derejede doldurýandygyny görkezýär.

Hakykatdan hem, syýasy hukuklary sosial we ykdysady hukuklardan

nähili bölüp almak mümkin? Öz nobatynda, sosial we ykdysady hukuklar sagdyn şertde ýaşamak hukugy bolmasa many aňlatmaýar. Bu zat düýbünden düşnüklidir, sebäbi sosial goragda bolmadyk adam özüniň syýasy, ykdysady we başga hukuklaryny amala aşyrmak ähtimalyndan uzakdyr.

Şeýlelikde, ykdysady we sosial hukuklaryň baglylygy aşakdakylardan ybarat: sosial bolelinlik hukugy maddy tarapa (kömek puly, pensiýa) eýe, ynsanyň ykdysady hukugy bolsa gönüden-göni ýa-da wekillik, şol bir wagtda ýa-da wagty gelende, jemgyýetiň durmuşynyň sosial tarapyna täsir (gowy ýa-da ýaman) edýär.

### *2-nji ýumuş*

Toparlarda galyň. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda görkezilen raýatlaryň hukuklaryny sanap geçiň. Adamyň durmuşyny we onuň hukuklaryny goramagy ýeterli derejede üpjün etmek üçin olaryň zerurlygyny anyk mysallarda esaslandyryp beriň.

## 2. Mülkdar bolmak, zähmet çekmek, zähmet işini erkin saýlamak we işsizlikden goranmak hukuklary

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 36-njy maddasynda her bir adam mülkdar bolmak hukugyna eýedigi hakynda söz barýar. Bu zat, eger-de adam emläge eýeçilik etse, ondan hiç kimiň bu emlägi çekip almagy mümkin däldigini aňladýar we bu adama özüne ynam hem-de özbaşdaklyk duýgusyny bagyşlaýar. Mülkdarda öz emlägini nähilidir bir işe sarplap köpeltmek, ýagny özüne belli bolan ugurda özüni gözkezmäge mümkinçilik bolýar.

Konstitusiýa bilen kepillendirilen zähmet çekmek hukugy, erkin hünär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we işsizlikden goranmak hukugy döwletimiziň paýyna işsizlik derejesini mümkin boldugyça pes bolmagyny, işsiz galan adamyň bolsa kömek almagyny we şu döwürde özüne iş gözläp tapmagy üçin ähli serişdeleri işe salmak borjuny ýükleýär. Konstitusiýada mejbury zähmet, ýagny hyzmat borjuna degişli bolmadyk işleri ýerine ýetirmäge mejburlamagyň gadagan edilmegi aýratyn bellenilen.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Her bir şahs zähmet çekmek, erkin hünär saýlamak, adalatly zähmet şertlerinde işlemek we kanunda görkezilen tertipde işsizlikden goranmak hukugyna eýedir.

Suduň hökmi bilen bellenen jezany geçmekden ýa-da kanunda görkezilen başga ýagdaýlardan daşary mejbury zähmet gadagan edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 37-nji madda.**

### *Normatiw resminama!*

**Size mälimmi, ýagny...**

Işe girýän adamdan, ilki bilen, ýaşy hakynda soralýar, çünki Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksine görä kärhana ýolbaşçylary kämillik ýaşyna ýetmedikleri diňe 16 ýaşdan başlap işe kabul etmäge haklydyr. Zähmete taýýarlamak maksadynda (Özbegistan Respublikasynyň Zähmet kodeksi, 77-nji madda) okuwçylar 15 ýaşdan başlap, okuwdan boş wagtynda işe kabul edilmegi mümkin.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler diňe ata-eneleriniň ýazma razylygy bilen işe ýerleşmekleri mümkin, çünki ata-eneler zähmet şertini bilmeli we bu hakda ylalaşmalydyrlar. Şeýle hem, ýetginjegiň saglyk ýagdaýy baradaky lukmançylyk maglumatnamasy hem mejburydyr.

Kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin şeýle gadagan edilen hünärler hem bar, olar saglyk üçin zyýanly bolan zähmet şertine eýe. Meselem, gaz kebşirleýji, şahtýor, demirçi ýaly hünärler.

Okuwçylar saglygyna zyýan ýetirmeýän, okuwyna päsgel bermeýän ýeňil işlere çekilmegi mümkin. Şeýle hem, kämillik ýaşyna ýetmedikleri gijeki, goşmaça işlere we dynç alyş günlerindäki işlere çekmek hem gadagan edilýär.

## 3. Sosial üpjünçilikden peýdalanmak hukugy

Özbegistanda mynasyp durmuş derejesini saklap durmak üçin köp çagaly we kömege mätäç maşgalalara, ýalňyz enelere we başga ýalňyz adamlara, şol sanda çäkli mümkinçiliklere eýe bolan çagalara dürli görnüşdäki





sosial kömek berilýär, kömek puly we garrylyk pensiýalarynyň mukdary yzygiderli artdyrylyp barylýar.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Her kim garran wagtynda, zähmet ukybyny ýitirende, şeýle hem, bakyjysyndan mahrum bolanda we kanunda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda sosial üpjünçilikden peýdalanmak hukugyna eýe.

Pensiýalar, kömek berilýän pullar, sosial kömegiň başga görnüşleriniň mukdary ýaşaýyş şerti üçin zerur bolan iň kem mukdardan az bolmagy mümkin däl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 39-njy madda.**

## 4. Ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugy

Ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugy her bir adama berlen. Ýurdumyzda ilata mugt hyzmat edýän döwlet lukmançylyk edaralary bar. Soňky wagtlarda birnäçe hojalyk hasabyndaky tölegli poliklinikalar we keselhanalar peýda boldy, nirede saglygyny bejertmek her kimiň özüne bagly.




Sagdyn nesil – millet saglygynyň girewidir. Soňky wagtlarda döwletimizde «Sagdyn nesil üçin» ýaly dürli döwlet

maksatnamalary hem-de işi ýaş nesliň saglygyny kämilleşdirmäge gönükdirilen jemgyýetçilik guramalary bar.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Her bir ynsan ýokary derejeli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugyna eýe.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 40-njy madda.**

## 5. Bilim almak hukugy

Özbegistan Respublikasynda her bir adam bilim almak hukugyna eýedir. Maşgalanyň girdejisine garamazdan her bir çagada mugt bilim almak mümkinçiligi bar. Bu döwletiň Esasy kanuny bilen kepillendirilen.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Her kim bilim almak hukugyna eýe. Mugt umumy tälim almak döwlet tarapyndan kepillendirilendir Mekdep işleri döwletiň garamagyndadyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 41-nji madda.**



Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň 2018-nji ýylyň 25-nji ýanwaryndaky Permanynda aşakdakylar kesgitlenen: 2018/2019-njy okuw ýylyndan başlap mejbury umumy orta we ýörite orta umumtälim mekdeplerinde, şol sanda, ýöriteleşdirilen mekdeplerde, ýöriteleşdirilen sungat we medeniýet mekdep-internatlarynda, ýöriteleşdirilen olimpiýa zapaslary mekdep-internatlarynda hem-de akademik liseýlerde üznüksiz we 11 ýyllyk möhletde amala aşyrylýar. 2018/2019-njy okuw ýylyndan başlap kesp-hünär kolležlerine okuwa kabul etmek umumy bilim berýän mekdepleriň 11-nji synpynyň tamamlanlaryň hasabyndan, öz islegine görä, degişli hünäre (kesbe) eýe bolmak üçin 6 aýdan 2 ýyla çenli bolan okuw möhletlerinde amala aşyrylýar.

### *3-nji ýumuş*

***1-nji ýagdaý.***

*Köpçülik her bir adam üçin mejbury bolan ýörite orta ýa-da kesp-hünär tälimi hökman däl, umumy orta tälim hem ýeterliklidir, diýip hasaplaýar. Göýä, hiç bir maglumatsyz hem gowy gazanmak mümkinmişin. Siz muňa nähili garaýarsyňyz?*

***2-nji ýagdaý.***

*Kimde bilim köp bolsa, alan bilimini durmuşda ulanyp bilse, oňa köpräk talap bolýar we üstünlik gazanmaga mümkinçiligi köp bolýar, diýen pikiri makullaýarsyňyzmy?*

***3-nji ýagdaý.***

*Nähili pikir edýärsiňiz, mekdebi tamamlandan soň, haýsy sapaklar köpräk peýda berer?*

## 6. Ylma we tehnika esaslanan döredijilik erkinligi we medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmak hukugy

Konstitusiýanyň 42-nji maddasynda şeýle ýazylan: her kime ylmy-tehnika esaslanan döredijilik erkinligi, medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmak hukugy kepillendirilýär. Döwlet jemgyýetiň medeni, ylmy-tehnika esaslanan ösüşine gamhorlyk edýär.

Bu hukuklar öz mazmunyna görä bilim almak hukugyna örän ýakyn, sebäbi, tälim, medeniýet, ylmy-tehnika esaslanan ösüş özara baglanyşykly düşünjelerdir. Bu hukuklar medeniýet hem-de ylmyň baýlyklarynyň

we gymmatlyklarynyň açyklygy bilen üpjün bolýar. Her kimiň muzeýlere, teatrlara, medeni we ylmy-tehnika esaslanan merkezlere barmaga, kitaphanalaryň, radionyň we telewideniýäniň hyzmatyndan peýdalanmagy mümkin.

## *4-nji ýumuş*

*Ykdysady we sosial hukuklara zyýan ýetirilmegine degişli sahna görnüşlerini taýýarlaň we görkeziň. Nähili kanunbozma ýol goýlandygyny anyklaň. Bu hukuklary goramak üçin näme etmeli?*

## *Jemini jemleýäris*

**sosial-ykdysady hukuklar:**

- döwletiň wezipesi – ilatyň durmuşyny mynasyp derejede üpjün etmek;
- mülkdar bolmak hukugy;
- zähmet çekmek we dynç almak hukugy;
- işe kabul etmek – 16 ýaşdan, 15 ýaşdan hem ýol berilýär;
- sosial üpjünçilikden peýdalanmak hukugy;
- ýokary hilli lukmançylyk hyzmatyndan peýdalanmak hukugy;
- bilim almak hukugy;
- ylma we tehnika esaslanan döredijilik erkinligi hukugy;
- medeniýetiň gazananlaryndan peýdalanmak hukugy.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Adamyň haýsy hukuklary sosial-ykdysady hukuklaryň hataryna girýär?
2. Mülkdar bolmak adamyň durmuşynda nähili rol oýnaýar we emläk adama nähili üstünlikleri berýär?
3. Haýsy tertip size adalatly duýulýar: mülkdar bolmak hukugyna diňe bir topar adamlar eýe bolandamy ýa-da her bir adam eýe bolandamy?
4. Siz nähili pikir edýärsiňiz, mynasyp durmuş derejesini saklap galmak üçin adama näme zerur?
5. Sosial we ykdysady hukuklar nähili özara baglanyşýar we bir-birine täsir edýär?

# 9-§. SYÝASY HUKUKLAR

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynyň raýatynyň nähili syýasy hukuklara eýeligini;

– jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda olar haýsy görnüşlerde gatnaşmagy mümkinligini öwrenersiňiz.

**1. Öz syýasy hukuklaryny nähili görnüşde amala aşyrmak mümkin?**

**2. Kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagynda raýatlaryň gatnaşmagy.**

**3. Ýygnaklar azatlygy hukugy.**

## 1.ÖZ SYÝASY HUKUKLARYŇY NÄHILI GÖRNÜŞDE AMALA AŞYRMAK MÜMKIN?

*Syýasy hukuklar raýatlara näme üçin gerek?* Eger raýatlarda berk ahlak we syýasy garaýyşlar bolsa, olar öz hukuklaryny we borçlaryny has gowy düşünýärler, döwletiň sosial durmuşynda has aktiw gatnaşýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda öz raýatlary üçin bellenilen syýasy hukuklar:**

- jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda gatnaşmak hukugy;
- Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygyna laýyklykda geçirilýän mitinglerde, asuda ýygnaklarda we çykyşlarda gatnaşmak, şeýlelikde sosial aktiwlik görkezmek hukugy;
- kärdeşler arkalaşyklaryna, syýasy partiýalara başga jemgyýetçilik birleşiklerine jemlenmek hukugy;
- saýlamak we saýlanmak hukugy;
- doly ygtyýarly döwlet organlaryna, edaralaryna we halk wekillerine arzalar, teklipler we şikaýatlar bilen ýüzlenmek.

Döwleti dolandyrmaga gatnaşmak hukugy gönüden-göni ýa-da saýlanýan wekiller arkaly amala aşyrylýar. Bu hukuk raýatlaryň islendik saýlap goýulýan wezipelere saýlamak we saýlanmak hukugyna eýeligi bilen kepillenendir. Raýat şeýlelikde häkimiýete we kabul edilýän kararlara öz täsirini geçirýär.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda gönüden-göni hem-de öz wekilleri arkaly gatnaşmak hukugyna eýedirler. Beýle gatnaşmak öz-özüňi dolandyrmak, referendumlar geçirmek we döwlet organlaryny demokratik şekilde gurnamak, şeýle hem, döwlet organlarynyň işiniň üstünden jemgyýetçilik gözegçiligini geçirmek we kämilleşdirmek ýoly bilen amala aşyrylýar. Döwlet organlarynyň işiniň üstünden jemgyýetçilik gözegçiligini amala aşyrmak tertibi kanun bilen kesgitlenilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 32-nji madda.**



Ähli syýasy partiýalar öz kandidatlaryny döwlet wekillik organlaryna görkezmegi mümkin. Bu saýlaw ulgamyny demokratlaşdyrmaga kömek berýär, raýatlara alternatiwlik esasynda deputatlary saýlamak mümkinçiligini berýär. Munda saýlawy geçirmekde bir ýere birnäçe kandidat goýlup, raýatlar olardan iň mynasybyny saýlaýarlar.

Raýatlaryň hökümet tarapyndan kabul edilýän kararlara täsiri döwlet hökümetiniň organlaryna saýlamak hukugy bilen çäklenmeýär. Raýatlar ýüzlenmek, teklip, arza we şikaýatlar arkaly ençeme gündelikli meseleleri çözmäge kömek berýärler, şeýlelikde öz hukuklarynyň bozulmagynyň öňüni alýarlar.

## *Ýatda saklaň!*

Özbegistan Respublikasy «Fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri hakynda»ky Kanunyna görä ýüzlenmeler teklipler, arzalar, şikaýatlar görnüşinde agzeki, ýazma ýa-da elektron görnüşde ýekebara ýa-da köpçülikleýin görnüşde bolmagy mümkin.

**Arza** – bu raýatlaryň öz hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitlerini amala aşyrmak üçin kömek sorap eden ýüzlenmeleridir.

**Teklip** – raýatlaryň döwlet we jemgyýetçilik işini kämilleşdirmek boýunça maslahatlaryny beýan edýän ýüzlenmeleridir.

**Şikaýat** – raýatlaryň bozulan hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitlerini dikeltmegi talap etmek hakyndaky ýüzlenmeleridir.

Ýüzlenmede raýatyň ady-familiýasy görkezilip, ýaşaýyş jaýy hakynda maglumat bolmaly, arzanyň, teklibiň ýa-da şikaýatyň mazmuny beýan edilmelidir. Ýazma ýüzlenme ýüzlenýän adamyň goly bilen tassyklanýar. Ýüzlenmäni şahsy gol bilen tassyklamak mümkinçiligi bolmasa, ony başga şahsyň goly bilen tassyklamak mümkin. Munda goşmaça görnüşde gol goýan şahsyň familiýasy, ady we atasynyň ady görkezilen bolmalydyr.






## 2. KANUN TASLAMALARYNYŇ UMUMYHALK MASLAHATYNDA RAÝATLARYŇ GATNAŞMAGY

Raýatlaryň iň möhüm syýasy hukuklaryndan biri «Kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagy hakynda»ky Kanuna laýyklykda kanunlar taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagynda gatnaşmagydyr.

**Raýatlar munda aşakdakylara haklydyrlar:**

– kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagynda erkin gatnaşmagy;

– kanun taslamalaryna düzedişler we teklipler girizmek boýunça Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyna, Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetine, başga döwlet or-

ganlaryna, raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlaryna, kärhanalara, edaralara, guramalara, syýasy partiýalara we başga jemgyýetçilik birleşmelerine, köpçülikleýin habar serişdelerine ýüzlenmek;

– deputatlar, döwlet häkimiýeti we dolandyryş organlarynyň wekilleri bilen duşuşyklarynda, kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagy üçin düzülen başga çärelerde gatnaşmak.

Raýatlaryň jynsy, milleti, dili, dini, sosial gelip çykyşy, ynamy, şahsy we sosial ýagdaýyna görä kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagynda gatnaşmagyny çäklendirmek gadagan edilýär.

Kanun taslamalarynyň umumyhalk ara alyp maslahatlaşmagy boýunça çäreleri raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary, syýasy partiýalar we başga jemgyýetçilik guramalary, köpçülikleýin habar serişdeleri, syýasy partiýalaryň fraksiýalary we Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyndaky deputatlar topary, şeýle hem, Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlary saýlaw uçastoklarynda geçirýärler. Kanun taslamasy boýunça bellenen tertipde girizilen teklipler we düzedişler hökman serdilmelidir.

### 3. ÝYGNAKLAR AZATLYGY HUKUGY

Ýygnaklar, mitingler we çykyşlar azatlygy adama öz pikirlerini we öz garaýyşlaryny beýan etmek mümkinçiligini berýär. Bu hukuk döwlet ýolbaşçylaryna halkyň pikiri hakynda habar ýetirip durmak üçin hem zerur. Bu zat örän möhüm we ýolbaşçylara raýatlary howatyrlandyrýan meselelere has içgin girip barmak mümkinçiligini berýär.

**Miting** – bu belli bir şahslaryň we guramalaryň hereketleri, sosial-syýasy wakalara bolan gatnaşygyny açyk aňlatmak maksadyndaky raýatlaryň parahatçylykly ýygnagy.

**Çykyş** – bu belli bir syýasy talaplary bildirmek maksadyndaky köpçülikleýin ýöriş.

**Ýygnak** – bu haýsydyr bir möhüm jemgyýetçilik meselesini köpçülik bolup bilelikde ara alyp maslahatlaşmak üçin raýatlaryň gatnaşmagy.

Jemgyýetçilik birleşiklerini gurnamak hukugy raýatlara olaryň peýdalary we isleglerine laýyk gelýän iş bilen meşgullanmak mümkinçiligini berýär. Meselem, jemgyýetçilik guramalarynyň agzalary adam hukuklary we azatlyklary meseleleri bilen meşgullanýar, ynsanperwerlik guramalary bolsa iň mätäç adamlara maddy kömek berýär.

## Esasy kanun kesgitleýär

Raýatlar öz sosial aktiwliklerini Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna laýyk mitingler, ýygnaklar we çykyşlar şeklinde amala aşyrmak hukugyna eýedirler. Häkimiýet organlary diňe howpsuzlyk taýdan beýle çäre geçirilmegini saklamak ýa-da gadagan etmek hukugyna eýe.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 33-nji madda.**

## Ýumuş

*Raýatlaryň döwlet sosial-syýasy durmuşynda, döwleti dolandyrmakda gatnaşygynyň özüňize mälim ýollaryny aýdyň. 9-njy synp okuwçysy döwlet dolandyrmagynda nähili gatnaşmagy mümkin?*

## Jemini jemleýäris

**Syýasy hukuklar:**

- maksat –öz pikiri we ynamyny beýan etmek;
- döwleti dolandyrmakda gatnaşmak hukugy;
- ýygnaklar, mitingler we çykyşlar azatlygy;
- syýasy partiýa, kärdeşler arkalaşygy we başga jemgyýetçilik guramalaryna birleşmek hukugy;
- döwlet organlaryna arzalar, teklipler we şikaýatlar bilen ýüzlenmek hukugy.

## Özüňizi barlap görüň!

1. Syýasy hukuklar ynsana näme üçin gerek?
2. Şahsy we syýasy hukuklar nähili görnüşde özara baglanyşan?
3. Döwlet jemgyýetçilik birleşikleriniň işine goşulyp bilýärmi?
4. Parahatçylykly çykyşlar, mitingler we ýygnaklarda gatnaşmak adama näme berýär?
5. Aşakdakylardan haýsylary şahsy ýa-da syýasy hukuklara degişliligini anyklaň:
   – gadymky Spartada ejiz çagalary jara oklaýardylar;
   – synpdaş gyz partadaş jorasynyň hatyny ogrynça okady;
   – adamy başga dine geçmäge zorluk bilen mejburladylar;
   – ýerli häkimiýet organlaryny tankyt edýän makalalary yglan etmek gadagan edilen.

*Sanawy öz mysallaryňyz bilen dowam etdiriň.*

# 10-§.ÖZBEGİSTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLYGY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde**:
– raýatlyk näme we ol adam üçin nähili ähmiýete eýeligini;
– raýatlyga kabul etmek esaslary we ony saklamak şertlerini öwrenersiňiz.

**1. Adama raýatlyk näme üçin gerek?**
**2. Raýat we döwlet.**
**3. Biometrik pasport. Özbegistan raýatynyň hukuk derejesi.**

## 1. ADAMA RAÝATLYK NÄME ÜÇİN GEREK?

Raýatlygyň nämeligini bilýärsiňizmi? Ol ýa-da bu döwletiň raýaty bolmagyň adam üçin nämäni aňladýanlygy hakynda pikir edip gördüňizmi?

***1-nji ýumuş***

Öz döwletini terk etmek we daşary ýurtda ýaşamak üçin göçüp gitmegi arzuw edýän çagalar duş gelýär.

*Toparlara bölünip özge döwletde ýaşamaga «razy» we «garşy» bolan bäş sany esasy sebäplerini şekillendiriň. Olaryň her biri özüniň haklygyny düşündirsin.*

***Ýatda saklaň!***

**Raýatlyk** – bu ynsanyň belli bir döwlet bilen hukuk we syýasy gatnaşyklarydyr. Döwlet öz kanunlarynda adamyň hukuk derejesini, ýagny adamyň döwlete, onuň organlaryna we başga şahslara bolan derejesini kesgitleýär.

Raýat hasaplanan şahs öz döwletiniň çäginde hem, edil şunuň ýaly, ondan daşarda hem döwlet goragynda we kepilliginde bolýar hem-de raýata görä berkidilen ähli hukuklardan dolulygy bilen peýdalanyp bilýär. Öz nobatynda, raýatlar öz döwletiniň kanunlaryna amal etmekleri, öz raýatlyk borçlaryny ýerine ýetirmelidirler.

Raýat diňe bir saýlap goýulýan organlara öz wekillerini saýlaman, eýsem özi hem ynha şu organlara saýlanmagy mümkin. Raýatlygy bolmadyk şahs beýle hukuklara eýe bolmaýar.

Meselem, armiýada gulluk etmek raýat üçin raýatlyk borjy we borçnamasy hasaplansa, raýatlygy bolmadyk şahslara bolsa kanun boýunça beýle borç ýok. Raýatlygy bolmadyk şahslar partiýalar agzasy hem bolup bilmeýärler, döwlet organlarynyň ýolbaşçylyk wezipelerinde işläp bilmeýärler, saýlawlarda gatnaşyp bilmeýärler.

***Ýatda saklaň!***

**Diskriminasiýa** – jynsyna, haýsy millete degişlidigine, dini we syýasy ynamyna görä, belli bir topardaky raýatlaryň hukuklaryny nämälim görnüşde çäklendirmek ýa-da mahrum etmek.

***Üns beriň!***

Daşary ýurt raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar (**apatridler**) – halkara hukugy resminamalar ynsana hödürlenýän ähli hukuklardan peýdalanýarlar (saýlawlarda gatnaşmak we döwletiň ýaragly güýçlerinde gulluk etmek hukugy muňa degişli däl). Edil şu döwletiň raýatlary ýaly bu raýatlar hem onuň kanunlaryna amal etmelidirler.

«Raýatlyk hakynda»ky Kanunyň 11-nji maddasynda Özbegistan Respublikasynyň çäklerinde ýaşaýan, emma Özbegistan Respublikasynyň raýatlary bolmadyk we daşary döwlet raýatylygyny tassyklaýan esasa eýe bolmadyk şahslar raýatlygy bolmadyk şahslar hasaplanýanlygy bellenilýär. Iki döwletiň raýaty bolmak gadagan edilýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň çäklerindäki daşary ýurt raýatlarynyň we raýatlygy bolmadyk şahslaryň hukuklary we azatlyklary halkara hukuk normalaryna laýyklykda üpjün edilýär. Olar Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, kanunlary we halkara şertnamalary bilen bellenilen borçlaryny ýerine ýetirýärler.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 23-nji madda.**

## 2. RAÝAT WE DÖWLET

**Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakyndaky işleri dolandyrýan döwlet organlaryna aşakdakylar girýär:**

– Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ýanyndaky Raýatlyk meseleleri boýunça komissiýa;

– Özbegistan Respublikasynyň Içeri işler ministrligi;

– Özbegistan Respublikasynyň Daşary işler ministrligi;

– Raýatlyga kabul etmek hakyndaky karar Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan kabul edilýär.

*Raýatlygy almak üçin näme esas bolup bilýär?*

***Ýatda saklaň!***

**Özbegistan raýatlygy berilýär:**

- doglan wagtynda;
- Özbegistan Respublikasy raýatlygyna kabul etmek netijesinde;
- Özbegistanyň halkara şertnamalary bilen göz öňünde tutulan esaslara görä;
- başga kanuny esaslara görä.

**«Özbegistan Respublikasy raýatlygy hakynda»ky Kanun, 12-nji madda.**

## 3.ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASY RAÝATYNYŇ BIOMETRIK WE DAŞARY ÝURT PASPORTY

**Biometrik pasport** – Özbegistan Respublikasynyň raýatynyň raýatlygyny we şahsyny tassyklaýan, pasport eýesiniň personal biografik maglumatlary we biometrik parametrlerine eýe elektron habar (çip) daşaýan resminama.

2019-njy ýylyň 1-nji ýanwaryndan başlap stikerler, ýagny daşary ýurda çykmak üçin «çykyş wizasy» berilmegi bes edildi we 10 ýyla berilýän täze biometrik daşary ýurt pasportlary alynýan boldy. Daşary ýurt pasportlary halkara standartlara laýyk gelýär. 15 -den 18 ýaşa çenli bolan raýatlar ata-eneleri, bakyjylary kämillik ýaşyna ýetmedik ýetginjekleriň özbaşdak daşary ýurda çykmagyna degişli notarial tassyklanan razylygy bolan ýagdaýda daşary ýurda ulularyň garamagynda çykmaklary mümkin.

Pasport bellenen nusgada berilýär hem-de özbek we iňlis dillerinde, Garagalpagystan Respublikasy üçin garagalpak, özbek we iňlis dillerinde personallaşdyrylýar, ýagny doldurylýar.




## *2-nji ýumuş*

***1.** Eger size öz döwletiňiziň raýatlygyna kabul etmek hakyndaky meseläni çözmegi teklip etseler, kimlere ýok jogabyny bererdiňiz we näme üçin?*

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň ähli çäklerinde ýeke-täk raýatlyk ornaşdyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 21-nji madda.**

Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyna kabul etmek, raýatlygy gaýtadan dikeltmek we raýatlykdan çykmak Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Permany bilen resmileşdirilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyndan mahrum etmek üçin esaslar:**

- raýatyň daşary döwletde harby gulluga, howpsuzlyk hyzmaty organlaryna, polisiýa, ýustisiýa organlaryna ýa-da döwlet häkimiýeti organlaryna işe girmeginiň netijesinde;
- eger-de, daşary döwletde hemişelik ýaşap duran raýat üç aý dowamynda sebäpsiz konsullyk hasabynda durmadyk bolsa;
- Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyny bilip durup ýalan maglumatlar ýa-da galp dokumentler arkaly alan bolsa;
- eger-de, raýat daşary döwletiň peýdasyny gözleýän işler bilen meşgullanan ýagdaýda ýa-da asudalygy we howpsuzlyga garşy jenaýat edip jemgyýete we döwletiň bähbitlerine zyýan ýetiren bolsa;
- raýat daşary döwletiň raýatlygyna geçen ýagdaýda.




## *3-nji ýumuş*

*Aşakdaky ýagdaýlary görüp çykyň we goýlan soraglara jogap beriň.*

***1-nji ýagdaý.***

Paýtagt keselhanalarynyň birinden onça uzak bolmadyk ýerde, gül şahalarynyň aşagyna taşlanyp gidilen çagajyk tapyp alyndy. Çaganyň kimligini anyklamak üçin hiç bir ýazgy ýa-da resminama onuň ýanynda ýokdy.

Munda çagajygy raýatlyk ýagdaýy boýunça resminamalarda hasaba almak meselesi peýda boldy. Familiýasy, ady, atasynyň ady hasaba alan şahslaryň islegine görä bellendi.

Çagajygyň raýatlygy meselesini çözmekde meseleler gelip çykdy. Maglumatlaryň ýoklugy sebäpli çaganyň doglan ýerini anyklamak mümkinçiligi bolmady.

*Siziň pikiriňize görä bu çaganyň raýatlygy hakyndaky meseläni nähili çözmek gerek?*

***2-nji ýagdaý.***

Är-aýal U.-lar raýatlyk ýagdaýynyň namalarynyň ýazgysy organyna (RÝNÝ) öz perzendini hasaba almak hakyndaky arza bilen ýüz tutdular.

Arzany görüp çykýan wagtynda RÝNÝ işgärleri är-aýal U.-laryň raýatlygy bolmadyk şahslar ekenligini anyklady we çagany hasaba almady. Olar özüniň hasaba almadygyny ata-enesi ýaly çaga hem raýatlygy bolmadyk şahs hasaplanýar, şonuň üçin Özbegistan raýaty hökmünde hasaba alynmagy mümkin däl, diýip düşündirdi.

*Siziň pikiriňize görä RÝNÝ işgärleri hakmy? Är-aýal U.-nyň RÝNÝ-a ýüzlenmegi bilen emele gelen meselä «Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda»ky Kanunyň haýsy düzgünlerinden jogap tapmak mümkin?*

***Normatiw resminama!***

**Size mälimmi, ýagny:**

– doglanlygy hakyndaky şahadatnama, raýat 16 ýaşa dolanda berilýän pasport raýatlygy tassyklaýan resminamalar hasaplanýar;

– durmuş guranlardan biriniň raýatlygyny üýtgetmegi beýleki ýan ýoldaşynyň raýatlygynyň üýtgemegine alyp gelmeýär;

– daşary ýurtly erkek ýa-da aýal bilen nikalaşmak durmuş guryanlaryň raýatlygyny üýtgetmek borjuny bermeýär;

– raýatlygy bolmadyk şahslaryň Özbegistanyň çäginde doglan çagasy Özbegistan Respublikasynyň raýaty hasaplanýar;

– daşary ýurduň raýaty bolan ýa-da raýatlygy bolmadyk çaga perzentlige alnan ýagdaýda, ol Özbegistan Respublikasynyň raýatyna aýlanýar;

– 14 ýaşdan 18 ýaşa çenli bolan çagalaryň raýatlygyny olaryň ata-eneleriniň raýatlygy üýtgän ýagdaýda, şeýle hem, perzentlige alnanda üýtgetmek diňe çagalaryň öz razylygy bilen bolmagy mümkin;

– eger Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamasy bilen «Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda»ky Kanundan tapawutly düzgünler yglan edilýän bolsa, halkara şertnama düzgünleri ulanylýar.

## *Jemini jemleýäris*

**Özbegistan Respublikasy raýatlygy:**

- adamyň döwlet bilen hukuk gatnaşyklary, adam we raýatlaryň döwlet tarapyndan goralmagy;
- raýatlaryň kanunlara amal etmek borjy;
- raýatlygy bolmadyk şahslar: döwlet häkimiýeti organlaryna saýlanmaýarlar, saýlawlarda gatnaşmaýarlar, armiýada gulluk etmeýärler, syýasy partiýalara agza bolmaýarlar;
- pasport – 16 ýaşdan;
- raýatlyga eýe bolmak:
  - doglan wagty;
  - kabul etmek hakyndaky arzasyna görä;
- «Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda» Kanun.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Raýatlyk näme? Ynsanyýetiň taryhynda raýatlyk instituty hemme wagt bolupmy?
2. Siziň pikiriňize görä, raýatlaryň hukuklaryny ýüze çykarmak üçin zerur şertleri kim üpjün etmeli?
3. Raýat bilen döwletiň arasynda nähili özara baglanyşyk emele gelýär ?
4. Häzirki demokratik döwletiň raýaty nähili normalaryň goramagynda bolýar?
5. Özbegistanda raýatlyga eýe bolmak üçin nähili kanuny esaslar göz öňünde tutulýar?
6. Demokratik jemgyýetde raýat bilen döwletiň özara gatnaşyklary nähili prinsiplere esaslanýar?
7. Daşary ýurtly raýatlar we raýatlygy bolmadyk şahslar raýatlygy bolan şahslar bilen bir meňzeş hukuklara eýe bolup bilýärmi?
8. «Adamyň hukuk derejesi» düşünjesine düşündiriş beriň, onuň aýratynlyklaryny sanap beriň.

## 11-§. ADAM HUKUKLARYNYŇ WE AZATLYKLARYNYŇ KEPILLERI

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň Konstitusion kepilleri hakynda;

– adam hukuklaryny goramak mehanizmi hakynda;

–öz hukuklaryňyzy goramak üçin haýsy edaralara ýüzlenmek zerurlygy hakynda öwrenersiňiz.

1. **Öz hukuklaryňy goramak üçin nirä ýüz tutmaly?**
2. **Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepilleri.**
3. **Adam hukuklaryny goramak boýunça milli institutlar.**

### 1.ÖZ HUKUKLARYŇY GORAMAK ÜÇIN NIRÄ ÝÜZ TUTMALY?

Gynansakda, adam käbir ýagdaýlarda kemsidilmelere we horluklara sezewar bolýar. Adam hukuklaryna zyýan ýetirilen ähli ýagdaýlarda ol öz hukuklarynyň goralmagyna mätäçlik duýýar.

Häzirki günde döwletiň özi ynha şeýle goraýjy roluny kanunlar we sud bilen bilelikde ýerine ýetirýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Her bir şahsa öz hukuklaryny we azatlyklaryny sud arkaly goramak, döwlet organlarynyň, wezipeli şahslaryň, jemgyýetçilik birleşikleriniň kanuna garşy hereketleri üçin suda şikaýat etmek hukugy kepillendirilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 44-nji madda.**

Ynha şu hukuk kämilleşen ýuridiki kömege mätäç bolan her bir adam adwokata ýüz tutup, şeýle kömekden peýdalanmagy mümkinligini göz öňünde tutýar. Haýsydyr bir ýagdaýda, hat-da eger ol jenaýat jogapkärçiligine çekilende hem, adama kömek bermekden ýüz öwürmäge hiç kimiň haky ýok. Döwletimizde kämillik ýaşyna ýetmedikler, zähmete ýaramsyzlar we ýalňyz garrylar aýratyn goragdadyrlar.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Kämillik ýaşyna ýetmedikler, zähmete ýaramsyzlar we ýalňyz garrylaryň hukuklary döwlet goragyndadyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 45-nji madda.**

## 2. ADAM HUKUKLARYNYŇ WE AZATLYKLARYNYŇ KEPLLERI

Hukuk döwletinde adam hukuklaryna amal edilmegini kepillendirýän birnäçe usullar bolýar. Olaryň arasynda suduň goramagy aýratyn orun tutýar. Goramagyň beýle şekilinden her bir adam peýdalanyp biler. Munuň üçin suda sud işinde ara alyp maslahatlaşmagy üçin esas bolup hyzmat edýän talap arzasy bilen ýüz tutmak ýeterlikdir.

Hukuk döwletinde sud özbaşdak adyl sudlaýjy organ bolanlygy sebäpli islendik çekişmeli işi çözýän sudýa diňe kanuna boýun egýär.

Sudýa işleri çözýän wagtynda adalatly bolmaly, ýagny özüniň şahsy simpatiýa we antipatiýasyndan belent durmaly, korrupsiýa ýol bermeli däldir. Hiç kimiň, hat-da häkimiýetiň we ýokary dolandyryş organlarynyň hem suduň işine gatyşmaga haky ýok.




**«Fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri hakynda»ky Kanuna görä** fiziki we ýuridik şahslara döwlet organlaryna, guramalara we olaryň wezipeli şahslaryna ýeke tertipde ýa-da köpçülik bolup ýüzlenmegi kepillendirilýär.

## 3. ADAM HUKUKLARY BOÝUNÇA MILLI INSTITUTLAR

Özbegistanda özbaşdak ösüş ýyllarynda adam hukuklaryny goramak mehanizmini giňeltmäge gönükdirilen täze milli institutlar döredildi.

Olaryň hataryna aşakdakylar girýär:

– Aly Mejlisiň adam hukuklary boýunça Wekillik instituty – **Ombudsman;**

– Özbegistan Respublikasynyň Adam hukuklary boýunça Milli merkezi.

## Ombudsman

Adam hukuklary boýunça Wekillik instituty – Ombudsman 1995-nji ýylda kanun çykaryjy häkimiýet ulgamynda, ýagny Aly Mejlisiň ýanynda düzülen bolup, sudlaýjy hasaplanmaýar. Ombudsman döwlet organlary tarapyndan adam hukuklaryna amal edilmegi boýunça parlament gözegçiligini amala aşyrýar.

**Ombudsmanyň hukuklary:**

- şikaýatlara seretmek;
- arza berijä öz hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbidini goramak üçin peýdalanmagy mümkin bolan serişdelerini we ýollaryny görkezmek;
- şikaýat arzasyny mazmunyna görä çözmek hukugy bar bolan edara ýa-da wezipeli şahsa bermek;
- arza berijini hukuk we kanuny bähbitlerine dahylly resminamalar, kararlar we başga materiallar bilen tanyşdyrmak;
- garalmazlyk sebäplerini mejbury görnüşde görkezen ýagdaýda şikaýata seretmegi inkär etmek;
- kanunçylyga ters bolmadyk başgaça çäreleri ulanmak.

Ombudsmanyň ýanynda Konstitusion hukuklara we azatlyklara amal edilmegi boýunça komissiýa düzülen bolup, ol raýatlardan we edaralardan öz adyna gelen ýüzlenmelere garaýar.

Öz kanuny hukuklarynyň bozulanlygy hakynda şikaýat bilen islendik adam (respublikanyň raýaty, daşary ýurt raýaty ýa-da raýatlygy bolmadyk şahs) ýüzlenmegi mümkin. Ombudsman şikaýat boýunça barlagyň netijeleri esasynda aşakdakylary ýerine ýetirmelidir:

– arza berijini onuň ýüzlenmesi görüp çykylandan soňky netijeler hakynda mälim etmek;

– hereketlerinde raýatlaryň hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitleriniň bozulmagy anyklanan we iş alyp barýan ýa-da alyp barmaýan edara ýa-da wezipeli şahsa bozulan hukuklaryny dikeltmek boýunça tekliplerden ybarat öz netijesini goýbermek. Wekiliň netijesini alan edara ýa-da şahs

ony seretmeli we bir aýdan köp bolmadyk möhletde esaslanan jogap goýbermeli.

Wekiliň netijesinde aşakdaky teklipleriň bolmagy mümkin: edara ýa-da wezipeli şahs tarapyndan iş soňuna çenli ýetirilmelidir; edara ýa-da wezipeli şahsyň karary üýtgedilmeli ýa-da ýatyrylmaly; edara ýa-da wezipeli şahs kararyny esaslandyrmaly; edara ýa-da wezipeli şahs goşmaça karar kabul etmeli.

## Adam hukuklary boýunça Özbegistan Respublikasynyň Milli merkezi

Adam hukuklary boýunça Özbegistan Respublikasynyň Milli merkezi 1996-njy ýylyň 31-nji oktýabrynda ýerine ýetiriji häkimiýetiň ulgamynyň düzüminde döredilen. Ol döwletde hukuk goramak işini düzýän döwlet guramasy hasaplanýar.

**Adam hukuklary boýunça Milli merkeziň esasy wezipeleri:**

– adam hukuklary babatdaky döwlet syýasatyny üstünlikli amala aşyrmaga, bu ugurda Özbegistan Respublikasynyň halkara borçlaryny ýerine ýetirmek boýunça döwlet organlarynyň işine kömekleşmek;

– adam hukuklaryna we azatlyklaryna amal edilmegini öwrenmek, analiz etmek we umumlaşdyrmak, adam hukuklaryny goramak boýunça halkara we regional strukturalaryň görkezmeleriniň ýerine ýetiriliş monitoringini amala aşyrmak;

– Özbegistan Respublikasynda adam hukuklaryna amal edilmegi we goralmagy boýunça milli çykyşlary taýýarlamak;

– adam hukuklaryny goramak boýunça halkara we regional guramalaryň görkezmelerini amala aşyrmak boýunça milli hereketler maksatnamasyny işläp taýýarlamak;

– adam hukuklary ugrundaky normatiw-hukuk resminamalaryny kämilleşdirmek, milli kanunçylyk resminamalaryna Özbegistan Respublikasynyň adam hukuklaryna degişli halkara şertnamalaryny ulanmagy üpjün etmek boýunça teklipler taýýarlamak;

– adam hukuklaryny goramak we adam hukuklaryny amala aşyrmak boýunça döwlet organlaryna, raýatlyk jemgyýeti institutlaryna we başga guramalara amaly kömek bermek;

– ilatyň arasynda adam hukuklary ugrunda hukuk wagyz işlerini alyp barmak;

– adam hukuklaryna amal edilmegi meseleleri boýunça barlaglary guramak we geçirmek, şeýle hem ýazyjylyk işini amala aşyrmak;

– adam hukuklary ulgamynda halkara we ýerli edaralar bilen arkalaşyk etmek.

## 1-nji ýumuş

Göz öňüne getiriň, siz himiýa kombinaty ýerleşen şäherde ýaşaýarsyňyz. Bu kärhana birnäçe ýyllaryň dowamynda işläp gelýär. Ynha şu döwrüň dowamynda ilatyň arasynda ýürek-damar we öýken keselleri köpeldi. Ilatyň saglygyny barlamak netijesinde keseliň köpelmegini daş-töweregiň hapalanmagy bilen baglydygy anyklandy. Kärhana ýolbaşçylary howany arassalaýjy desgalaryny gurmak hakyndaky wadasyny ýerine ýetirmeýärler.

*Jemgyýetçilik bu problemany nähili çözmegi mümkin? Bu ýagdaýda nähili hereketler gowy bolardy?*

## 2-nji ýumuş

*Aşakdaky ýagdaýlarda adam hukuklaryny goramagyň haýsy mehanizmlerinden peýdalanmak mümkin?*

**1.** Siziň yzarlap, sizi jezalandyrmak howpy bilen gorkuzýarlar, dyngysyz jaň edýärler, kemsidýärler. *Näme etmeli?*

**2.** Sizi jenaýat etmekde günäleýärler. Haýsy guramanyň kömegine daýanmagyňyz mümkin? *Beýle ýagdaýda nähili çemeleşmeli?*

**3.** Siz adalatsyz jebirleneniňize, siziň göwnüňize degenliklerine, kemsidenliklerine göz ýetirdiňiz. *Näme etmeli?*

**4.** Agşamara dostuňyz bilen türgenleşikden gelýärsiňiz. Sizi milisioner saklady, milisiýa bölümine alyp gitmekçi boldy. *Beýle ýagdaýda özüňizi nähili alyp barmaly?*

## Jemini jemleýäris

**Hukuk we azatlyk kepilleri**

- adam hukuklaryny goramak mehanizmi: sudlar, prokuratura, milisiýa, adwokatura;
- adam hukuklarynyň amala aşyrylyşynyň monitoringi;
- «Fiziki we ýuridik şahslaryň ýüzlenmeleri hakynda»ky Kanun;
- Ombudsman;
- 1996-njy ýyl – Adam hukuklary boýunça Özbegistan Respublikasynyň Milli merkezi döredildi.

## Özüňizi barlap görüň!

1. «Konstitusion kepil» diýen düşünjäniň mazmunyny düşündirip beriň.
2. Özbegistanda adam hukuklarynyň nähili goşmaça milli mehanizmleri döredilen? Olar haýsy wezipeleri ýerine ýetirýär?
3. Näme üçin adama kär bilimleri bilen birlikde hukuk bilimler hem zerur?

## Normatiw resminama

**«FIZIKI WE ÝURIDIK ŞAHSLARYŇ ÝÜZLENMELERI HAKYNDA»KYÖZBEGISTANRESPUBLIKASYNYŇKANUNY**

*(Göçürme)*

**6-njy madda. Ýüzlenmelere goýulýan talaplar**

Fiziki şahsyň ýüzlenmesinde fiziki şahsyň familiýasy (ady, atasynyň ady), onuň ýaşaýyş jaýy hakyndaky maglumatlar görkezilen bolmalydyr.

Ýuridiki şahsyň ýüzlenmesinde ýuridiki şahsyň doly ady, onuň ýerleşen ýeri (poçta menzili) hakyndaky maglumatlar görkezilmelidir.

Fiziki we ýuridiki şahsyň ýüzlenmesinde döwlet organynyň, edaranyň anyk ady, wezipesi ýa-da wezipeli şahsyň familiýasy (ady, atasynyň ady) görkezilmelidir, şeýle hem ýüzlenmäniň mazmuny beýan edilmelidir.

Ýüzlenmelerde ýüzlenme edijileriň elektron poçta menzili, aragatnaşyk telefonlary we fakslarynyň nomerleri görkezilmegi mümkin.

Ýüzlenmeler döwlet dilinde we başga dillerde berilmegi mümkin.

Ýazma ýüzlenme ýüzleniji fiziki şahsyň goly ýa-da ýüzlenme ediji ýuridiki şahsyň hukukly şahsynyň goly bilen tassyklanan bolmalydyr. Fiziki şahsyň ýazma ýüzlenmesini ýüzlenijiniň goly bilen tassyklamak mümkinçiligi bolmadyk ýagdaýda, bu ýüzlenme ony ýazyp beren şahsyň goly bilen tassyklanyp, onuň familiýasy (ady, atasynyň ady) hem goşmaça görnüşde ýazyp goýulmalydyr.

Ýüzlenijileriň wekilleri arkaly berlen ýüzlenmelere olaryň hukuklaryny tassyklaýan resminamalar goşmaça hödürlenýär.

# 12-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ RAÝATLARYNYŇ KONSTITUSION BORÇLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– raýatlaryň Konstitusion borçlarynyň nämeden ybaratdygyny;

– kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlaryň Özbegistan Respublikasynyň kanun resminamalaryny bozanlygy üçin jogapkärligini;

– hukuk we borçlaryň aýrylmaz birligini öwrenersiňiz.

**1. Hukuk we borçlaryň birligi.**

**2. Kanunyň öňünde hemme deňdir.**

**3. Konstitusion borçlara amal etmezlik üçin jogapkärlik.**

## 1. HUKUK WE BORÇLARYŇ BIRLIGI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda diňe bir Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň esasy hukuklary däl, eýsem olaryň borçlary hem kesgitlenen.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy (II bap) raýatlaryň aşakdajy borçlaryny göz öňünde tutýar:**

**Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň borçlary:**

- Konstitusiýa we kanunlara amal etmek (48-nji madda);
- Özbegistan halkynyň taryhy, ruhy we medeni mirasyny gorap saklamak (49-njy madda);
- daş-töwerege, tebigata aýawly gatnaşykda bolmak (50-nji madda);
- kanun bilen bellenen salgytlar we ýerli tölegleri tölemek (51-nji madda);
- öz döwletini goramak, harby ýa-da alternatiw hyzmaty ýerine ýetirmek (52-nji madda).

Köpçülige mälim bir hakykat bar:

**«Edil hukuklarsyz borçlaryň bolmaýşy ýaly, borçlarsyz hukuklar hem bolmaýar».**

Muny durmuşyň özi tassyklaýar. Jemgyýetde ýaşap, özi ýaly adamlar bilen gatnaşykda bolup, adam bütinleý erkin bolup bilmeýär, çünki töwerekdäki adamlary hasaba almazlygyň mümkinçiligi hem ýok.

Bu prinsip her bir raýata degişlidir hem-de döwlet Konstitusiýasy we kanunlarynda görkezilen borçlary inkär etmäge hiç kimiň hakly däldigini aňladýar.

Şol bir wagtda Konstitusiýada öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmakda raýatlar başga adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, abraýy we gadyr-gymmatyny hormat etmekleri aýratyn nygtalýar (48-nji madda). Konstitusion borçlar we kanunlar raýatlar tarapyndan ýerine ýetirilmese administratiw, raýatlyk ýa-da jenaýat jogapkäpçiligi güýje girýär.

**Ýumuş**

*Göz öňüne getiriň, siziň synpyňyz – onçakly uly bolmadyk jemgyýet. Siziň pikiriňize görä, eger onuň raýatlary ähli hukuklara we azatlyklara eýe bolsa, emma olaryň hiç bir borjy bolmasa, nähili bolardy?*

## 2. KANUNYŇ ÖŇÜNDE HEMME DEŇDIR

Kanunyň öňünde birmeňzeş deňlik prinsipi sosial abraýy, eýeleýän wezipesi we başgalara garamazdan döwletiň ähli raýatlaryna deňdir. Hiç bir raýat Konstitusiýa bilen bellenen borçlardan boýun towlamaly däl ýa-da azat edilmeli däldir.

Konstitusiýa we kanunlara amal etmek döwlet raýatlarynyň iň esasy borjudyr.

**Esasy kanun kesgitleýär**

> Ähli raýatlar Konstitusiýada kesgitlenen borçlary ýerine ýetirýärler.
>
> **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 47-nji madda.**

### Taryhy we medeni mirasy gorap gaklamak

Özbegistan halkynyň taryhy ýadygärlikleri, medeni we ruhy mirasy ähli halkyň milli baýlygydyr. Bu milli baýlyk asyrlar dowamynda döredildi we her birimiz ata-babalarymyzyň taryhy we medeni mirasyny saklap galmalydyrys.

## Daş-töwerege ätiýaçly gatnaşykda bolmak

Daş-töwerege ätiýaçly gatnaşykda bolmak zerurlygy Konstitusiýada (50-nji madda) we «Özbegistan Respublikasynyň tebigaty goramak hakynda»ky Kanunynda öz beýanyny tapyp, olar raýatlaryň üstüne aşakdaky borçlary ýükleýär:

– tebigat resurslaryndan akylly-başly peýdalanmak;
– tebigat baýlyklaryny gorap saklamak;
– tebigat obýektleri bilen bagly bolan medeni mirasy saklap galmak.

Bu günki günde ynsan durmuşy üçin tebigaty ýok etmekden, howany, ýeri we suwy hapalamakdan hem uly howp-hatar ýok. Tebigaty gorasak, biz öz-özümizi heläkçilikden halas edýäris.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Raýatlar Özbegistan halkynyň taryhy, ruhy we medeni mirasyny gorap saklamaga mejburdyrlar.

Medeniýet ýadygärlikleri döwlet goragyndadyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 49-njy madda.**

## Watany goramak

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda Watany goramak döwletiň her bir raýatynyň borjy, diýip yglan edilen (52-nji madda). «Umumy harby borçlulyk we harby gulluk hakynda»ky Kanuna görä öz Watanyny goramak borjy raýatlar tarapyndan harby ýa-da alternatiw gullugy ýerine ýetirmek ýoly bilen ýerine ýetirilýär.

Alternatiw gulluk adatça oba hojalyk kärhanalarynda kämillik talap edilmeýän işleri ýerine ýetirmäge çekmegi göz öňünde tutýar. Aýallar parahatçylyk wagtynda harby gulluga çagyrylmaýar.





Özbegistanda hemişelik ýa-da wagtlaýyn ýaşap duran başga döwletleriň raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar harby gulluga çagyrylmaýar hem-de döwletiň okuw jaýlarynda harby taýýarlykdan geçmeýärler. Möhletleýin harby gulluga saglyk ýagdaýyna görä harby gulluga ýaramly, çagyryş gününde 18 ýaşa dolan erkekler çagyrylýar. 1993-nji ýylda 14-nji ýanwar güni biziň döwletimizde **Watan goraýjylary güni** diýip yglan edildi.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasyny goramak – Özbegistan Respublikasynyň her bir raýatynyň borjudyr. Raýatlar kanunda bellenen tertipde harby ýa-da alternatiw gullugy ýerine ýetirmäge mejburdyrlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 52-nji madda.**

### Tälim almak – kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlaryň esasy borjudyr

Döwletiň kämillik ýaşyna ýetmedik raýatlarynyň esasy borçlarynden biri umumy tälim almakdyr. Mekdeplerde dokuz ýyl okandan soň tälim alyjylar tälimi 10–11-nji synplarda ýa-da liseýlerde, ýa-da 11-nji synpy tamamlandan soň kolležlerde ýa-da ýokary okuw jaýlarynda dowam etdirýärler.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda her kim tälim almak hukugyna eýe we her kimiň tölegsiz umumy tälim almagy kepillendirilýär (41-nji madda).

Häzirki günde respublikamyzda ýokary okuw mekdepleri, ýörite orta kesp-hunär tälimi edaralary, umumy orta bilim berýän mekdepleri iş alyp barýar. Olaryň ähli güýç-gaýraty tälim alyjylary her taraplaýyn kämil, ýokary medeniýete eýe bolan döredijі şahslar edip terbiýelemäge gönükdirilen.





## 3. KONSTITUSION BORÇLARA AMAL ETMEZLIK ÜÇIN JOGAPKÄRÇILIK

Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärlik hakyndaky Kodeksine görä, kanuny bozan gününe çenli 16 ýaşa dolan raýatlar administratiw jogapkärçilige çekilmelidirler.

13 ýaşdan ýetginjekler günäni agyrlaşdyryjy ýagdaýlarda kastdan adam öldürenlik, 14 ýaşdan bolsa kastdan adam öldürmek, kastdan örän agyr ýa-da ýeňil ýaralamaklyk, gynamak, namysyna degmek, adam ogurlamak, basgynçylyk, talaňçylyk, ogurlyk, transport serişdelerini ogurlamak we başga agyr kanunbozmalar üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilýärler.

**Kämillik ýaşyna ýetmedik kanunbozmalara görä aşakdaky jeza çäreleriniň ulanylmagy mümkin:**

– ýetirilen zyýany tölemek borjuny ýüklemek;
– jerime;
– azatlykdan mahrum etmek.

Kämillik ýaşyna ýetmedik kanunbozmalar jezany kämillik ýaşyna ýetmedikler üçin niýetlenen koloniýalarda ýa-da ýapyk görnüşdäki ýörite tälim-terbiýe edaralarynda geçirýärler.

### *Jemini jemleýäris*

**Raýatlaryň borçlary:**

- kanunyň öňünde hemme deňdir;
- hukuklar borçlarsyz bolmaýar;
- Konstitusiýa we kanunlara amal etmek;
- başga adamlaryň hukuklaryny, azatlyklaryny, abraýyny we gadyr-gymmatyny hormat etmek;
- taryhy we medeniýet ýadygärliklerini gorap saklamak;
- kanun bilen bellenen salgytlary tölemek;
- harby ýa-da alternatiw gullugy berjaý etmek;
- daş-töwerege ätiýaçly gatnaşykda bolmak, gorap saklamak.

### *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Siziň pikiriňize görä, döwlet raýatlarynyň hukuklarynyň we erkinlikleriniň

amala aşyrylmagy üçin olaryň Konstitusiýada belläp goýulmagynyň özi ýeterlimi?

2. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda döwlet raýatlary üçin bellenen borçlary aýdyp beriň.
3. Nähili pikir edýärsiňiz, näme üçin hukuklar borçlarsyz bolmaýar?
4. Döwlet Konstitusiýasyna we kanunlaryna amal etmänligi üçin kämillik ýaşyna ýetmediklere nähili administratiw we jenaýat jogapkärçiligi bellenen?

## *Normatiw resminama*

### KÄMILLIK ÝAŞYNA ÝETMEDIKLERIŇ IŞLERI BOÝUNÇA EDARALARARA KOMISSIÝALAR HAKYNDAKY DÜZGÜNNAMA

*(Göçürme)*

#### 9-njy bap. TÄSIR ÇÄRELERI WE OLARY ULANMAK TERTIBI

21. Tümen (şäher) komissiýalary bu Düzgünnamanyň 20-nji bendinde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda kämillik ýaşyna ýetmediklere täsir etmek çäresi hökmünde:

– tümen (şäher) suduna kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa jebirlenijiden ötünç soramak borjuny ýüklemek hakynda teklip girizmek;

– duýduryş bermek;

– tümen (şäher) suduna 15 ýaşa dolan kämillik ýaşyna ýetmedik şahsa, egerde zyýanyň möçberi bellenen minimal iş hakynyň mukdaryndan köp bolmasa, ýetirilen maddy zyýany doldurmak ýa-da ýerine goýmak borjuny ýüklemek `ýa-da bellenen minimal iş hakynyň mukdaryndan köp bolmadyk maddy zyýany öz zähmeti bilen tölemek borjuny ýüklemek hakynda teklip girizmek;

– 16 ýaşa dolan kämillik ýaşyna ýetmedik we özbaşdak pul gazanýan şahsa Özbegistan Respublikasynyň Administratiw jogapkärçilik hakyndaky Kodeksinde göz öňünde tutulan ýagdaýlarda we mukdarda jerime salmak;

– kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy ata-enesine ýa-da olaryň ýerini tutujy şahslara ýa-da jemgyýet terbiýeçileriniň gözegçiligine, şeýle hem zähmet jemgyýetine ýa-da döwlete degişli bolmadyk edaralaryň gözegçiligine olaryň razylygy bilen bermek;

– kämillik ýaşyna ýetmedik şahsy kanunçylykda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda we tertipde ýöriteleşdirilen tälim-terbiýe edaralaryna ýerleşdirmek hakynda suda teklip bermegi mümkin.

# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ JENAÝAT KODEKSI

(*Göçürme*)

**43-nji madda. Jeza ulgamy.**

Jenaýat etmekde günäkär diýip tapylan şahslara görä aşakdaky esasy jezalar ulanylmagy mümkin: a) jerime; b) hukuklardan mahrum etmek; b[1]) mejbury jemgyýet işleri; v) ahlak düzediş işleri; g) hyzmat boýunça çäklendirmeler; d[1]) azatlygy çäklemek; e) jerime bölümine goýbermek; j) azatlykdan mahrum etmek; z) ömürlik azatlykdan mahrum etmek.

Tussaglara esasy jezalardan başga harby ýa-da ýörite derejeden mahrum etmek görnüşindäki goşmaça jezanyň hem ulanylmagy mümkin. Gulluk boýunça çäklendirmek ýa-da jerime bölümine goýbermek görnüşindäki jezalar diňe harby gullukçylara görä ulanylýar. Bu hukukdan mahrum etmek diňe esasy jeza görnüşinde däl-de, eýsem goşmaça jeza görnüşinde hem ulanylmagy mümkin.

**82-nji madda. Jerime.**

Jerime iň kem aýlyk iş hakynyň iki essesinden ýigrimi essesine çenli mukdarda bellenilýär. Hökümi çykarylan şahs alty aýyň dowamynda jerime tölemekden boýun towlasa, sud tölenmedik jerime mukdaryny ahlak düzediş işleri jezasy bilen çalyşýar. Munda iň kem aýlyk iş hakynyň iki esse mukdaryndaky jerime ahlak düzediş işleriniň bir aýyna deňleşdirip hasaplanýar.

**83-nji madda. Ahlak düzediş işleri.**

Ahlak düzediş işleri diňe zähmete ýaramly kämillik ýaşyna ýetmediklere görä öz iş jaýynda alyp barylýar. Eger-de hökümi çykarylan şahs hiç ýerde işlemese, onda bu jezanyň şol şahsyň özi ýaşaýan çäkdäki başga ýerlerde bir aýdan bir ýyla çenli bellenen möhletde jezanyň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýän organlaryň gözegçiligi astynda amala aşyrylmagy mümkin.

**85-nji madda. Azatlykdan mahrum etmek.**

Kämillik ýaşyna ýetmediklere görä azatlykdan mahrum etmek jezasy alty aýdan on ýyla çenli möhlete bellenýär.

Azatlykdan mahrum etmek jenaýat eden wagtynda on üç ýaşadan on alty ýaşa çenli bolan şahslara görä: a) agyr jenaýat üçin – alty ýyla çenli; b) örän agyr jenaýat üçin – on ýyla çenli möhlete bellenýär.

## ARALYK BARLAG ÜÇIN SORAGLAR

***Kynçylyk çekseňiz ýaýyň içinde görkezilen derslik sahypalaryna serediň.***

1. Häkimiýet näme? (33-nji s.)
2. Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesi kim? (33-nji s.)
3. Belli bir döwlete degişliligini subut edip bilmedik şahs nähili atlandyrylýar? (37-nji s.)
4. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň Ikinji bölümi haýsy meselelere bagyşlanan? (34-nji s.)
5. Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynda görkezilen şahsy hukuklary we azatlyklary sanap beriň. (35-nji s.)
6. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda görkezilen syýasy hukuklary sanap beriň. (35-nji s.)
7. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda görkezilen ykdysady, sosial we medeni hukuklary sanap beriň. (35–36-njy s.)
8. Şahsyň konkret döwlet bilen durnukly aragatnaşygy nähili atlandyrylýar? (36-njy s.)
9. Raýatlygy bolmadyk şahs nähili hukuklardan mahrum bolýar? (62-nji s.)
10. Diskriminasiýa näme? (62-nji s.)
11. Özbegistan Respublikasynda raýatlyga degişli işler bilen haýsy döwlet edaralary meşgullanýar? (63-nji s.)
12. Özbegistan raýatlygyny nähili almak mümkin? (63-nji s.)
13. Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyny togtadyp goýmak üçin haýsy sebäpler esas bolmagy mümkin? (65-nji s.)
14. Döwletiň raýatlygyny haýsy resminama tassyklaýar? (63, 66-njy s.)
15. Biometrik pasportyň aýratynlyklaryny sanap beriň. (63-nji s.)
16. «Özbegistan Respublikasynda ölüm jezasyny ýatyrmak hakynda»ky Kanun haçan kabul edildi? (41-nji s.)
17. Döwlet häkimiýeti organlaryna raýatlaryň ýüzlenmeleriniň görnüşlerini sanap beriň. (58-nji s.)
18. Özbegistan Respublikasynyň raýatynyň ykdysady we sosial hukuklaryny sanap beriň. (58-nji s.)
19. Kärhana administrasiýasy haýsy ýaşdan başlap işe kabul etmäge hakly? (48-nji s.)
20. Kämillik ýaşyna ýetmedik şahs nähili şertlere görä işe kabul edilmegi mümkin? (51-nji s.)
21. Adam hukuklary boýunça wekil – Ombudsmanyň hukuklaryny sanap beriň. (70-nji s.)
22. Adam hukuklary boýunça Özbegistan Respublikasynyň Milli merkeziniň wezipelerini sanap beriň. (71-nji s.)
23. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy bilen bellenen döwletiň raýatlarynyň borçlaryny sanap beriň. (74-nji s.)

# III bölüm
# JEMGYÝET WE ŞAHS



Raýatlar öz hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmakda başga şahslaryň, döwletiň we jemgyýetiň kanuny bähbitlerine, hukuklaryna we azatlyklaryna putur ýetirmeli däldirler.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 20-nji madda.**

## 13-§. JEMGYÝETÇILIK BIRLEŞIKLERINIŇ WE KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR SERIŞDELERINIŇ IŞI

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– demokratik döwletdäki aňyýete esaslanan we syýasy garaýyşlaryň köpdürlüligini;

– demokratiýanyň düzüm bölegi hökmünde jemgyýetçilik birleşikleriniň işini;

– köpçülikleýin habar serişdeleriniň iş prinsiplerini öwrenersiňiz.

**1. Jemgyýetçilik birleşikleri näme üçin gerek?**

**2. Jemgyýetçilik birleşiklerini düzmek we işini alyp barmak prinsipleri.**

**3. Köpçülikleýin habar serişdeleri.**

### 1. JEMGYÝET BIRLEŞMELERI NÄME ÜÇIN GEREK?

**Jemgyýetçilik birleşikleri** – bu, öz bähbitleri we islegleri, öz ukyplaryny we başarnyklaryny görkezmek mümkinçiliginden gelip çykan ýagdaýda dürli toparlara birleşmek ýoly bilen jemgyýet durmuşynda gatnaşmak üçin döwlet ilatynyň birleşmeleriniň amalda emele gelmegidir.

*Siziň pikiriňize görä, jemgyýetçilik birleşikleri we köpçülikleýin habar serişdeleri döwlete näme üçin gerek? Adamlaryň dürli toparlary, partiýalar we köpçülikleýin hereketleriň jemgyýet durmuşyna gatnaşmagy nähili derejede möhüm?*

## 1-nji ýumuş

*Özbegistan Respublikasyndaky haýsy jemgyýetçilik birleşikleriniň işi hakynda eşidenleriňizi, gazetlerde okanlaryňyzy ýadyňyza salyň.*

**Jemgyýetçilik birleşikleri** özara peýda esasynda raýatlaryň isleglerine görä birleşmeginiň netijesinde emele gelen guramalardyr.

Jemgyýetçilik birleşikleri aşakdaky şekillerde bolýar: jemgyýetçilik guramalary, köpçülikleýin hereketler, jemgyýetçilik fondlary we başga döwlete degişli bolmadyk edaralar.

Özbegistan Respublikasynda birnäçe jemgyýetçilik birleşmeleri bar, meselem: Özbegistanyň aýal-gyzlar komiteti, «Sog'lom avlod uchun» halkara fondy, «Yoshlar ittifoqi», «Sen yolg'iz emassan» Respublika jemgyýetçilik çagalar fondy, «Nuroniy» Geňeşi, «Mahalla» fondy we başgalar.

## 2-nji ýumuş

*Jedweli dolduryň.*

| Jemgyýetçilik birleşikleri | Ady |
|---|---|
| Kärdeşler aralaşygy | |
| Syýasy partiýalar | |
| Maýyplar guramalary | |
| Döredijilik birleşmeleri | |
| Jemgyýetçilik haýyr-sogap fondlary | |
| Aýal-gyzlar, çagalar guramalary | |

## Esasy kanun kesgitleýär

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary kärdeşler arkalaşyklaryna, syýasy partiýalara we başga jemgyýetçilik birleşiklerine birleşmek, köpçülikleýin hereketlerde gatnaşmak hukugyna eýedirler.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 34-nji madda.**

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynda kanunda bellenen tertipde hasapdan geçirilen kärdeşler arkalaşygy, syýasy partiýalar, alymlaryň jemgyýetleri, aýal-gyzlar, garrylar we ýaşlar guramalary, döredijilik birleşmeleri, köpçülikleýin hereketler we raýatlaryň başga birleşmeleri jemgyýetçilik birleşikleri hökmünde kabul edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 56-njy madda.**

## 2. JEMGYÝETÇILIK BIRLEŞIKLERINI DÜZMEK WE IŞINI ALYP BARMAK PRINSIPLERI

Döwlet guramalary bilen bir hatarda döwletiň zähmet çekýän ilatynyň hukuklaryny goraýan kärdeşler arkalaşygy ýurdumyzdaky iň öňdebaryjy jemgyýetçilik birleşikleri hasaplanýar. Häzirki wagtda kärdeşler arkalaşygy döwlet dolandyryş organlaryndan özbaşdakdyrlar hem-de diňe işgärleriň we köpçüligiň peýdasyna iş alyp barýarlar.

**JEMGYÝETÇILIK BIRLEŞIKLERINI DÜZMEK WE IŞINI ALYP BARMAK PRINSIPLERI:**

- **Kanunylyk**
- **Öz-özüňi dolandyrmak**
- **Deň hukuklylyk**
- **Islegine görä**
- **Aç-açanlyk**

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Kärdeşler arkalaşygynyň işgärleri sosial-ykdysady hukuklaryny we bähbitlerini ykrar edýärler we goraýarlar. Kärdeşler arkalaşygyna agza bolmak öz islegiňe görädir.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 59-njy madda.**

Ähli jemgyýetçilik birleşikleri öz ustawlary esasynda we Özbegistan Respublikasynyň amaldaky kanun resminamalary bilen iş alyp barýarlar.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Konstitusion düzümi zorluk bilen üýtgetmegi maksat edýän, respublikanyň suwerenitetine, bitewiligine we howpsuzlygyna, raýatlaryň Konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykýan, urşy, sosial, milli, jynsy we dini dawalary wagyz edýän, halkyň saglygyna we ruhyýetine howp salýan, şeýle hem, harbylaşdyrylan birleşmeleriň, milli we dini ruhdaky syýasy partiýalaryň hem-de jemgyýetçilik birleşikleriniň düzülmegi we iş alyp barmagy gadagan edilýär.

Gizlin jemgyýetler we guramalar düzmek gadagan edilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 57-nji madda.**

Jemgyýetçilik birleşiklerini dargadyp goýbermek, olaryň işini yzarlamak ýa-da çäklendirip goýmak diňe suduň karary esasynda amala aşyrylýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 62-nji madda.**

## 3. KÖPÇÜLIKLEÝIN HABAR SERIŞDELERI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna (67-nji madda) we Özbegistan Respublikasynyň «Köpçülikleýin habar serişdeleri hakynda»ky Kanunyna görä her bir raýata söz azatlygy: radio arkaly metbugatda, telewideniýede we başga köpçülikleýin habar serişdelerinde çykyş etmek, öz pikirini we ynamyny açyk-aýdyň beýan etmek hukugy berilýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Köpçülikleýin habar serişdeleri erkindir we kanuna görä iş alyp barýar. Olar habaryň dogrulygy üçin bellenen tertipde jogapkärdirler.

Senzura ýol berilmeýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 67-nji madda.**




### *Ýatda saklaň!*

> **Senzura** – aňyýet taýdan zyýanly hasaplanan makalalary gadagan etmek maksadynda gazetleriň, žurnallaryň we başga neşirleriň neşirden öň gözden geçirilmegi.

Başga adam hakynda onuň razylygysyz habar ýygnamak, saklamak we peýdalanmak gadagan edilýär. Diňe kanunda bellenen ýagdaýlar muňa degişli däldir.

Eger köpçülikleýin habar serişdelerinde nädogry bolan, şeýle hem, adamyň gadyr-gymmatyny we abraýyny kemsidýän maglumatlar yglan edilen bolsa, onda şol maglumatlary çap eden neşirde berlen maglumatlary inkär edýän habar bermäge haklydyr.

### *3-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, adamlaryň özleriniň islän ähli zatlaryny yglan etmek mümkinçiligine eýe bolmagy gerekmi? Köpçülikleýin habar serişdelerinde yglan edilmegi zerur we yglan edilmezligi hökman bolan zatlaryň hasabyny düzüň.*

Öz işinde adamlary onuň hereketlerine garşy gönükdiren käbir gazetleri hökümet belli bir wagta ýapyp goýýar.

*Siziň pikiriňize görä, bu adam hukuklarynyň bozulmagymy? Gelejekde döwlet ýolbaşçysy bolsaňyz, nähili çemeleşen bolardyňyz?*

Jemgyýetiň we her bir adamyň maglumat almagy – ykdysady we ruhy ösüşiň girewidir. Emma galplaşdyrylan, jemgyýetçilik pikiriniň şekillenmezligi üçin habar dargatmak döwletiň ýa-da bir topar şahslaryň monopoliýasy bolmaly däldir.

Demokratik hukuk döwletini gurmagyň esasy şertlerinden biri – metbugat we habar azatlygydyr. Emma söz we metbugat azatlygy absolýut bolup bilmeýär. Çünki telewizoryň ekranynda ýaňlanan, gazetde yglan edilen habary millionlarça adamlar görýärler, okaýarlar. Eger bir şahs, kärhana, önümçilik pudagy hakynda ýalňyş maglumatlar aýdylsa, munuň bilen olaryň abraýyna zyýan ýetýär, hukuklary bozulýar. Galp maglumatlar, zorluk hereketlerine çagyryş we başga hereketler üçin olary yglan eden köpçülikleýin habar serişdeleri amaldaky kanuna görä sud jogapkärçiligine çekilýär.

### *4-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, özbaşdak metbugat bolup bilermi?*

*Gazetlerden haýsylaryny yzygiderli okaýarsyňyz?*

*Ünsüňizi çekmegi we ony yzygiderli okamagyňyz üçin, siziň pikiriňize görä, gazet nähili bolmaly?*

**Kanuna görä aşakdaky ýagdaýlarda köpçülikleýin habar serişdelerinden peýdalanmaga ýol berilmeýär:**

- bar bolan gurluşy, Özbegistan Respublikasynyň ýerli bitewiligini zorluk bilen üýtgetmeklige çagyrmak maksadynda bolsa;
- uruş we zorlugy, milli, jynsy we dini dawany ýaýratmak maksadynda bolsa;
- döwlet syrlaryny açmak ýa-da kanun bilen goralýan başga syrlary saklanýan maglumatlary açmak;
- milli, jynsy, etnik ýa-da dini dawalary gozgaýan habarlar ýaýratmak;
- köpçülikleýin habar serişdeleri arkaly raýatlaryň abraýyna, gadyr-gymmatyna ýa-da işindäki abraýyna putur berýän habarlar ýaýratmak, olaryň şahsy durmuşyna goşulmak gadagan edilýär.

Şeýle hem, derňew we prokuratura organlarynyň rugsady bolmasa ilkinji derňew materiallaryny yglan etmek hem gadagan edilýär.

## Jemini jemleýäris

**Jemgyýetçilik birleşikleri, köpçülikleýin habar serişdeleri:**

- maksat – sosial-ykdysady we sosial-syýasy meseleleri çözmek;
- jemgyýetçilik birleşikleri, syýasy partiýalar;
- haýyr-sogap fondlary;
- kärdeşler arkalaşygy;
- hasapdan geçmek mejburydyr;
- öz islegine görä;
- syýasy plýuralizm;
- KHS-de – senzura ýol berilmeýär;
- töhmet üçin – sud jogapkärligi;
- habar almak – ösmegiň girewidir;
- «Köpçülikleýin habar serişdeleri hakynda»ky Kanun.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Jemgyýetçilik birleşikleriniň döwlet organlaryndan esasy tapawudyny aýdyň.

**2.** Özbegistan Respublikasynda bar bolan jemgyýetçilik birleşikleriniň görnüşlerini sanaň.

**3.** Jemgyýetçilik birleşikleri haýsy prinsipler esasynda düzülýär we iş alyp barýar?

**4.** Döwlet we jemgyýetçilik birleşikleriniň özara aragatnaşyklary nähili görnüşde amala aşyrylýar?

**5.** Özbegistan Respublikasynda nähili partiýalar we jemgyýetçilik birleşiklerini guramak gadagan edilýär?

**6.** Söz we metbugat azatlygy nähili görnüşde jemgyýete ýaman täsir etmegi mümkin?

**7.** Nähili habar serişdelerini özbaşdak diýip hasaplamak mümkin?

**8.** Jümläni dowam etdiriň: «Men gazetleri okamaýaryn, çünki ...».

## 14-§. SYÝASY PARTIÝALARYŇ IŞI

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– demokratik hukuk döwletinde partiýalaryň işiniň ähmiýeti hakynda;

– Özbegistan Respublikasynda syýasy partiýalaryň işi we olaryň maksatnamalary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Raýatlaryň döwleti dolandyrmakdaky orny.**

**2. Özbegistan Respublikasynda köppartiýa esaslanan ulgamnyň şekillenmegi.**

### 1. RAÝATLARYŇ DÖWLETI DOLANDYRMAKDAKY ORNY

Adamlaryň durmuşynda dürli meseleler bar. Ynha şu meselelerden käbirini adamyň özi, başgalaryny bolsa diňe özgeler bilen birleşip çözmek mümkin. Meselem, işiwürligi ösdürmek bilen bagly bolan meseleler – işewürleriň bähbitlerini goramak, kredit almak, salgyda çekmek, daşky bazara çykmak meselelerini çözmek üçin işewürleriň guramasy düzülýär. Şeýle hem, başga toparlar: pensionerler, maýyplar, ýaşlar, mugallymlar, lukmanlar we başgalar hem öz meselelerini çözmek maksadynda birleşýärler.

**1-nji ýumuş**

*Dört topara bölüniň.*

*Siziň toparyňyzyň iň agzybir we jebisligini, şonuň üçin hem onuň wekilleriniň kanun çykaryjy organ deputatlarynyň arasynda köpçülige eýe bolmalydygyny subut etmäge hereket ediň.*

Ynha, demokratik jemgyýetde döwlet häkimiýeti organlarynda şu toparlardan diňe biriniň wekilleriniň bolmagynyň mümkin däldigine özüňiz hem göz ýetirdiňiz. Ynha şu toparlardan her biriniň bähbitleriniň aňladylmagyny we goralmagyny nänili ýol bilen gazanmak mümkin?

**2-nji ýumuş**

*Alty topara bölüniň: iki topar syýasy partiýalary, galanlary bolsa pensionerleri, ýaşlary, fermerleri we aýallar birleşikleriniň wekillerini aňlatsyn.*

**Syýasy partiýalaryň wekilleri maksatnamalar** işläp taýrlap, olar ýokarda aýdyp geçilen toparlaryň bähbitlerini hasaba alan ýagdaýda öz maksat we wezipelerini kesgitleýärler hem-de goldamaklaryny gazanmak üçin olaryň arasynda düşündiriş işlerini alyp barýarlar.

**Pensionerler, ýaşlar, fermerler we aýallar öz toparlaryna** mahsus bolan meseleleri anyklaýarlar.

Wagyz işleriniň dowamynda ynha şu partiýalardan haýsy birini goldaýanlygyny anyklamalydyrlar.

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA KÖPPARTIÝA ESASLANAN SISTEMANYŇ ŞEKILLENMEGI

Syýasy partiýalary düzmek we olaryň işinde gatnaşmak raýatlaryň möhüm syýasy hukuklaryndan biri hasaplanýar. Syýasy partiýanyň özi näme?

*Ýatda saklaň!*

**Syýasy partiýa** – Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň garaýyşlarynyň, bähbitleriniň we maksatlarynyň birligi esasynda düzülen, döwlet häkimiýeti organlaryny şekillendirmekde jemgyýetiň belli bir böleginiň syýasy islegini amala aşyrmaga ymtylýan hem-de öz wekilleri arkaly döwlet we jemgyýet işlerini dolandyrmakda gatnaşýan meýletinler guramasy.

**Özbegistan Respublikasynyň «Syýasy partiýalar hakynda»ky Kanuny, 1-nji madda.**

Taryhyň barşy ýeke partiýa esaslanan ulgamnyň döwletde diktatura ornaşdyrylmagyna getirýänligini tassyklady. Köp partiýa esaslanan ulgam bolsa raýatlara dürli partiýalardan kandidatlaryny saýlap almaga we jemgyýeti ösdürmek boýunça ol ýa-da bu maksatnama artykmaçlyk bermäge mümkinçilik döredýär.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

> Syýasy partiýalar dürli gatlaklaryň we toparlaryň syýasy islegini aňladýarlar we özleriniň demokratik ýol bilen saýlanan wekilleri arkaly döwlet häkimiýetini düzmekde gatnaşýarlar.
>
> **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 60-njy madda.**

Her bir raýatyň özüniň pikirine görä onuň bähbitlerini goraýan, döwletiň ösüşine mümkinçilik döredip berýän partiýadan kandidaty saýlap almagy üçin demokratik hukuk döwletinde azyndan iki sany partiýa bolmaly.

Häzirki wagtda Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynda bäş sany syýasy partiýanyň wekilleri gatnaşýar. Olar kanunçylygy şekillendirmek we ykdysadyýet, medeniýet we sosial pudaklarda döwlet syýasatyny alyp barmaga uly täsir edýär.



| Partiýanyň ady | Hasaba alnan wagty | Maksady |
|---|---|---|
| Özbegistan Halk demokratik partiýasy (XDP) | 1991-nji ý. | Sosial adalaty, döwletiň ösüşini we ruhy täzelenmegini üpjün etmek. |
| «Adolat» sosial-demokratik partiýasy | 1995-nji ý. | Hukuky demokratik döwlet gurmak, sosial adalat ornatmak. |
| Özbegistan «Milliy tiklanish» demokratik partiýasy | 1995-nji ý. | Döwletiň umumynsany gymmatlyklar esasynda milli dikeldilmegi. |
| Işewürler we telekeçiler hereketi – Özbegistan liberal-demokratik (O'zLiDeP) partiýasy | 2003-nji ý. | Orta synp, kiçi biznes öňdebaryjylary, işewür adamlar, önümçiligiň we dolandyryşyň ýokary derejeli hünärmenleriniň bähbitlerini goramak. |
| Özbegistan Ekologik partiýasy | 2019-njy ý. | Daş-töweregi goramakda jemgyýetçilik işeňňirligini her taraplaýyn artdyrmak. |

## *Jemini jemleýäris*

*Syýasy partiýalaryň işi:*

- maksat – sosial-syýasy meseleleri çözmek;
- pikirleriň syýasy we aňyýete esaslanan köpdürlüligi;
- köppartiýalylyk – pikirleriň köpdürlüligi;
- partiýa – döwlet häkimiýetini şekillendirýär, öz wekilleri arkaly döwleti dolandyrýar;
- «Syýasy partiýalar hakynda»ky Kanun;
- «Döwlet dolandyryşyny täzelemek we demokratlaşdyrmak we döwleti modernizasiýa etmekde syýasy partiýalaryň roluny güýçlendirmek hakynda»ky Konstitusion Kanun.

## Özüňizi barlap görüň!

1. Adamlar nähili maksatlarda syýasy partiýalara we hereketlere birleşýärler?
2. Köppartiýalylygyň bolmagy döwletde demokratiýanyň ösüşine nähili gowy täsir edýär?
3. Döwlet Konstitusiýasy we kanunlaryna görä Özbegistan Respublikasynda nähili partiýalaryň düzülmegi gadagan edilen?
4. Häzirki wagtda Özbegistan Respublikasynda iş alyp barýan syýasy partiýalary sanap beriň.

### SYÝASY PARTIÝALAR HAKYNDA ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KANUNY

*(Göçürme)*

**2-nji madda. Syýasy partiýalaryň işiniň hukuky esaslary**

**Syýasy partiýalar öz işini** Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, şu Kanun, başga kanunçylyk resminamalary, şeýle hem öz Ustawlary esasynda amala aşyrýarlar.

**3-nji madda. Syýasy partiýalary düzmek we iş prinsipleri**

Syýasy partiýalar isleg-arzuwlaryny erkin beýan etmek, meýletin agza bolmak we partiýadan çykmak, öz agzalarynyň deň hukuklylygy, öz-özüňi dolandyryş, kanuna esaslanmak we aç-açanlyk esasynda raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny amala aşyrmak maksadynda düzülýär.

Syýasy partiýalary düzmek we işini alyp barmak aşakdaky ýagdaýlarda:

Konstitusion ulgamny zorluk bilen üýtgetmegi maksat edip goýýan;

Özbegistan Respublikasynyň suwerenitetine, bitewiligine we howpsuzlygyna, raýatlaryň Konstitusion hukuklaryna we azatlyklaryna garşy çykýan;

urşy, sosial, milli, jynsy we dini dawalary wagyz edýän;

halkyň saglygyna we ruhyýetine howp salýan;

milli we dini ruhdaky syýasy partiýalaryň gurluşy we işi gadagan edilýär.

**4-nji madda. Syýasy partiýalarda agzalyk**

Syýasy partiýalarda agza bolup bilmeýärler:

sudýalar;

prokurorlar we prokuratura işgärleri;

içeri işler, Döwlet howpsuzlyk gullugy organlarynyň işgärleri;

harby işgärler;

daşary döwletleriň raýatlary we raýatlygy bolmadyk şahslar.

# 15-§. MAŞGALA JEMGYÝETIŇ BU GÜNÜNIŇ WE GELEJEGINIŇ ESASYDYR

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– maşgalanyň jemgyýete we jemgyýetiň maşgala görä esasy hukuklary we borçlary hakynda;
– nikalaşma şertleri hakynda;
– är-aýallaryň hukuklary we borçlary hakynda;
– perzentleriň hukuklary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Maşgala we jemgyýet.**
**2. Maşgala döwlet goragynda.**
**3. Nikalaşma şertleri.**
**4. Çagalaryň hukuklary.**

## 1. MAŞGALA WE JEMGYÝET

Jemgyýetde maşgalanyň orny ähmiýetli bolup, ýagny oňa adalatly görnüşde her bir jemgyýetiň esasy hökmünde garalýar. Çünki maşgala jemgyýetçilik durmuşynyň möhüm bölegi bolup, onda gelejekde jemgyýetde ýaşamaly we döwletiň raýaty bolmaly şahsyň dünýä gelmegi, aýaga galmagy we şekillenmek hadysalary bolup geçýär.

Jemgyýetiň ýagdaýy hem, öz nobatynda, ynsanyň maşgalada nähili terbiýe alanlygyna, bu ojakdan nähili ruhy ynamy kalbyna siňdirip bilenligine, şahsyň maşgalada kemal tapmagy üçin zerur şertleriň nähili derejede mynasyplygyna bagly bolýar. Şonuň üçin maşgalany goramaga islendik jemgyýetde, her bir döwletde aýratyn üns berilýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Maşgala jemgyýetiň esasy bogunydyr hem-de jemgyýetiň we döwletiň goragynda bolmak hukugyna eýe.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 63-nji madda.**

Ýurdumyzda maşgalanyň, enelik we çagalygyň Konstitusiýa esasynda goralmagy adam hukuklary boýunça halkara resminamalara laýyk gelýär.

Kanunlar bilen enäniň we çaganyň bähbitlerini goramak üpjün edilýär.

**Maşgala gatnaşyklary ugrundaky Konstitusion prinsipler:**

- aýallaryň we erkekleriň hukuklarynyň deňligi;
- nika erkinligi, durmuş ýoldaşyny saýlamak erkinligi;
- nikalaşan şahslaryň deň hukuklylygy;
- ata-enaleriniň gelip çykyşyna we raýatlyk abraýyna garamazdan kanunyň öňünde perzentleriň hukuklarynyň deňligi;
- ýetim çagalaryň we ata-enesiniň hossarlygyndan mahrum bolan çagalaryň idedilmeginiň, terbiýelenmeginiň we tälim almagynyň kepillendirilmegi;
- eneligiň we çagalygyň goralmagy;

**Döwlet aşakdaky borçlary öz boýnuna alýar:**

- maşgalany goramak;
- ýetim çagalaryň we ata-enesiniň hossarlygyndan mahrum bolan çagalaryň idedilmegini, terbiýelenmegini we tälim almagyny üpjün etmek;
- ýetim çagalar we ata-enäniň hossarlygyndan mahrum bolan çagalar üçin haýyr-sogap işlerini goldamak.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Ata-eneler öz perzentlerini kämillik ýaşyna ýetýänçä ideg etmäge we terbiýelemäge mejburdyrlar.

Döwlet we jemgyýet ýetim çagalary we ata-eneleriniň gamhorlugyndan mahrum bolan çagalary ideg etmegi, terbiýelemegi we okatmagy üpjün edýär, çagalara bagyşlanan haýyr-sogap işlerini goldaýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 64-nji madda.**

## 2. MAŞGALA DÖWLETIŇ GAMHORLYGYNDA

Maşgalany goramak döwletde dürli kanunlary kabul etmek, şeýle hem, jemgyýetçilik fondlary we guramalary tarapyndan ruhy we maddy goldamak ýoly bilen amala aşyrylýar. Garaşsyzlyk ýyllarynda respublikamyzda «Bolalar jamg‘armasi», «Mahalla», «Ekosan», milli «Qizil Yarim oy jamiyati» ýaly köp çagaly we doly üpjün edilmedik maşgalalara, çagalara, ýalňyz garrylara we başgalara mümkinçiligine görä kömek berýän jemgyýet fondlary düzüldi.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Permanyna görä 1993-nji ýylyň 7-nji maýynda döwletde ilkinji orden – «**Sog‘lom avlod uchun**» ordeni yglan edildi.

Enelik we çagalygy goramakda, sagdyn nesliň kemal tapmagy üçin maddy şertleri we ruhy ýagdaýy üpjün etmekde aýratyn hyzmat edýän şahslar «Sog‘lom avlod uchun» ordeni bilen sylaglanýarlar.



## 3. NIKALAŞMA ŞERTLERI

Nikalaşmak üçin ýigidiň we gyzyň öz islegine görä razylygy zerur, şeýle hem, olar belli bir ýaşa dolan bolmagy şert (gyzlar we ýigitler – 18 ýaşdan).

Islegine görä razylyk nikalaşma meselesi çözülýän wagtynda üçünji şahslaryň täsiri bolmazlygyny aňladýar. Üçünji şahslar, şol sanda, ata-eneler tarapyndan nikalaşmaga päsgel berilmegi jenaýat jogapkärçiligine öwrülmegi mümkin. Garyndaşlaryň maslahatlar bermegi, nika toýuna taýýarlanmaga kömek bermekleri, maddy we ruhy taýdan goldamaklary mümkin.

## *1-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, näme üçin döwletimizde mejbury nika gadagan edilen we jenaýat jogapkärçiligine çekilýän hereket hasaplanýar? Jogabyňyzy esaslaň.*

**Aşakdaky ýagdaýlarda nikalaşmak gadagan edilýär:**

– taraplardan biri hasaba alnan başga nikada bolsa; ruhy kesselligi ýa-da akyl taýdan gowşaklygy sebäpli sud tarapyndan gatnaşyga ýaramsyz diýip bellenen şahslaryň arasyndaky; dogan-garyndaşlaryň arasyndaky nika ýol berilmeýär.

Är-aýallar özleriniň kämillik ýaşyna ýetmedik çagalarynyň terbiýesi üçin, olaryň işleri we etmişleri üçin jogapkär bolýarlar. Öz nobatynda perzentler hem öz ata-eneleri hakynda gamhorluk etmeli, olara kömek bermeli, goldamalydyrlar. Kämillik ýaşyna ýetýänçä bu borç ruhy harakterde bolup, olar 18 ýaşa dolanlaryndan soň bolsa ýuridik güýje eýe bolýar.

## 4. PERZENTLERIŇ HUKUKLARY

Perzentleriň hukuklary «Çaga hukuklary hakyndaky Konwensiýa» (1989-njy ý.) ýaly abraýly halkara resminamada we Özbegistan Respublikasynyň «Çaga hukuklarynyň kepilleri hakynda»ky Kanunynda (2008-nji ý.) görkezilen. Bu kanunlara görä adam doglandan tä 18 ýaşa çenli çaga hasaplanýar we aşakdakylara haklydyr.






**Çagalaryň hukuklary:**

- ýaşamaga, akyl we beden taýdan ösmäge;
- adyna we raýatlyga eýe bolmaga;
- maşgalada terbiýelenmäge;
- pikir, wyždan we dini ynam azatlygyna;
- tälim almaga;
- zorluksyz durmuşa, şahsy gadyr-gymmatynyň hormat edilmegine we başgalar.

**Pikirlenmek üçin soraglar**

**1.** Nähili pikir edýärsiňiz, gadymky grek alymy Aristotel: «Platon maňa dost, emma hakykat gymmatlydyr», diýen jümläni aýdanda nämäni göz öňünde tutupdyr?

*Bu jümläni hukuky gatnaşyga nähili ýagdaýlarda ulanmak mümkin?*

**2.** Şahyr we döwlet işgäri Alişer Nowaýy şeýle diýipdir: «Eger sen ynsan bolsaň, halkyň gamy hakynda alada etmeýänleri ynsan diýip aýtmagyn».

*Bu pikire goşulýarsyňyzmy? Jogabyňyzy esaslandyryň.*

**3.** Gadymky Rim akyldary Seneka şeýle diýipdir: «Ähli üstünlikler öz üstüňden ýeňiş gazanmakdan başlanýar. Bu iň ýokary üstünlik. Öz duýgularyň guluna öwrülmek – iň gorkunçly gulçulykdyr». Bu sözleri zähmete, tälime ýa-da başga bir işlere görä düşündirmäge hereket ediň.

*Siz bu pikirlere goşulýarsyňyzmy? Eger goşulsaňyz, näme üçin?*

**4.** Halk nakylynda şeýle diýilýär: «Zähmet – ýeňşiň, şan-şöhratyň we baýlygyň açarydyr». Siz bu pikire goşulýarsyňyzmy?

*Siz tanymal we döwletli bolmagyň başga kanuny ýoluny teklip edip bilýärsiňizmi?*

**5.** Emir Temur özüniň «Temur tuzuklari» eserinde şeýle nygtaýar: «Eger döwlet kanunlara daýanmasa, ol özüniň şan-şöhratyny we beýikligini uzak wagt saklap bilmeýär».

*Siz bu pikire goşulýarsyňyzmy? Eger goşulsaňyz, onda näme üçin?*

**6.** Beýik ensiklopedist alym Abu Ali ibn Sina şeýle ýazýar: «Işsizlik we zyýapatparazlyk diňe bir edepsizligi getirip çykarman, eýsem kesele-de sebäp bolýar».

*Beýle pikiriň manysyny düşündirip beriň.*

## *2-nji ýumuş*

*1. Siziň pikiriňize görä, döwlet maşgala esaslanan gatnaşyklary tertibe salyp durmalymy? Belki, bu zat her kimiň şahsy işidir?*

*2. Ata-eneler aýrylyşanynda, Siziň pikiriňize görä, kämillik ýaşyna ýetmedik perzent kim bilen: enesi bilenmi ýa-da atasy bilen galmalymy?*

*3. Maşgalada ata-eneler we perzentleriň arasyndaky özara gatnaşyklarda nähili tipik problemalar emele gelýär? Näme üçin bu ýagdaý emele gelýär?*

## *Jemini jemleýäris*

**Maşgala – jemgyýetiň esasy:**

- şahs kemaly – maşgalada;
- aýallaryň we erkekleriň hukuklarynyň deňligi;
- maşgalanyň döwlet tarapyndan goralmagy;
- «Sog‘lom avlod uchun» ordeni;
- nika: gyzlar – ýigitler 18 ýaşdan;
- nika erkinligi;
- perzentler terbiýesi hakynda är-aýallaryň deň jogapkärçigi;
- Çaga hukuklary hakyndaky Konwensiýa (1989-njy ý.);
- «Çaga hukuklarynyň kepillikleri hakynda»ky Kanun (2008- ý.).

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Näme üçin Konstitusiýa esalanan hukuk normalary bilen maşgala jemgyýetiň esasy boguny diýip düşünilýär?
**2.** Maşgala-nika gatnaşyklarynyň hukuky esaslaryny sanap beriň.
**3.** Ata-eneleriň we çagalaryň hukuklaryny we borçlaryny aýdyp beriň.
**4.** Haýsy ýagdaýlarda nikadan geçirilmeýär?

# 16-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ADMINISTRATIW -ÇÄK WE DÖWLET GURLUŞY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– döwlet gurluşynyň şekilleri, olaryň amatlyklary we kemçilikleri hakynda;

– Özbegistan Respublikasynuyň we Garagalpagystan Respublikasynyň adminiztratiw-çäk gurluşy hakynda öwrenersiňiz.

**1. Döwlet gurluşynyň şekilleri.**

**2. Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk gurluşy.**

**3. Garagalpagystan Respublikasynyň döwlet gurluşy.**

## 1. DÖWLET GURLUŞYNYŇ ŞEKILLERI

Her bir döwletiň esasy alamaty, onuň ilatynyň ýaşap duran çäginiň bolmagydyr. Bilşimiz ýaly, döwletiň kanunlary her bir adama deňdir we her bir adam durmuşynyň ençeme taraplaryny tertibe salyp durýar. Emma döwletiň her bir çäginde – obada, şäherde, tümende we başgalarda merkezi häkimiýet organlarynyň çözmegi kyn bolan gündelik meseleler emele gelýär. Şonuň üçin hem döwlet häkimiýetiniň hukuklarynyň belli bir bölegini merkezi häkimiýet organlaryndan ýerli häkimiýet organlaryna berilýän bir şekilde bölünmegine zerurlyk döreýär.

**Döwlet gurluşynyň şekili**– bu ýerlerdäki häkimiýet organlarynyň merkezi häkimiýet organlary bilen özara gatnaşyklaryny kesgitläp berýän syýasy we çäk taýdan düzülmegidir.

**Döwlet gurluşynyň şekili aşakdakylary görkezýär:**

– döwletiň çäginiň näçe bölege we nähili görnüşde bölünenligini;

– ýerli we merkezi häkimiýet organlarynyň arasyndaky gatnaşyklaryň nähili görnüşde amala aşyrylýanlygyny;

– şu döwletiň çäginde ýaşap duran her bir milletiň bähbitleriniň nähili goralýanlygyny.

Dünýädäki köp ýurtlar döwlet gurluşynyň **unitar** şekiline eýedir. Bu ýagdaýda döwlet çägi dolandyryş çäklerine (welaýatlar, tümenler we baş-

galara), ýagny döwletlilige eýe bolmadyk, belki dolandyryş amatly bolmagy üçin böleklere bölünýär.

Beýik Britaniýa, Fransiýa, Italiýa, Norwegiýa, Şwesiýa, Ispaniýa, Portugaliýa, Gresiýa, Ýaponiýa, Finlandiýa, Özbegistan we başgalar unitar döwletleriň hataryna girýär.

***Ýatda saklaň!***

**Unitar döwlet** – ýeke-täk döwlet bolup, onuň aýtatyn administratiw-çäk birlikleri birmeňzeş hukuklara eýe, döwletiň ähli çäginde ýeke-täk Konstitusiýa, ýeke-täk hökümet we ýeke-täk kanun resminamalary amal edýär.

Döwlet gurluşynyň başga bir şekili **federasiýadyr.** Federasiýa subýektleri öz Konstitusiýasyna, öz ýokary kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud organlaryna eýe bolýar. Ähli federasiýa üçin ýeke-täk häkimiýet we alyý dolandyryş organlary düzülýär. Şonuň üçin, ABŞ, Kanada, Braziliýa, Meksika, Awstriýa, Belgiýa, Şwesariýa, Pakistan, Argentina, Russiýa we başgalar federatiw döwletdir.

***Ýatda saklaň!***

**Federasiýa** – birnäçe subýektler (respublikalar, ştatlar we ş.m.) birleşigini özünde jemleýän soýuzdaş döwlet. Federatiw döwleti emele getirýän döwlet birleşikleri (ştatlar, ýerler, prowinsiýalar, döwletler) federasiýanyň subýektleri hasaplanýar we özüniň administratiw-ýerli gurluşyna eýe bolýarlar.

Döwlet gurluşynyň ýene bir şekili **konfederasiýadyr.** Beýle birleşikde her bir döwlet öz suwerenitetini, özbaşdaklygyny saklap galýar. Konfederasiýada ýeke-täk çäk, ýeke-täk raýatlyk bolmaýar, her bir döwlet halkara gatnaşyklary özbaşdak alyp barýar. Häzirki günde Ýewropa Soýuzy döwletleriň konfederatiw birleşigine mysal bolup biler, kanunçylyk ýoly bilen berkidilmedik.

***Ýatda saklaň!***

**Konfederasiýa** – belli bir maksatlary gazanmak (döwletleriň bilelikdäki goranmasyny, gümrükhana işlerini, daşky söwda gatnaşyklaryny guramak we başgalar) üçin birleşen suweren döwletleriň wagtlaýyn soýuzy. Şol bir wagtda her bir döwlet öz suwerenitetini saklap galýar.

***1-nji ýumuş***

*Üç topara bölünip, döwlet gurluşynyň dürli şekilleriniň amatlyklaryny we kemçiliklerini anyklamaga hereket ediň.*

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ADMINISTRATIW-ÇÄK GURLUŞY

Konstitusiýa görä (68-nji madda) Özbegistan Respublikasy Garagalpagystan Respublikasyndan, welaýatlardan, tümenlerden, şäherlerden, şäherçelerden we obalardan düzülen. Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk gurluşynyň aýratynlygy onuň düzüminde tümenlerden, şäherlerden, şäherçelerden we obalardan düzülen suweren Garagalpagystan Respublikasynyň bolmagydyr.

Döwletimiziň administratiw-çäk gurluşy döwleti has-da gowy dolandyrmaga, emele gelýän ykdysady we sosial meseleleri üstünlikli çözmäge mümkinçilik berýär.

***2-nji ýumuş***

*Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 1–6-njy maddalary bilen tanyşyp çykyp, Özbegistan Respublikasynyň döwlet suwerenitetine ündeýän alamatlaryň barlygyny anyklaň.*

## 3. GARAGALPAGYSTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET GURLUŞY



Garagalpagystan Respublikasy öz döwletliliginiň şekillenmegine, ösüşine we taryhyna eýedir.

**1993-nji ýylyň 9-njy aprelinde** Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň üstünligini aňladýan Garagalpagystan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edildi. Köp geçmän döwlet simwollary – gerb, baýdak, gimn kabul edildi.

Garagalpagystanyň raýatlary şol bir wagtda Özbegistan Respublikasynyň raýaty hasaplanýar hem-de onuň goragyndadyr. Garagalpagystan Respublikasy öz administratiw-çäk gurluşy meselelerini özbaşdak çözýär.



Garagalpagystan Respublikasy özüniň Özbegistan Respublikasynyň Esasy kanunyna garşy bolmadyk Konstitusiýasyna eýedir. Özbegistanyň kanunlarynyň Garagalpagystanyň çäklerinde hem gollanylmagy mejburydyr.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasy bilen Garagalpagystan Respublikasynyň özara gatnaşyklary Özbegistan Respublikasy bilen Garagalpagystan Respublikasynyň arasynda Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy esasynda düzülen şertnamalar hem-de ylalaşyklar bilen tertibe salynýar.

Özbegistan Respublikasynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň arasyndaky dawalar ylalaşdyryjy serişdeleriň kömeginde çözülýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 75-nji madda.**

Özbegistan Respublikasyna unitar döwlet gurluşynyň alamatlary bilen bilelikde **federatiw gurluşyň käbir elementleri** hem mahsusdyr**:**

– Özbegistan Respublikasynyň düzüminde suweren Garagalpagystan Respublikasynyň bolmagy;

– iki sany – Özbegistan Respublikasynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň Konstitusiýalarynyň bolmagy;

– Garagalpagystan Respublikasynda özüniň döwlet organlary: parlamentiň (Ýokary Geňeş), sud organlarynyň, ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň we başgalaryň bolmagy;

– Garagalpagystan Respublikasynda döwlet simwollary: gerb, baýdak, gimniň bolmagy;

– Garagalpagystan Respublikasynyň öz ýerli-administratiw gurluşy meselelerini özbaşdak çözmek hukugyna eýeligi;

– Garagalpagystan Respublikasynyň Özbegistan Respublikasynyň düzüminden bölünip çykmak hukugyna eýeligi.

### *3-nji ýumuş*

Her bir döwletiň çägi öz serhetlerine we her bir döwlete alyp gelinýän, alyp gidilýän harytlar, walýuta we başgalaryň üstünden gözegçiligi amala aşyrýan öz gümrükhana punktlaryna eýedir.

*Ynha şu gümrükhana punktlaryna bolan öz pikirleriňizi anyklaň («makullaýaryn» ýa-da «garşy»).*

### *Jemini jemleýäris*

**Döwleti dolandyryş şekilleri:**
- unitar;
- federasiýa;
- konfederasiýa.

### *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Suweren döwlet haýsy alamatlara eýe? Suweren döwletiň alamatlaryndan haýsy birini iň möhümi hökmünde kesgitlemek mümkin?
**2.** Döwlet gurluşynyň şekilleri nämä bagly bolýar?
**3.** Döwlet gurluşynyň unitar şekiliniň federatiw şekilinden tapawudy nämede?
**4.** Garagalpagystan Respublikasynyň suwerenitetiniň alamatlaryny aýdyň.

# IV bölüm
# DÖWLET DOLANDYRYŞ ORGANLARY

## 17-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA DÖWLET HÄKIMIÝETINIŇ GURLUŞY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**
– Özbegistandaky döwlet häkimiýeti ulgamy hakynda;
– Özbegistanda döwlet häkimiýeti organlarynyň hukuklary hakynda;
– kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetiniň bölüniş prinsipleri hakynda öwrenersiňiz.

**1. Häkimiýetsiz jemgyýet bolmagy mümkinmi?**
**2. Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýeti ulgamy.**
**3. Häkimiýetleriň bölüniş prinsipi.**

### 1. HÄKIMIÝETSIZ JEMGYÝET BOLMAGY MÜMKINMI?

Häkimiýet bolmadyk jemgyýeti göz öňüne getirmek kyn. Jemgyýetiň ösüş taryhyndan alnan mysallarda (Gadymky Rim, Beýik Karl imperiýasy we başgalar) häkimiýet bolmadyk bolsa jemgyýet içki garşylyklar we häkimiýet üçin göreşler netijesinde ýok bolýandygyny görmegimiz mümkin.

Köp asyrlaryň dowamynda ynsanyýet ideal döwlet gurmak üçin «bagtyň formulasy»ny gözlediler.

Gündogaryň orta asyrlardaky akyldarlaryndan **Abu Nasr al-Faraby** döwlet, döwleti dolandyrmak şekilleri, döwletiň wezipeleri we başga şunuň ýaly düşünjeleri kesgitläp berdi.

**Özbegistanyň öz täzeleniş we ösüş prinsipleri:**
- umumynsany gymmatlyklara sadyklyk;
- halkymyzyň ruhy mirasyny berkitmek we ösdürmek;
- adamyň öz mümkinçiliklerini erkin ýüze çykarmagy;
- watan söýüjilik.

**Abu Ali ibn Sina** bolsa sosial adalaty we propagandany üpjün eden adalatly hökümdar höküm süren döwleti ideal döwlet diýip hasaplapdyr.

Şonuň bilen birlikde ol döwletiň her bir raýaty peýdaly zähmet bilen meşgullanmaly, diýip nygtaýar.

Garaşsyzlyk yglan edilmegi bilen Özbegistanda öz ösüş ýoluny we jemgyýetiň ösüşini saýlap almak mümkinçiligi emele geldi.

Umumy ylalaşyga çenli adamlar bilen jemgyýetçilik gatnaşyklaryny tertibe salyp durýan güýç gerek bolýar. Häzirki wagtda ynha şeýle güýç ilatyň dürli synplarynyň we toparlarynyň biri-birine laýyk gelmeýän bähbitlerini ylalaşdyrmaga çagyrýan kanuny *(legitim)* häkimiýet hasaplanýar.

### *1-nji ýumuş*

***1.*** *«Häkimiýet» sözüni eşidende Sizde nähili düşünje peýda bolýar: häkimiýet wekilleriniň gazaply hereketlerinimi ýa-da raýatlaryň peýdalaryny goramaga gönükdirilen hereketlerinimi?*

***2.*** *Häkimiýet düşünjesini kesgitleýän alamatlary sanajak boluň. Jümläni dowam etdiriň: Häkimiýet – bu...*

***3.*** *Jümläni dowam etdiriň:* Eger-de*, men çäklenmedik häkimiýeti ele alanymda...*

***4.*** *Hökümetiň nähilidir kararynyň täsirinde ata-eneňiziň ýa-da ýakyn garyndaşlaryňyzy ýadyňyza salyň.*

***5.*** *Ynha şu kararlar maşgalaňyza we şahsan Siziň soňky ykbalyňyza nähili täsir etdi?*

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ DÖWLET HÄKIMIÝETI SISTEMASY

Demokratik jemgyýetde kanun esasynda iş alyp barýan häkimiýetiň abraýy beýik bolýar we adamlar beýle häkimiýete jeza howpundan däl, eýsem onuň hereketlerini makullaýanlygy sebäpli boýun egýärler.

**Häkimiýet** – adamlaryň häsiýetine, olaryň hereketlerine we adatlaryna täsir geçirmek mümkinçiligidir. Häkimiýet konstruktiw (dörediji) tebigata eýe bolmaly, şonuň ýaly heläkçilikli netijelere eýe bolmagy hem, döwlet ilatynyň köpçüliginiň bähbitleri ugrunda hem, edil şunuň ýaly, ýerine ýetirip bolmaýan wadalary bahana edip olaryň bähbitlerine garşy amala aşyrylmagy hem mümkin.

### *2-nji ýumuş*

*Döwletleriň taryhyndan hökümdarlaryň hereketleriniň gowy ýa-da ýaman netijelere alyp gelmegine degişli mysallar getiriň.*

## 3. HÄKIMIÝETLERIŇ BÖLÜNMEK PRINSIPI

Konstitusiýa görä Özbegistan Respublikasynda Aly Mejlis, Prezident, Ministrler Kabineti, sud häkimiýeti organlary döwlet häkimiýetini amala aşyrýarlar.

Döwlet häkimiýeti organlary özara arkalaşyk edip bir-birine täsir geçirýärler, jemgyýetde wagyz işlerini üpjün edýärler we adamlary birleşdiriji taglymlary işläp taýýarlaýarlar.

Her bir häkimiýet organynyň hukuklary häkimiýet ygtyýarlyklaryndan çete çykmagyň, ony öz haýryna ulanmagyň we döwlet häkimiýetiniň başga organlarynyň işine gatyşmagyň öňüni almak maksadynda örän takyk kesgitläp berilýär.

Häkimiýetiň döwlet organlarynyň işinde iň möhümi – bu Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 11-nji maddasynda görkezilişi ýaly, **häkimiýetleriň bölünmek prinsipini** amala aşyrmak mümkinçiligidir. Bu kanunçylyk, ýerine ýetiriji we sud häkimiýeti öz işlerini özbaşdak, biri-birlerine zyýan bermezden amala aşyrýandygyny aňladýar.

### *3-nji ýumuş*

*Raýatlaryň döwlet häkimiýeti organlaryna gatnaşygy meselesi boýunça öz pikiriňizi bildiriň.*

**Ilatyň harakteri aşakdakylara esaslanýar:**

– häkimiýetiň adalatly we kanuny hereketlerine ynamyna;
– häkimiýet organlaryna boýun egmek adatyna;
– häkimiýetden gorkmagyna.

### *Jemini jemleýäris*

**Döwlet häkimiýeti organlarynyň ulgamy:**

- döwlet häkimiýeti – adamlaryň we jemgyýetiň arasyndaky gatnaşyklary tertibe salyp durýan güýç;
- häkimiýet – döredijі ýa-da bozujy hereketler;
- Aly Mejlis – Kanunçylyk palatasy we Senat;
- häkimiýetiň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji we sud häkimiýetlerine bölünmegi.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Demokratik-hukuky döwlet gurmak maksadynda näme üçin häkimiýetleriň bölünmegi prinsipinden peýdalanmaly?
2. Özbegistan Respublikasynda häkimiýetleriň bölünmegi prinsipi nähili amala aşyrylýar?
3. Bir topar adamlarda täze kanun işläp taýýarlamak ýa-da bar bolan kanuny üýtgetmek boýunça täze ideýalar bolsa, nähili ýol tutmaly bolýar?










## 18-§. ALY MEJLIS WE ONUŇ YGTYÝARLYKLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň ygtyýarlyklary;

– Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň absolýut ygtyýarlyklary hakynda öwrenersiňiz.

1. **Alyý Mejlis we onuň düzümini şekillendirmek tertibi.**
2. **Alyý Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň absolýut ygtyýarlyklary.**
3. **Alyý Mejlis Senatynyň absolýut ygtyýarlyklary.**

### 1. ALY MEJLIS WE ONUŇ DÜZÜMINI ŞEKILLENDIRMEGIŇ TERTIBI

Aly Mejlis häkimiýetiň kanun çykaryjy we wekillik organy hasaplanýar, ýagny deputatlar we senatorlar olary saýlan halkyň bähbitlerini gözleýärler.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi ýokary döwlet wekillik organy bolup, kanun çykaryjy häkimiýeti amala aşyrýar.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi iki palatadan – Kanunçylyk palatasyndan (aşaky palata) we Senatdan (ýokary palata) ybarat.

Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy we Senatynyň ygtyýarlyk möhleti – bäş ýyl.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 76-njy madda.**

Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy (aşaky palata) ýerli saýlaw okruglary boýunça köppartiýalylyga esaslanan bäş ýyl möhlete saýlanýan 150 sany deputatdan ybarat. Kanunçylyk palatasynyň işi onuň ähli deputatlarynyň hemişelik professional işlemeklerine esaslanan.

Aly Mejlisiň Senaty (ýokary palata) ýerli wekillik palatasy bolup, 100 sany senatorlardan ybarat. Senatorlar Garagalpagystan Respublikasyndan, welaýatlardan we Daşkent şäherinden deň mukdarda – alty adam-




dan saýlanýar. Aly Mejlisiň Senatynyň on alty agzasy ylym, sungat, edebiýat, önümçilik pudagynda, şeýle hem, döwlet we jemgyýetçilik işiniň başga pudaklarynda uly amaly tejribä eýe bolan hem-de aýratyn hyzmat görkezen iň abraýly raýatlaryň arasyndan Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan saýlanýar.

Saýlaw güni ýigrimi bäş ýaşa dolan hem-de keminde bäş ýyl Özbegistan Respublikasynyň çäklerinde ýaşan Özbegistan Respublikasynyň raýaty Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy deputaty, şeýle hem, Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisiniň Senatynyň agzasy bolmagy mümkin. Şol bir şahs bir wagtyň özünde Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputaty we Senatynyň agzasy bolmagy mümkin däl.

**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ALY MEJLISI**

| Aly Mejlisiň Senaty | Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasy |
|---|---|
| Maslahat | Maslahat |
| Başlyk we onuň orunbasarlary | Spiker we onuň orunbasarlary |
| Guramalar | Komitetler, komissiýalar |
| 100 sany senator | 150 sany deputat |
| Aly Mejlisiň Ýokary palatasy | Aly Mejlisiň Aşaky palatasy |

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 78-nji maddasyna görä Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň bilelikdäki ygtyýarlyklary aşakdakylardan ybarat:**

**Kanunçylyk:**

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyny kabul etmek, oňa üýtgetmeler we goşmaçalar girizmek;
- Konstitusion kanunlary, Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryny kabul etmek, olara üýtgetmeler we goömaçalar girizmek;
- Özbegistan Respublikasynyň referendumyny geçirmek we senesini bellemek hakynda karar kabul etmek;
- Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Adam hukuklary boýunça wekilini we onuň orunbasaryny saýlamak;
- gümrükhana, walýuta we kredit işlerini kanun ýoly bilen tertibe salmak;
- Özbegistan Respublikasynyň Merkezi saýlaw komissiýasyny düzmek.

**Içeri syýasat:**

- Özbegistan Respublikasynyň içeri we daşary syýasatynyň esasy ugurlaryny kesgitlemek hemde döwlet strategik maksatnamalaryny kabul etmek;
- Özbegistan Respublikasynyň kanun çykaryjy, ýerine ýetiriji hemde sud häkimiýeti organlarynyň ulgamyny we ygtyýarlyklaryny kesgitlemek;
- Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Döwlet býujetini kabul etmek we onuň ýerine ýetirilişine gözegçilik etmek;
- salgytar we başga mejbury tölegleri yglan etmek;
- Özbegistan Respublikasynyň Hasap palatasynyň hasabatyna garamak.

**Ýerli özgerişler:**

- Özbegistan Respublikasynyň düzümine täze döwlet guramalaryny kabul etmek we olaryň Özbegistan Respublikasy düzüminden çykmagy hakyndaky kararlary tassyklamak;
- Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk gurluşy meselelerini kanun ýoly bilen tertibe salmak, serhetleri üýtgetmek;
- tümenleri, şäherleri, welaýatlary döretmek, ýatyrmak, olaryň adyny hem-de serhetlerini üýtgetmek;

**Döwlet dolandyryş organlary:**

- Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ministrlikleri, döwlet guramalary we döwlet dolandyryşynyň başga organlaryny düzmek hem-de ýatyrmak hakyndaky permanyny tassyklamak;
- Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasy Baş Munustriniň kandidatyna garamak we tassyklamak, şeýle hem döwletiň sosial-ykdysady ösüşiniň wajyp meseleleri boýunça Baş Ministriniň hasabatlaryny diňlemek we ara alyp maslahatlaşmak;

**Daşky syýasat:**

- Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň Özbegistan Respublikasyna hüjüm edilende ýa-da howpdan biri-birini goramak hakynda düzülen şertnamanyň borçlaryny ýerine ýetirmek zerurlygy dörände uruş ýagdaýyny yglan etmek hakyndaky permanyny tassyklamak;
- Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň umumy ýa-da bölekleýin mobilizasiýa etmek, adatdan daşary ýagdaýy yglan etmek, onuň amal edilmegini uzaltmak ýa-da ýatyrmak hakyndaky permanlaryny tassyklamak;
- halkara şertnamalary ratifikasiýa we denonsasiýa etmek.

**Sylaglamak**

- Döwlet sylaglaryny we ordenlerini yglan  etmek.

## 2. ALY MEJLISIŇ KANUNÇYLYK PALATASYNYŇ ABSOLÝUT YGTYÝARLYKLARY

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 79-njy maddasyna görä Özbegistan Respublikasynyň Kanunçylyk palatasynyň absolýut ygtyýarlyklaryna:**

1) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň Spikeri we onuň orunbasarlaryny, komitetleriň başlyklaryny we olaryň orunbasarlaryny saýlamak;

2) Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurorynyň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputatyny eldegrilmsizlik hukugyndan mahrum etmek hakyndaky meselelerini çözmek;

3) öz işini gurnamak we palatanyň içki tertip düzgünleri bilen bagly meseleler boýunça kararlar kabul etmek;

4) syýasy, sosial-ykdysady durmuş pudagyndaky meseleler boýunça, şeýle hem, döwletiň içki we daşky syýasaty meseleleri boýunça kararlar kabul etmek girýär.





## 3. ALY MEJLISIŇ SENATYNYŇ ABSOLÝUT YGTYÝARLYKLARY

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 80-nji maddasyna görä Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň Senatynyň absolýut ygtyýarlyklaryna:**

1) Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň Senatynyň Başlygyny we onuň orunbasarlaryny, komitetleriň başlyklaryny we olaryň orunbasarlaryny saýlamak;

2) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion suduny saýlamak;

3) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Ýokary suduny saýlamak;

4) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasy Sudýalar Ýokary geňeşiniň başlygyny saýlamak;

5) Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministriniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Tebigaty goramak döwlet komitetiniň başlygyny saýlamak hem-de ony wezipesinden boşatmak;

6) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuroryny we Hasap palatasyny saýlamak hem-de olary wezipesinden boşatmak hakyndaky permanlaryny tassyklamak;

7) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Özbegistan Respublikasy Döwlet howpsuzlyk gullugynyň başlygyny saýlamak we ony wezipesinden boşatmak hakyndaky permanlaryny tassyklamak;

8) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň daşary döwletlerdäki diplomatik we başga wekillerini saýlamak hem-de olary wezipesinden boşatmak;

9) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasy Merkezi bankynyň dolandyryş başlygyny saýlamak we ony wezipesinden boşatmak;

10) Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä amnistiýa hakyndaky resminamalary kabul etmek;

11) Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurorynyň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisiniň Senat agzasyny eldegrilmesizlik hukugyndan mahrum etmek hakyndaky meseleleri çözmek;

12) Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurorynyň, Özbegistan Respublikasynyň Merkezi bankynyň dolandyryş başlygynyň hasabatlaryny diňlemek;

13) öz işini gurnamak we palatanyň içki tertip-düzgünleri bilen bagly meseleleri boýunça kararlar kabul etmek;

14) syýasy, sosial-ykdysady pudaklaryndaky meseleler boýunça kararlar kabul etmek degişlidir.

## *Jemini jemleýäris*

**Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisi:**

- Alyý Mejlis – Kanunçylyk palatasy we Senat;
- Alyý Mejlis Kanunçylyk palatasynyň ygtyýarlyklary;
- Alyý Mejlis Senatynyň ygtyýarlyklary.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Aly Mejlis nähili düzülen? Onuň düzümine näçe deputat we senator girýär?

**2.** Aly Mejlis Kanunçylyk palatasynyň we Senatynyň absolýut ygtyýarlyklaryny sanap beriň.

## 19-§. AMALY SAPAK KANUN TASLAMASYNY KABUL EDÝÄRIS

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Kanunçylyk başlangyjy özi näme we ol amalyýetde nähili amala aşyrylmagy hakynda;

– Kanunçylyk prosesiniň nähili basgançaklardan ybaratlygyny öwrenersiňiz.

**1. Kanunçylyk başlangyjy hukugy.**
**2. Kanunçylyk prosesiniň basgançaklary.**

Bu sapakda göýä Aly Mejlisdäki Kanun taslamasynyň ara alyp maslahatlaşmagynda «gatnaşýarys». Ara alyp maslahatlaşmakda gatnaşmaga taýýarlyk görmek üçin tanyşlaryňyzy we synpdaşlaryňyzy haýsy meseleler köpräk oýlandyryp gelýänligi hakynda oýlap görüň. Şol meseleleri çözmek üçin nähili kanunlar kabul edilmelidigi hakynda pikir edip görüň.

**Mysal üçin:** şol kanun, şeýle hem, onuň esasy düzgünlerinden (baplaryndan) biri nähili atlandyrylmagyny oýlap tapyň we depderiňize ýazyp goýuň. Aşakdaky soraglara jogap berip, şol kanunyň kabul edilmegine degişli «makullaýaryn» we «garşy» diýip ses bermäge mysallar getiriň:

1. Şu kanun näme üçin kabul edilmeli?
2. Kanunyň kabul edilmegi nähili gowy we ýaman netijelere getirýär?
3. Şu kanun kime gerek?
4. Bu kanuna ilatyň haýsy toparlarynyň garşylyk bildirmegi mümkin? Näme üçin?
5. Kanunyň işlemegi üçin näme etmeli?
6. Kanunyň ýerine ýetirilmegi üçin nähili serişdeler gerek? Olary nireden almak mümkin?

**Munda kanun normalary hakyndaky Ýatlatmadan peýdalanyň.**

1. Kanun hukuk we ahlak-ruhyýete laýyk gelmeli.
2. Kanun Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna laýyk gelmeli.
3. Kanun ýönekeý we düşnükli dilde ýazylan bolmaly.
4. Kanunyň maddalarynyň ýerine ýetirilmegi real bolmaly.

## 1. KANUNÇYLYK BAŞLANGYJY HUKUGY

Demokratik hukuk döwletinde adamlaryň jemgyýetdäki örän möhüm gatnaşyklaryny kanunçylyk esasynda dolandyrmak zerurlygy peýda bolýar. Şol sebäpli döwletimiziň kanunçylygynda her bir adam kanun taslamalaryny taýýarlamakda hem-de bu kanunlary üýtgetmekde we doldurmakda gatnaşmaga haklylygy kanunda görkezilen. Deputatlardan tapawutlylykda, raýatlar öz teklipleri bilen Aly Mejlise däl-de, eýsem özleriniň Aly Mejlise saýlan deputatlaryna ýüzlenýärler.

***Ýatda saklaň!***

**Kanunçylyk başlangyjy** – kanun taslamasynyň kanun çykaryjy organa bellenen tertipde resmi girizilmegidir. Kanunçylyk başlangyjy – kanunçylyk prosesiniň birinji basgançagydyr.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 83-nji maddasyna görä kanunçylyk başlangyjy hukugyna:**

– Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti;

– öz döwlet häkimiýetiniň ýokary wekilçilikli organy arkaly Garagalpagystan Respublikasy;

– Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasynyň deputatlary;

– Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti;

– Konstitusion sud, Ýokary sud;

– Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory eýedirler.

Bu hukugyň amala aşyrylmagy teklip edilen kanun taslamalarynyň Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň mejlisinde garalmagynyň mejburylygy bilen kepillendirilýär hem-de deputatlaryň köpçülik ses berip makullamak şerti bilen aşakdakylar kabul edilýär:

– täze kanun taslamasyny işläp taýýarlamak hakyndaky karar;

– teklip edilen kanun taslamasyny kämilleşdirmäge goýbermek hakyndaky karar.

## 2. KANUNÇYLYK PROSESINIŇ BASGANÇAKLARY

**Kanunçylyk prosesi Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlarynyň we senatorlarynyň döwlet işiniň şekilidir. Ol aşakdaky basgançaklary öz içine alýar:**

**I basgançak:**

- Kanunçylyk başlangyjy – kanun taslamasy Kanunçylyk palatasyna girizilýär;

**II basgançak:**

- Kanunçylyk palatasy tarapyndan kanun taslamasyny seretmäge kabul edilmegi;
- Kanunçylyk palatasynyň komitetlerinden biri tarapyndan kanun taslamasynyň öňünden görüp çykylmagy;
- Kanunçylyk palatasynyň kanun taslamasyny seretmäge kabul etmek mümkinligi hakyndaky netijesi;
- Kanunçylyk palatasy tarapyndan kanun taslamasynyň garalmagy we birinji okamaga taýýarlamak (düzgüne görä kanun taslamasy üç okanda garalýar);
- Kanunçylyk palatasy tarapyndan kanun kabul edilmegi we onuň Senata goýberilmegi;

**III basgançak:**

- Kanunyň Senat tarapyndan görüp çykylmagy we onuň Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine gol çekmek üçin goýberilmegi;
- Kanun Senat tarapyndan inkär edilen ýa-da Prezident tarapyndan gaýtarylan ýagdaýda kanun bir aýyň içinde gaýtadan garalmalydyr;

**IV basgançak:**

- Prezidente gol çekmäge goýbermek we kanunyň metbugatda yglan edilmegi.

Kanunlaryň köpçülikleýin habar serişdelerinde yglan edilmegi olary goldamagyň mejbury şertidir. Kanunlar we Aly Mejlisiň kararlary gol çekilenden soň bir hepdeden gijikdirmezden yglan edilmelidir. Eger-de, kanunda başga wagt görkezilmedik bolsa, yglan edilmegi bilen normatiw resminama güýje girýär.

## *Ýumuş*

*Göz öňüne getirip görüň, Siz Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlygyna saýlandyňyz. Umumtälim mekdeplerindäki okuwçylary okatmak şertleri hakyndaky kanun taslamasyny teklip ediň.*

## ARALYK BARLAG ÜÇIN SORAGLAR

*Kynçylyk çekseňiz ýaýyň içinde görkezilen dersligiň sahypalaryna ýüzleniň.*

1. Jemgyýetçilik birleşikleri nähili maksatlarda düzülýär? (82-nji s.)
2. «Jemgyýet birleşmesi» düşünjesine taryp beriň. (83-nji s.)
3. Özbegistan Respublikasynda nähili jemgyýetçilik birleşikleri bar? (83-nji s.)
4. Döwletimizde jemgyýetçilik birleşikleri haýsy prinsipler esasynda düzülýär? (84-nji s.)
5. Döwletimizde kärdeşler arkalaşygy haýsy maksatda düzülýär? (84-nji s.)
6. Özbegistan Respublikasynda nähili syýasy partiýalary, jemgyýetçilik birleşiklerini düzmek gadagan edilýär? (85-nji s.)
7. Senzura näme? (86-njy s.)
8. Nähili ýagdaýlarda köpçülikleýin habar serişdelerinden peýdalanmak gadagan edilýär? (87-nji s.)
9. Söz we metbugat azatlygy nähili edip jemgyýete ýaman täsir etmegi mümkin? (87-nji s.)
10. «Syýasy partiýa» düşünjesine taryp beriň. (90-njy s.)
11. Häzirki wagtda Özbegistan Respublikasynda iş alyp barýan syýasy partiýalary sanap beriň. (92-nji s.)
12. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda maşgala gatnaşyklary ugrunda pugtalap goýlan prinsipleri sanap beriň. (95-nji s.)
13. Döwletimizde maşgala goragy nähili görnüşde amala aşyrylýar? (95-nji s.)
14. Nikalaşmak üçin zerur bolan şertleri sanap beriň. (96-njy s.)
15. «Çaga hukuklarynyň kepillikleri hakynda»ky Özbegistan Respublikasynyň Kanunyna görä kämillik ýaşyna ýetmedik raýat nähili hukuklara eýe bolýar? (98-nji s.)
16. «Unitar döwlet» düşnjesine taryp beriň. (97-nji s.)
17. «Federatiw döwlet» düşünjesine taryp beriň. (101-nji s.)
18. «Konfederasiýa» düşünjesine taryp beriň. (102-nji s.)
19. Döwlet gurluşynyň unitar şekili konfederatiw şeklinden nämesi bilen tapawutlanýar? (101-nji s.)
20. Garagalpagystan Respublikasynyň suwereniteti belgilerini sanap beriň. (103-nji s.)
21. Özbegistan Respublikasynda häkimiýetleriň bölünişi nähili görnüşde amala aşyrylýar? (107-nji s.)
22. Alyý Mejlis nähili düzülen? Onuň düzümine näçe deputatlar we senatorlar girýär? (109-njy s.)
23. Alyý Mejlis Senatynyň absolýut ygtyýarlyklaryny sanap beriň. (113-nji s.)
24. Kanunçylyk palatasynyň absolýut ygtyýarlyklaryny sanap beriň. (113-nji s.)
25. Kanuna görä goýulýan talaplary sanap beriň. (115-nji s.)
26. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä kanunçylyk başlangyjy hukugyna haýsy häkimiýet organlary eýedir? (116-njy s.)
27. Kanunçylyk prosesiniň basgançaklaryny sanap beriň. (117-nji s.)

## 20-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTI

**Temaýň üstünde işlemek netijesinde:**

– döwlet baştutany hökmünde Prezidentiň ygtyýarlyklary hakynda;

– Prezidenti saýlamak tertibi we onuň ygtyýarlygynyň ýatyrylmagy hakynda öwrenersiňiz.

**1. Prezident – döwlet baştutany.**

**2. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary.**

**3. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentini saýlamak tertibi we onuň ygtyýarlygynyň ýatyrylmagy**.

### 1. PREZIDENT – DÖWLETIŇ BAŞTUTANY

Latynçadan terjime edende **prezident** sözi öňde oturýan, ýagny döwletiň başlygy manysyny aňladýar. Dünýädäki köpçülik döwletlerde prezidentlik dolandyryşy şekiliniň bolmagy hem prezident wezipesiniň abraýyny aňladýar**.** Özbegistanda prezident wezipesi **1990-njy ýylyň 24-nji martyn**da yglan edildi.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti döwlet baştutanydyr we döwlet häkimiýeti organlarynyň ylalaşan ýagdaýda iş alyp barmagyny hem-de hyzmatdaşlygyny üpjün edýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 89-njy madda.**

***Ýumuş***

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyklaryny öwrenip, Döwlet baştutanynyň ygtyýarlyklaryny aşakdaky iş ugurlaryna bölüň:

| Prezidentiň Aly Mejlisiň işi bilen bagly bolan ygtyýarlyklary | Prezidentiň Ministrler Kabinetiniň işi bilen bagly bolan ygtyýarlyklary | Prezidentiň Goranmak we halkara gatnaşyklar bilen bagly bolan ygtyýarlyklary | Prezidentiň sud, prokuratura organlarynyň we Döwlet howpsuzlyk gullugynyň işini laýyklaşdyrmak bilen bagly bolan ygtyýarlyklary |
|---|---|---|---|
| | | | |

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUGLIKASYNYŇ PREZIDENTINIŇ YGTYÝARLYKLARY

Döwlet baştutanynyň esasy wezipesi – häkimiýetiň ähli pudaklarynyň işini laýyklaşdyrmak ýoly bilen döwletiň berkarar ösüşini üpjün etmekdir. Prezidentiň Özbegistan döwlet häkimiýeti organlary ulgamyndaky aýratyn orny hem ynha şunuň bilen düşündirilýär. Özbegistan Respublikasynda Prezident Döwlet baştutany hasaplanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 93-nji maddasyna laýyklykda Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti:**

1) raýatlaryň hukuklaryna we azatlyklaryna, Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna we kanunlaryna amal edilmeginiň kepilidir;

2) Özbegistan Respublikasynyň suwereniteti, howpsuzlygy we ýerli bitewiligini goramak, milli-döwlet gurluşy meselelerine degişli kararlary amala aşyrmak boýunça zerur çäreleri görýär;

3) döwletiň içinde we halkara gatnaşyklarda Özbegistan Respublikasynyň adyndan iş alyp barýar;

4) gepleşikler alyp barýar hem-de Özbegistan Respublikasynyň şertnama we ylalaşyklaryna gol çekýär, respublika tarapyndan düzülen şertnamalara, ylalaşyklara we onuň kabul eden borçlaryna amal edilmegini üpjün edýär;

5) akkreditasiýadan geçen diplomatik hem-de başga wekilleriň ynanç we yzyna çagyrylyş hatlaryny kabul edýär;

6) Özbegistan Respublikasynyň daşary döwletlerdäki diplomatik we başga wekillerini saýlamak üçin kandidaturalary Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatyna hödürleýär;

7) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisine döwletiň içeri we daşary syýasatyny amala aşyrmagyň iň möhüm meseleleri boýunça ýüzlenmek hukugyna eýe;

8) respublika ýokary häkimiýet we dolandyryş organlarynyň ylalaşyp işlemegini üpjün edýär; ministrlikler, döwlet komitetleri hem-de döwlet dolandyryşynyň başga organlaryny Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň hödürlemegine görä döredýär we ýatyrýar, soňra şu meselelere degişli permanlary Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisiniň palatalarynyň tassyklamagyna hödürleýär;

9) Senatyň Başlygy wezipesine saýlamak üçin kandidaturany Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatyna hödürleýär;

10) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalary seretmegi

 

we tassyklamagy üçin Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministriniň kandidaturasyny hödürleýär hem-de ony otstawka çykanda, Baş Ministre bildirilen ynamsyzlyk wotumy Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalary tarapyndan kabul edilende ýa-da kanunda göz öňünde tutulan başga ýagdaýlarda wezipesinden boşadýar;

11) Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministriniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň agzalaryny tassyklaýar we wezipelerinden boşadýar;

12) Özbegistanyň Baş prokurory we Hasap palatasynyň başlygyny saýlaýar we olary wezipesinden boşadýar, soňra bu meseleleri Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň tassyklamagyna hödürleýär;

13) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatyna Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudunyň, Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň düzümlerine, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň Sudýalar ýokary geňeşiniň, Özbegistan Respublikasynyň Merkezi banky Dolandyryşynyň başlyklarynyň wezipelerine kandidaturalary hödürleýär;

14) Özbegistan Respublikasynyň Sudýalarynyň ýokary geňeşiniň hödürlemegine görä welaýatlar we Daşkent şäher sudlarynyň başlyklaryny we başlyk orunbasarlaryny, Özbegistan Respublikasynyň Harby sudunyň başlygyny saýlaýar we wezipesinden boşadýar; Özbegistan Respublikasynyň Sudýalar ýokary geňeşiniň agzalaryny kanuna laýyklykda tassyklaýar;

15) Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministriniň hödürlemegine görä welaýatlaryň häkimlerini hem-de Daşkent şäher häkimini kanuna laýyklykda saýlaýar hem-de wezipesinden boşadýar. Konstitusiýany, kanunlary bozan ýa-da öz abraýyna we gadyr-gymmatyna ysnat getirýän hereket eden tümen we şäher häkimlerini Prezident öz karary bilen wezipesinden boşatmaga hakly;

16) respublikanyň döwlet dolandyryş organlarynyň we häkimleriň kabul eden resminamalaryny olar kanun normalaryna laýyk bolmadyk ýagdaýlarda togtadýar we ýatyrýar; Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň mejlislerinde ýolbaşçylyk etmäge hakly;

17) Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna gol çekýär we yglan edýär; kanuna öz tekliplerini girizip, ony gaýtadan ara alyp maslahatlaşmak we sese goýmak üçin Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisine gaýtarmaga hakly;

18) Özbegistan Respublikasyna hüjüm edilende ýa-da agressiýadan birbirini goramak boýunça düzülen şertnamanyň borçlaryny ýerine ýetirmek zerurlygy ýüze çykanda uruş ýagdaýyny yglan edýär we kabul eden kararyny üç günüň içinde Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi palatalarynyň tassyklamagyna hödürleýär;

19) adatdan daşary ýagdaýlarda (real daşky howp, köpçülikleýin tertipsizlikler, iri betbagtçylyk, tebigy apat, epidemiýalar) raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek maksadynda, Özbegistan Respublikasynyň ähli çäginde ýa-da bölekleýin adatdan daşary ýagdaýy yglan edýär we kabul eden kararyny üç günüň içinde Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalarynyň tassyklamagyna hödürleýär. Adatdan daşary ýagdaý yglan etmek şertleri we tertibi kanun bilen belgilenýär;

20) Özbegistan Respublikasynyň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy hasaplanýar, Ýaragly Güýçleriň ýokary serkerdelerini saýlaýar we wezipesinden boşadýar, alyý harby derejeler berýär;

21) Özbegistan Respublikasynyň ordenleri, medallary we hormat hatlary bilen sylaglaýar, Özbegistan Respublikasynyň at gazanan we hormatly derejelerini berýär;

22) Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyna we syýasy gaçalga bermäge degişli meseleleri çözýär;

23) amnistiýa hakyndaky resminamalary kabul etmek hakynda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatyna hödürleýär we Özbegistanyň sudlary tarapyndan höküm edilen şahslaryň günäsini geçýär;

24) Döwlet howpsuzlyk hyzmatynyň başlygyny saýlaýar we wezipesinden azat edýär, soňra şu meselelere degişli permanlary Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň tassyklamagyna hödürleýär;

25) Konstitusiýada we Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynda göz öňünde tutulan başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Prezidentiň öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi döwlet edaralaryna ýa-da wezipeli şahslara ýüklemäge haky ýok.

## 3. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PREZIDENTINI SAÝLAMAK TERTIBI WE ONUŇ YGTYÝARLYKLARYNYŇ ÝATYRYLMAGY

Döwlet ýolbaşçysy parlament deputatlary tarapyndan saýlanýan parlament Respublikasyndan tapawutlylykda prezidentlik dolandyryş şekilinde halk tarapyndan ýa-da saýlawçylaryň wekilleri tarapyndan saýlanýar.

Prezident saýlawy Konstitusiýa we «Özbegistan Respublikasy Prezidentine saýlawy hakynda»ky Kanuna esasan umumy, deň we gönüden-göni saýlamak hukugy esasynda gizlin ses bermek ýoly bilen amala aşyrylýar. Şol bir wagtda prezidentlige kandidatura aýratyn talaplar goýulýar.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti wezipesine otuz bäş ýaşdan kiçi bolmadyk, döwlet dilini gowy bilýän, saýlawa çenli azyndan 10 ýyl Özbegistanyň çäginde ýaşap gelýän Özbegistan Respublikasynyň raýatynyň saýlanmagy mümkin. Bir şahsyň yzygiderli iki möhletden köp Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti bolmagy mümkin däl.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti Özbegistan Respublikasynyň raýatlary tarapyndan umumy, deň we gönüden-göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek ýoly bilen bäş ýyl möhlete saýlanýar. Prezidenti saýlamak tertibi Özbegistan Respublikasynyň kanuny bilen kesgitlenýär.

**Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasy, 90-njy madda.**



## *Esasy kanun kesgitleýär*

Ygtyýarlygy gutarmagy bilen otstawka çykan Prezident ömürlik Senat agzasy wezipesini eýeleýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 97-nji madda.**

## *Jemini jemleýäris*

**Özbegistan Respublikasy Prezidenti:**

- döwlet başlygy;
- Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň ýygnagynda kasam kabul eden wagtdan başlap öz wezipesine girişen hasaplanýar;
- raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň, Konstitusiýa we kanunlaryň kepili;
- döwlet häkimiýeti organlarynyň ylalaşylan ýagdaýda iş alyp barmagyny hem-de arkadaşlygyny üpjün edýär;
- döwletiň içinde we halkara gatnaşyklarda Özbegistan Respublikasynyň adyndan iş alyp barýar;
- döwletiň Ýaragly Güýçleriniň Belent Serkerdebaşysy;
- Prezidentiň şahsy eldegrilmesiz we kanun bilen goralýar;
- ygtyýarlyk möhleti gutarandan soň – senator.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Prezidentiň döwlet başlygy sypatyndaky esasy ygtyýarlyklaryny sanap beriň.
2. Öz borçlaryny ýerine ýetirýän wagtynda Prezident nähili kynçylyklary ýeňip geçmegi zerur?
3. Siziň pikiriňize görä Prezident öz ygtyýarlyklaryny ýerine ýetirmegi döwlet edaralaryna ýa-da wezipeli şahslara ynanmaga hakly däldigi hakyndaky düzgün näme üçin Konstitusiýa girizilen?
4. Döwletimizde kimler Prezident edip saýlanmagy mümkin?
5. Prezident syýasy partiýanyň agzasy bolmagy mümkinmi?

## 21-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ÝERINE ÝETIRIJI HÄKIMIÝET ORGANLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– ýerine ýetiriji häkimiýet organlary ulgamy hakynda;

– Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Ministrler Kabineti – döwlet hökümeti, ýerine ýetiriji organ.**

**2. Ministrler Kabinetiniň esasy ygtyýarlyklary.**

### 1. MINISTRLER KABINETI – DÖWLET HÖKÜMETI, ÝERINE ÝETIRIJI ORGAN

Ministrler Kabinetiniň döredilmek esaslaryna we işine Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň 98-nji maddasy hem-de «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti hakynda»ky Kanun bagyşlanan. Ministrler Kabineti – Özbegistan Respublikasynyň hökümeti we Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji organy hasaplanýar we ykdysadyýetiň, sosial hem-de ruhy pudagyň netijeli işlemegine ýolbaşçylyk etmegi, Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň, Aly Mejlisiň kararlarynyň, Prezidentiň permanlarynyň, kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär.

### 2. MINISTRLER KABINETINIŇ ESASY YGTYÝARLYKLARY

Ministrler Kabineti döwlet dolandyryş organlary we olar tarapyndan düzülýän hojalyk dolandyryş organlary ulgamyny dolandyrýar, olaryň ylalaşykly işlemegini üpjün edýär. Ministrler Kabineti öz işinde Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň öňünde jogapkärdir.

Aly Mejlisiň Palatalarynda seredilýän kanun taslamalaryny we başga resminamalary taýýarlamakda Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň Kanselýariýasy iş alyp barýar. Ýerlerdäki ýerli döwlet we hojalyk dolandyryş organlary hem-de ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň bölümleriniň ýakyn hyzmatdaşlygyny üpjün etmek maksadynda Aly Mejlisde Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň Wekili wezipesi yglan edilen.

*12-nji shema.*

**Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministri**

- Baş Ministriň sekretary
- Ministrler Kabineti Prezidiumy
- Baş Ministriň Metbugat gullugy
- Orunbasarlar
- Baş Ministriň orunbasarlary
- Ministrler Kabinetiniň Ýerine ýetiriji kanselýariýasy
- Ministrler we döwlet komitetleriniň başlyklary

Ministrler Kabinetiniň ýanynda Internet ulgamynda Özbegistan Respublikasynyň Açyk maglumatlar Portaly açylan (data.gov.uz).

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 98-nji maddasyna laýyklykda Ministrler Kabinetiniň ygtyýarlyklary:**

- ykdysady, sosial, maliýe, pul-kredit syýasatyny alyp barmagy, ylym, medeniýet, tälim, saglygy goraýyş hem-de ykdysadyýetiň we sosial pudagyň başga ugurlaryny ösdürmek boýunça maksatnamalary işläp taýýarlanmagy üçin jogapkär bolýar;
- raýatlaryň ykdysady, sosial we başga hukuklary hem-de kanuny bähbitlerini goramak boýunça çäreleri amala aşyrýar;
- döwlet we hojalyk dolandyryş organlarynyň işini laýyklaşdyrýar we ugrukdyrýar, olaryň işiniň üstünden kanunda bellenen tertipde gözegçiligi üpjün edýär;
- Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň, Aly Mejlisiň kararlarynyň, Özbegistanyň Prezidentiniň permanlarynyň, kararlary we buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
- Özbegistan Respublikasynyň Alyý Mejlisine her ýylda döwlet sosial-ykdysady durmuşynyň iň möhüm meseleleri boýunça dokladlar hödürleýär;
- Konstitusiýa we Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynda göz öňünde tutulan başga ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Konstitusiýa we «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti hakynda»ky Kanuna laýyklykda Ministrler Kabineti öz işinde Respublikada ýaşaýan ähli milletleriň we halklaryň bähbitlerinden gelip çykan ýagdaýda kollegiýa esaslanan, demokratiýa we kanunçylyk prinsiplerine daýanýar.

### *1-nji ýumuş*

*Shemada berlen Özbegistan Respublikasynyň Ministrlikleri bilen tanyşyp çykyň we olaryň iş ugurlaryny görkeziň.*




### *2-nji ýumuş*

*Özüňizi belli bir ulgam (halk bilimi, içeri işler, saglygy goraýyş, daşary işler) ministriniň ornunda göz öňüne getirip görüň. Saýlap alan pudagyňyz boýunça bar bolan meseleleri çözmek maksatnamasyny düzüň.*
Ministrler Kabineti – döwlet hökümeti;



## Jemini jemleýäris

**Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti:**

- Döwlet komitetleri we ministrlikler;
- ykdysady, sosial we ruhy pudaklaryň üstünlikli ösüşini üpjün edýär;
- kanunlar, Aly Mejlisiň kararlary, Prezident permanlary, kararlar we buýruklaryň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;
- Prezident Baş Ministriň kandidaturasyny hödürleýär, Aly Mejlis tassyklaýar;
- Aly Mejlisiň we Prezidentiň öňünde jogapkärdir;
- «Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti hakynda»ky Kanun.

## Özüňizi barlap görüň!

1. Özbegistan Respublikasynda nähili ýerine ýetiriji organlar bar?
2. Ministrler Kabinetiniň düzümi nähili düzülýär?
3. Respublika hökümetiniň esasy ygtyýarlyklaryny sanap beriň.
4. Ministrler Kabinetiniň Aly Mejlis bilen özara baglanyşygy nähili amala aşyrylýar?
5. Ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň esasy wezipesini aýdyp beriň.

# ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ MINISTRLER KABINETI HAKYNDAKY ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KANUNY

*(Göçürme)*

**1-nji madda. Özbegistan Respublikasy Ministrler Kabineti**

Ministrler Kabineti – Özbegistan Respublikasynyň Hökümeti – Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýet organydyr.

Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabineti (mundan beýläk tekstde Ministrler Kabineti diýip ýöredilýär):

1) ykdysady, sosial, maliýe, pul-kredit syýasatynyň ýöredilişi, ylym, medeniýet, tälim, saglygy goraýyş hem-de ykdysadyýetiň we sosial pudagyň başga ugurlaryny ösdürmek boýunça maksatnamalaryň işläp taýýarlanmagy we amala aşyrylmagy üçin jogapkär hasaplanýar;

2) raýatlaryň ykdysady, sosial we başga hukuklaryny hem-de kanuny bähbitlerini goramak boýunça çäreleri amala aşyrýar;

3) döwlet we hojalyk dolandyryşy organlaryň işini laýyklaşdyrýar we ugrukdyrýar, olaryň işiniň üstünden kanunda bellenen tertipde gözegçiligi üpjün edýär;

4) Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň, Aly Mejlisiň kararlarynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlarynyň, kararlarynyň we buýruklarynyň ýerine ýetirilmegini üpjün edýär;

5) Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisine her ýylda döwlet sosial-ykdysady durmuşynyň iň möhüm meseleleri boýunça dokladlar hödürleýär;

6) Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda we kanunlarynda göz öňünde tutulan başga ygtyýarlyklaryny amala aşyrýar.

Ministrler Kabineti döwlet dolandyryş organlarynyň ulgamyna we özüniň düzen hojalyk dolandyryş organlary ulgamyna ýolbaşçylyk edýär, olaryň ylalaşyp iş alyp barmagyny üpjün edýär.

Ministrler Kabineti öz işinde Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň we Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň öňünde jogapkärdir.

Ministrler Kabineti kanunçylyk başlangyjy hukugyna eýe.

**4-nji madda. Ministrler Kabinetiniň düzümi we ony şekillendirmek tertibi.**

Ministrler Kabinetiniň düzümine Özbegistan Respublikasynyň Baş Ministri (mundan beýläk tekstde Baş Ministr diýip ýöredilýär), onuň orunbasarlary, ministrler, döwlet komitetleriniň başlyklary girýär. Garagalpagystan Respublikasy hökümetiniň başlygy Ministrler Kabinetiniň düzümine öz wezipesi boýunça girýär.

## 22-§. ÝERLI DÖWLET HÄKIMIÝETI ORGANLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– ýerli döwlet häkimiýeti organlarynyň işiniň esasy ugurlary hakynda;
– häkimleriň ygtyýarlyklary we iş prinsipleri hakynda;
– Halk deputatlary Geňeşiniň işi hakynda öwrenersiňiz.

**1. Halk deputatlarynyň Geňeşi.**
**2. Welaýat, tümen we şäher häkimleriniň işi.**

### 1. HALK DEPUTATLARYNYŇ GEŇEŞI

Merkezi häkimiýet organlaryndan tapawutlylykda, ýerli häkimiýet organlary sosial meseleleri regional derejede çözýär. Olar jemgyýet durmuşynyň dürli pudaklaryndaky meseleleri gönüden-göni çözüp, ýerine ýetiriji häkimiýetiň kanunlaryny we normatiw aktlaryny amala aşyrýar. Häkimiýet organlary ýerlerdäki halkyň asudalygyny üpjün etmek we döwletiň öňünde duran wezipelerini amala aşyrmakda möhüm rol oýnaýar.

Welaýatlardaky, tümenlerdäki we şäherlerdäki häkimiýet wekilçilikli organlary ***Halk deputatlarynyň Geňeşi*** hasaplanýar. Olaryň işi regiondaky ilatyň durmuşynyň dürli taraplaryna degişli wezipeleri we meseleleri çözmäge gönükdirilendir. Welaýatlaryň, şäherleriň, tümenleriň ýerlerdäki wekillik we ýerine ýetiriji häkimiýetini ***häkim*** dolandyrýar. Welaýat häkimleri we Daşkent şäheriniň häkimi Prezident we degişli Halk deputatlarynyň Geňeşine hasabat bermäge borçly.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Welaýatlarda, tümenlerde we şäherlerde (tümene boýun egýän şäherlerden daşary) häkimler ýolbaşçylyk edýän halk deputatlarynyň Geňeşleri häkimiýetiň wekilçilikli organlary bolup, olar döwletiň we raýatlaryň bähbitleri üçin öz hukuklaryna degişli meseleleri çözýärler.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 99-njy madda.**

## 2. WELAÝAT, TÜMEN WE ŞÄHER HÄKIMLERINIŇ IŞI

Häkimiň işi özbaşdaklyk esasynda amala aşyrylýar we özi dolandyrýan regionynda kabul eden kararlarynyň we işiniň netijeleri üçin hut özi jogapkär bolýar. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 93-nji maddasyna laýyklykda Konstitusiýany, kanunlary bozan ýa-da öz abraýyna we gadyr-gymmatyna laýyk bolmadyk hereketleri üçin tümen we şäher häkimlerini Prezident öz karary bilen wezipesinden boşatmaga hakly.

### *Ýumuş*

*Göz öňüne getiriň, Siz mekdep direktory we şäher (tümen) häkiminiň kabulyna geldiňiz. Mekdebi abatlamak we gowy okaýan okuwçylary daşary ýurtlardan birine syýahata goýbermek üçin maddy kömek sorap ýüzlendiňiz. Bu teklipleri esaslandyrmak üçin nähili sebäpleri görkezerdiňiz?*

**Welaýatlaryň, tümenleriň we şäherleriň häkimi:**

- Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň, Aly Mejlisiň palatalarynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň, Ministrler Kabinetiniň resminamalary, ýokary organlar we degişli halk deputatlary Geňeşiniň kararlarynyň ýerine ýetirilişini guraýar;
- jemgyýetçilik tertibini saklamak we jenaýatçylyk bilen göreş, raýatlaryň howpsuzlygyny üpjün etmek, olaryň hukuklary we saglygyny üpjün etmek bilen bagly çäreleri görýär, tebigy apatlar, epidemiýalar we başga adatdan daşary ýagdaýlarda işleri guraýar;
- welaýatlar, tümenler, şäherleri ykdysady we sosial ösdürmegiň esasy pudaklary, welaýat, tümen, şäher býujetiniň esasy parametrleri we olaryň ýerine ýetirilişi hakyndaky hasabaty halk deputatlary Geňeşine hödürleýär;
- respublikada we daşary ýurtda welaýat, tümen we şäheriň resmi wekili görnüşinde iş alyp barýar;
- ilaty kabul etmegi guraýar, raýatlaryň şikaýatlaryny, arzalaryny we tekliplerine garaýar we başgalar.

Welaýat, tümen we şäher häkimi degişli halk deputatlary Geňeşine welaýatyň, tümeniň, şäheriň sosial-ykdysady ösüşine degişli möhüm we wajyp meseleler boýunça hasabatlary hödürleýär. Geňeşleriň kararlary olara esaslanyp kabul edýär.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Welaýat, tümen we şäher häkimleri öz ygtyýarlyklaryny özbaşdak görnüşde amala aşyrýarlar we özleriniň ýolbaşçylyk edýän organlaryň kararlary we işi üçin şahsy özi jogapkärdirler.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 103-nji maddadan.**

Ýerli häkimiýet organlarynyň işiniň möhüm pudaklaryndan biri kommunal hojalygyny ösdürmäge ýolbaşçylyk etmek hasaplanýar. Ýerli häkimiýet organlary hakyndaky kanunda häkimler öz çäklerindäki kommunal hojalygyň hyzmatyny laýyklaşdyrmagy we gözegçilik etmegi nygtalýar. Kommunal hojalygy hyzmaty häkimiýetler bölümi tarapyndan dolandyrylýar. Olaryň ýolbaşçylary häkim tarapyndan saýlanýar we wezipesinden azat edilýär. Bu mesele ýerli Geňeşiň sessiýasynda tassyklanýar.

Ýerli Geňeşiň işiniň esasy guramaçylyk-hukuk şekili sessiýa hasaplanýar. Sessiýada Geňeşiň hukugyna girýän meseleler çözülýär, hasabatlar diňlenýär we ýerine ýetirilmegi hökman bolan kararlar kabul edilýär. Welaýatlaryň, tümenleriň, şäherleriň halk deputatlary Geňeşi zerurlyga görä bir ýylda azyndan iki gezek häkim tarapyndan çagyrylýar.

### *Jemini jemleýäris*

**Ýerli döwlet häkimiýeti organlary:**

- halk deputatlary Geňeşi;
- häkim – ýerlerde wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýeti dolandyrýar;
- halk deputatlary Geňeşiniň öňünde hasabat bermek;
- kabul edilen kararlar üçin häkimiň şahsy jogapkärligi.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Halk deputatlarynyň Geňeşi nähili meseleleri çözýär?
2. Halk deputatlarynyň Geňeşine kim ýolbaşçylyk edýär?
3. Häkimleriň işi nähili prinsiplerde amala aşyrylýar?
4. Häkimler halk deputatlary Geňeşini dolandyryp, nähili meseleleri çözýär?
5. Welaýatlar, tümenler we şäherler häkimleri häkimiýetiň nähili organlaryna hasabat berýär?

## *Normatiw resminama*

### ÝERLI DÖWLET HÄKIMIÝETI HAKYNDA ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KANUNY

(*Göçürme*)

**1-nji madda. Ýerli wekillik we ýerine ýetiriji häkimiýet**

Welaýatlarda, tümenlerde we şäherlerde (tümene degişli şäherlerden daşary) häkimler ýolbaşçylyk edýän halk deputatlary Geňeşleri häkimiýetiň wekilçilikli organlary bolup, olar döwletiň we raýatlaryň peýdalary üçin öz ygtyýarlyklaryna degişli meseleleri çözýärler.

Welaýat, tümen, şäher häkimi welaýatyň, tümeniň, şäheriň häkimiýetiniň ýokary wezipeli şahsydyr, şol bir wagtda degişli regionda **wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýete ýolbaşçylyk edýär.** Welaýatyň we Daşkent şäheriniň häkimi Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine we degişli halk deputatlarynyň Geňeşine hasabat berýär. Tümeniň häkimi ýokary durýan häkime we degişli halk deputatlary Geňeşine hasabat berýär.

**2-nji madda. Ýerli wekilçilikli we ýerine ýetiriji häkimiýetiň başlygyny saýlamak we boşatmak**

Welaýatyň we Daşkent şäheriniň häkimi Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan bellenýär hem-de wezipesinden boşadylýar.

Tümen we şäherleriň häkimleri welaýat, Daşkent şäher häkimi tarapyndan bellenýär we wezipesinden boşadylýar hem-de degişli halk deputatlary Geňeşi tarapyndan tassyklanýar.

Welaýat, tümen, şäher häkimi degişli halk deputatlary Geňeşiniň degişli deputatlarynyň arasyndan bellenýär we tassyklanýar.

Tümenlere degişli şäherleriň häkimleri tümen häkimi tarapyndan bellenýär we wezipesinden boşadylýar hem-de halk deputatlary tümen Geňeşi tarapyndan tassyklanýar.

Welaýat häkimi Özbegistan Respublikasy Ministrler Kabinetiniň razylygy bilen şäher häkimini tümen häkimine (şäheriň düzümine girýän tümenlerden daşary) boýun egdirmäge we welaýat Halk deputatlar Geňeşinde tassyklanýan kararlar bilen ýeke-täk dolandyryş organlaryny düzmäge hakly.

Halk deputatlary Geňeşleri we häkimleriň ygtyýarlyk möhleti – 5 ýyl.

## 23-§. RAÝATLARYŇ ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ ORGANLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– öz-özüňi dolandyryş organlarynyň strukturasy we olaryň hukuky ady hakynda;

– öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ygtyýarlyklary hakynda;

– raýatlar ýygnaklarynyň işiniň esasy ugurlary boýunça komissiýanyň işi hakynda öwrenersiňiz.

**1. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary we olaryň hukuky ýagdaýy.**

**2. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň işiniň esasy ugurlary.**

**3. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýanyndaky komissiýanyň işi.**

### 1. RAÝATLARYŇ ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ ORGANLARY WE OLARYŇ HUKUKY ÝAGDAÝY

Şäherlerde we obalarda, şeýle hem, şäherleriň we obalaryň mähellelerinde guralýan öz-özüňi dolandyryş organlarynyň strukturasy we hukuk ýagdaýy Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 105-nji maddasynda we «Raýatlaryň öz-özüňi dolandyrmak organlary hakynda»ky Kanunda kesgitlenendir.

> ***Raýatlaryň öz-özüňi dolandyrmagy*** – bu Konstitusiýa we Özbegistan Respublikasy kanunlary bilen kepillendirilen, raýatlaryň öz bähbitleri, taryhy ösüş aýratynlyklary, şeýle hem, milli we ruhy gymmatlyklaryndan we ýerli däp-dessurlaryndan gelip çykýan meseleleri çözmek boýunça özbaşdak işi hasaplanýar.

Şäherçelerde, obalarda, şeýle hem şäherlerdäki, obalardaky öz-özüňi dolandyryş organlary ***raýatlaryň ýygnagy*** bolup, olara üç ýyl möhlete başlyk (aksakgal) we onuň maslahatçylary saýlanýar.

Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary döwlet häkimiýeti organlarynyň ulgamyna girmeýär we kanunçylyga laýyklykda berlen hukugy degişli regionda amala aşyrýarlar. Raýatlaryň ýygnagy ilatyň bähbitlerini beýan edýär we onuň adyndan degişli regionlarda amal edýän kararlary kabul edýär.

Raýatlaryň ýygnagynda on sekiz ýaşa dolan we degişli çäkde hemişelik ýaşaýan şahslar gatnaşýar.

## 2. RAÝATLARYŇ ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ ORGANLARYNYŇ IŞINIŇ ESASY PRINSIPLERI

Raýatlar ýygnagynyň organlary aşakdakylar hasaplanýar: raýatlar ýygnagy Geňeşi, raýatlar ýygnagynyň esasy prinsipleri boýunça komissiýa we barlag komissiýasy. Öz-özüňi dolandyryş organlary döwletiň ilatyna özleriniň konstitusion hukuklaryny jemgyýet we döwlet işlerini dolandyrmakda amala aşyrmak mümkinçiligini berýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Şäherçelerde we obalarda şeýle hem olaryň düzümindäki mähellelerde hem-de şäherlerdäki mähellelerde raýatlaryň ýygynlary öz-özüňi dolandyryş organlary bolup, olar başlygy (aksakgaly) saýlaýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 105-nji madda.**

Öz-özüňi dolandyryş organlarynyň kömeginde we ilatyň bilelikdäki kömegi bilen ýerlerde sosial we medeni meseleler çözülýär, döwlet organlaryna ilatyň durmuşyny gowulandyrmaga gönükdirilen kanunlaryň we kararlaryň ýerine ýetirilişini amala aşyrmaga kömek berilýär.

Öz-özüňi dolandyryş organlarynyň işiniň ýatyrylmagy diňe raýatlaryň ýygnaklaryň karary boýunça amala aşyrylýar. Öz-özüňi dolandyryş organlarynyň wezipeli şahslarynyň döwlet häkimiýeti organlaryna ýüzlenmeleri hökman seredilmelidir.

## 3. RAÝATLARYŇ ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ ORGANLARYNYŇ KOMISSIÝALARYNYŇ IŞI

«Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary hakynda»ky Kanunyň 18-nji maddasyna laýyklykda raýatlar ýygnagy işiniň esasy prinsipleri boýunça aşakdaky komissiýalar düzülýär:

**Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň ýanyndaky komissiýalar:**

- ylalaşyk komissiýasy;
- magaryf we ruhyýet meseleleri boýunça komissiýa;
- sosial goldamak komissiýasy;
- aýal-gyzlar bilen işlemek komissiýasy;
- kämillik ýaşyna ýetmedikler, ýaşlar we sport meseleleri boýunça komissiýa;
- telekeçilik işini ösdürmek we maşgala esaslanan biznes meseleleri boýunça komissiýa;
- ekologiýa we tebigaty goramak, abadançylyk komissiýasy;
- jemgyýetçilik gözegçiligi we hyrydarlaryň hukuklaryny goramak komissiýasy.

## *Jemini jemleýäris*

**Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary:**

- öz-özüňi dolandyryş organlary – ýaşaýan çäkdäki meseleleri çözmek;
- raýatlar ýygnaklary: aksakgal – 3 ýyl;
- raýatlar ýygnagynyň Geňeşi;
- raýatlar ýygnagynyň işiniň esasy ugurlary boýunça komissiýa.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň esasy wezipesi nämelerden ybarat?

**2.** Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlaryny kim dolandyrýar we ol näçe ýyla saýlanýar?

**3.** Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynda nähili komissiýalar düzülýär?

**4.** Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň işiniň esasy ugurlaryny sanaň.

## RAÝATLARYŇ ÖZ-ÖZÜŇI DOLANDYRYŞ ORGANLARY HAKYNDA ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ KANUNY

(*Göçürme*)

### 3-nji madda. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş düşünjesi

Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryşy – ýerli ähmiýete eýe bolan meseleleri öz bähbitlerine, taryhy ösüşiň aýratyn taraplaryna, şeýle hem milli we ruhy gymmatlyklara esaslanyp çözmek boýunça Özbegistanyň Konstitusiýasy we kanunlary bilen kepillendirilen raýatlaryň özbaşdak işidir.

### 4-nji madda. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş hukugy

Raýatlar öz-özüňi dolandyrmaga bolan Konstitusion hukugyny şäherçelerde, obalarda, şeýle hem şäherleriň mähellelerinde raýatlaryň ýygnagy (raýatlaryň wekilleriniň ýygnagy) arkaly saýlaw hukugynyň kepilliklerine laýyklykda amala aşyrýarlar.

Jynsyna, milletine, diline, dinine, sosial gelip çykyşyna, ynamyna, şahsyna we sosial abraýyna garamazdan raýatlar gönüden-göni ýa-da özleriniň saýlap goýan wekilleri arkaly öz-özüňi dolandyrmaga deň hukuklydyr.

### 5-nji madda. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň işiniň esasy prinsipleri

Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarynyň işiniň esasy prinsipleri kanunylyk, adam hukuklary, azatlyklary we kanuny bähbitleriniň üstünligi, demokratiýa, aç-açanlyk, sosial adalat, ýerli ähmiýete eýe meseleleri özbaşdak çözmek, jemgyýet agzybirligi, sosial şäriklik, ýerli däp-desuurlary hasaba almakdyr.

### 8-nji madda. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary

Şäherçelerde, obalarda, şeýle hem şäherleriň mähellelerinde raýatlaryň ýygnagy (raýatlaryň wekilleriniň ýygnagy) raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlarydyr.

Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary döwlet häkimiýeti organlarynyň ulgamyna girmeýär we degişli çäkde kanun bilen özlerine berlen ygtyýarlyklary amala aşyrýar.

Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary ýuridiki şahs hukuklaryndan peýdalanýar, öz ady düşürilen möhüre eýe bolýar, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetinde bellenen tertipde hasaba alynýar.

# 24-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ SUD ULGAMY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýetiniň düzülmegi we iş prinsipleri hakynda;

– sudýalaryň hukuklary we borçlary, sudýany saýlamakda onuň şahsyna goýulýan talaplar hakynda öwrenersiňiz.

**1. Adam hukuklary goragyndaky esasy bogun.**
**2. Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy.**

## 1. ADAM HUKUKLARYNYŇ GORAGYNDAKY ESASY BOGUN

Her bir adamyň durmuşy wakalara baýlygy we dürlüligi bilen gyzykly. Emma adamyň jemgyýetdäki hereketleri başga adamlaryň hukuklaryna garşy bolmagy mümkin.

Esasy wezipesi döwletiň we her bir adamyň peýdalaryny goramakdan ybarat bolan döwlet organlary hem adamlaryň arasynda sudýalyk etmäge çagyrýar.

Eger-de, kanun çykaryjy organlar kanunlary kabul etse, sud organlary bolsa kanunlar esasynda adyl sud işini amala aşyrýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamynyň esasy wezipeleri:**

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we adam hukuklary hakyndaky halkara resminamalarda yglan edilen raýatlaryň hukuklarynyň we azatlyklarynyň sudda goralmagyny amala aşyrmak;
- kärhanalar, edaralar we guramalaryň hukuklary hem-de kanun bilen goralýan peýdalaryny suduň ýoly bilen goramak;
- kanunyň üstünligi, sosial adalat, raýatlaryň parahatçylygyny we agzybirligini üpjün etmek.

### *1-nji ýumuş*

*Aşakdaky ýagdaýlary garap, olardan haýsy biri etmiş, haýsy biriniň jenaýatdygyny anyklaň:*

**1.** Ýetginjek demir ýola otlyny saklaýjy iki sany tormoz başmagyny (otlyny saklamak üçin ulanylýan esbap) goýdy.

**2.** Iki sany ýetginjek geçip barýan otlynyň aýnasyna daş zyňdylar.

**3.** Ýetginjek mekdepde geýinilýän ýerde synpdaşlaryndan biriniň geýmini ogurlady.

**4.** Okuwçylar mekdebe goňşy öýüň diwarlaryna boýag çaldy we aýnasyny döwdi.

**5.** Raýat A. awtomaşynda ýokary tizlikde gelip ýolagçyny kakdy we oňa kömek görkezmän gaçyp gitdi.

**6.** Ýolagçy gatnadýan awtobus demirýoldan geçmek gadagan edilen ýerden geçýän wagtynda bagtsyz hadysa duçar boldy. Birnäçe ýolagçy heläk boldy, köpçüligi ýaralandy.

**7.** Ýangyn wagtynda dokuzynjy synp okuwçysy kwartiradan gaçyp çykyp gizlendi. Öýde galan iki sany kiçi ýaşly çagany ot söndürijiler alyp çykdy.

**8.** Ýokary synpda okaýan oglan okuwçy gyza degişdi, gyz oňa garşylyk edeninde ol gyzy gaty urdy we uýat sözler bilen sökdi.

## 2. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ SUD ULGAMY

**Sud** – adyl sud işini amala aşyrmaga hakly ýeke-täk döwlet häkimiýeti organydyr. Sudýalar öz çykarýan kararlaryny we buýruklaryny döwletiň adyndan çykarýarlar. Bu olaryň kararlarynyň we buýruklarynyň hemme tarapyndan, şol sanda döwlet organlary tarapyndan hem sözsüz ýerine ýetirilmegini aňladýar.

Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýeti Konstitusion, administratiw, raýatlyk, ykdysady we jenaýat sudlary arkaly amala aşyrylýar. Sudlaryň arasyndaky beýle bölünişige ***suda degişlilik***, ýagny işe garalýan konkret suduň bellenmegi diýilýär.

Özbegistanyň Prezidenti Şawkat Mirziýaýew 2017-nji ýylyň 6-njy aprelinde döwlet Konsitusiýasyna sud ulgamyny täzelemegi göz öňünde tutýan üýtgetmeler we goşmaçalar girizilmegi hakyndaky Kanuna gol çekdi. Konstitusiýanyň 80, 81, 83, 93, 107, 110, 111 we 112-nji maddalaryna üýtgetmeler girizildi. Ýokary sud raýatlyk, jenaýat, administratiw we ykdysady sudlar sud häkimiýetiniň ýeke-täk organyna – Özbegistan Respublikasynyň Ýokary suduna birleşdirildi.

Täze institut – Özbegistan Respublikasynyň Sudýalarynyň Ýokary Geňeşi düzüldi. Ol sudýalar jemgyýetçiliginiň organy bolup, Özbegistanda sud häkimiýetiniň özbaşdaklygyna degişli Konstitusion prinsipe amal edilmegini üpjün etmäge kömekleşýär.

Özbegistan Respublikasynda sud ulgamy aşakdaky sudlardan ybarat (Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň 107-nji maddasy we «Sudlar hakynda»ky Kanunyň 1-nji maddasy)

- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy;
- Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy;
- Garagalpagystan Respublikasynyň raýatlyk işleri boýunça sudy, raýatlyk işleri boýunça welaýatlar we Daşkent şäher sudlary;
- Garagalpagystan Respublikasy jenaýat işleri boýunça sudy, jenaýat işleri boýunça welaýatlar we Daşkent şäher sudlary;
- Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar we Daşkent şäher ykdysady sudlary;
- Garagalpgystan Respublikasy, welaýatlar we Daşkent şäher administratiw sudlary;
- raýatlyk işleri boýunça tümenlerara, tümen (şäher) sudlary;
- jenaýat işleri boýunça tümen (şäher) sudlary;
- tümenlerara, tümen (şäher) ykdysady sudlary;
- tümen (şäher) administratiw sudlary iş alyp barýar.



Özbegistan Respublikasynda sudlar iş kategoriýasyna görä ýöriteleşdirilmegi mümkin. Adatdan daşary sudlary döretmek bolmaýar.

Özbegistan Respublikasynda sud işlerini alyp barmak özbek, garagalpak dillerinde ýa-da şol çäkdäki köpçülik ilatyň gepleşýän dilinde alnyp barylýar. Sud alnyp barylýan dili bilmeýän sud gatnaşyjysy üçin terjimeçi arkaly sud materiallary bilen doly tanyşmak, sud hereketlerinde gatnaşmak we öz ene dilinde sözlemek hukugy üpjün edilýär.

### Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy:

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy kanun çykaryjy we ýerine ýetiriji häkimiýet resminamalarynyň Konstitusiýa laýyklygy hakyndaky işlerine garaýar. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegine görä Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisiniň Senaty tarapyndan Özbegistan Respublikasynyň Sudýalar Ýokary Geňeşi tarapyndan hödürlenen syýasat we hukuk ulgamyndaky hünärmenleriň arasyndan, Garagalpagystan Respublikasynyň wekilini goşan ýagdaýda saýlanýar.

### Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy:

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň 110-njy maddasyna görä Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň raýatlyk, jenaýat, ykdysady we administratiw sud işlerini alyp barmak ugrunda sud häkimiýetiniň ýokary organy hasaplanýar. Onuň kabul eden resminamalary berk we Özbegistan Respublikasynyň ähli çäginde ýerine ýetirilmegi mejburydyr. Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy aşaky sudlaryň sud işiniň üstünden gözegçilik etmek hukugyna eýe.

Ýokary sud tarapyndan kabul edilen kararlar üzül-kesil bolýar we Özbegistan Respublikasynyň ähli çäginde ýerine ýetirilmegi mejbury hasaplanýar. Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy aşaky sudlaryň sud işiniň üstünden gözegçilik etmek hukugyna eýe.

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy aşaky sudlaryň sud işiniň üstünden gözegçilik etmek hukugyna eýe we ýokary instansiýa sudy hökmünde gözegçilik tertibinde işleri seredýär.

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy tarapyndan birinji instansiýada garalan işler şikaýat etmek (protest bermek) hukugyna eýe şahslaryň saýlamagyna görä apellýasiýa ýa-da kassasiýa tertibinde seredilmegi mümkin. Apellýasiýa tertibinde seredilen işler kassasiýa tertibinde seredilmegi mümkin däl.

 

Özbegistan RespublIkasynyň Ýokary sudy onuň Plenumynyň düşündirişleriniň aşaky sudlar tarapyndan ýerine ýetirilmeginiň üstünden gözegçiligi amala aşyrýar, sud prosesini analiz edýär we sud organlarynyň kadrlary kämilleşdirmek işini guraýar.

Plenumyň mejlisinde Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory gatnaşýar. Şeýle hem, Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň Plenumynyň mejlislerinde Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion suduň Başlygy, Ýustisiýa ministri, sudýalar, Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň ýanyndaky Ylmy-maslahat Geňeşiniň agzalary hem gatnaşmagy mümkin.

Sud organlarynyň esasy maksady ynsanyň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak, jemgyýetde kanunylyk esasynda adalaty amala aşyrmak hasaplanýar. Sud organlarynyň işiniň möhümligi olaryň adamlaryň arasyndaky dawa we jenjelleri döwletde kabul edilen kanunlary amalyýetde ulanmak esasynda zorluk ulanmazdan çözmeginde jemlenendir.

***Ýatda saklaň!***

**Sud ulgamy** – öz ygtyýarlyklary, maksatlary we wezipelerine görä iş alyp barýan döwletiň ähli sud ediji organlary.

**Birinji instansiýa sudy** – kanuna görä sud mejlisinde birinji bolup iş ýagdaýlaryny anyklaýjy we iş boýunça kararlar ýa-da höküm çykaryjy sud. Birinji instansiýa sudunyň kararynyň üstünden kassasiýa ýa-da apellýasiýa tertibinde ýokary durýan suda şikaýat etmegi mümkin.

**Kassasiýa** – taraplaryň şikaýaty ýa-da prokuroryň protestine görä Ýokary sud instansiýasy tarapyndan hökümi ýatyrmak hakyndaky arza.

## *2-nji ýumuş*

Jedweli doldurmak esasynda häkimiýet pudaklaryndan her biriniň adam hukuklaryny nähili goraýanlygyny anyklaň.

| **Adam hukuklaryny goramak** | | |
|---|---|---|
| Kanunçylyk häkimiýeti organlary | Ýerine ýetiriji häkimiýet organlary | Sud häkimiýeti organlary |
| | | |

### Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy

| **Suduň atlandyrylyşy** | **Wezipeleri we ygtyýarlyklary** |
|---|---|
| Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy | Özbegistan Respublikasynyň kanunlary we Aly Mejlisiň palatasynyň kararlarynyň, Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň permanlaryň, hökümet we döwlet häkimiýeti ýerli organlarynyň kararlaryň, halkara şertnamalaryň we Özbegistan Respublikasynyň başga borçlarynyň Konstitusiýa laýyklygyny anyklaýarlar |
| Garagalpagystan Respublikasy Konstitusion gözegçilik komiteti (Garagalpagystan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 70-nji madda, 8-nji bendi) | |
| Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy | Raýatlyk, jenaýat we administratiw sud işini amala aşyrýan ýokary sud häkimiýeti organlary |
| Garagalpagystan Respublikasy raýatlyk we jenaýat işleri boýunça Ýokary sudlary | |
| Özbegistan Respublikasy, Garagalpagystan Respublikasy, welaýatlar we Daşkent şäher Ykdysady sudlary | Özbegistan Respublikasy we Garagalpagystan Respublikasynyň ykdysady işleri alyp barmak boýunça sud organlary |
| Welaýat sudlary we Daşkent şäher sudy, tümenlerara, tümen we şäher sudlary | Raýatlyk, jenaýat işlerini we administratiw hukukbozmalar hakyndaky işleri birlenji seretmegi amala aşyrýar (birinji instansiýa sudlary) |

## Jemini jemleýäris

**Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy:**

- sudlar – adam hukuklaryny goraýan esasy bogun;
- sud – adyl sud işini amala aşyrýan ýeke-täk häkimiýet organy;
- kanunlary bozanlygy üçin jeza çäresini diňe sud belleýär;
- sudýalar – özbaşdak we eldegrilmesizdir, diňe kanuna boýun egýär;
- administratiw, raýatlyk we jenaýat sud işi prosesi, kanunyň öňünde raýatlaryň deňligi;
- Konstitusion sud;
- umumy sudlar, ykdysady sudlar;
- prinsipler: aç-açanlyk, obýektiwlik, kanuna esaslanmak, adalat.

## Özüňizi barlap görüň!

1. Özbegistan Respublikasynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň sud ulgamyny haýsy sudlar düzýär?
2. Sud ulgamy düşünjesine kesgitleme beriň.
3. Sud döwlet häkimiýet organlarynyň ulgamynda nähili roly ýerine ýetirýär?
4. Özbegistan Respublikasynyň sud organlarynyň esasy maksatlaryny beýan ediň.





# 25-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ SUD ORGANLARYNYŇ IŞINI GURAMAK

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– adyl sud işini amala aşyrmaga goýulýan esasy talaplar hakynda;

– sudýalaryň hukuklary we borçlary, sudýalary wezipesine saýlamakda olaryň şahsyna goýulýan talaplar hakynda öwrenersiňiz.

**1. Adyl sud işini amala aşyrmakdaky esasy talaplar.**

**2. Sudýalaryň hukuklary we borçlary.**

## 1. ADYL SUD IŞINI AMALA AŞYRMAKDAKY ESASY TALAPLAR

| | |
|---|---|
| **Obýektiwlik** | Işlere obýektiw we päk garalmagy |
| **Her taraplaýyn we doly** | Garalýan iş boýunça ähli anyklanan faktlaryň her taraplaýyn öwrenilmegi |
| **Kanunylyk** | Konstitusiýa we kanunlara berk laýyklykda işleriň garalmagy we kararlaryň kabul edilmegi |
| **Mejburylyk we adalat** | Delil-subutlary ynamly faktlar bilen tassyklamak we işiň ähli taraplaryny hasaba almak |

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda hemme üçin mejbury bolan şeýle düzgün görkezilen: diňe sud şahsyň jenaýat edenligi üçin günäkärlemegi we kanuna görä jeza çäresini bellemegi mümkin (19-njy madda).

Munda jenaýat edenlikde günäkärlenýän her bir adam goranmak üçin ähli şertler döredip berilýän sudda işi kanuny tertipde, aç-açan garalyp, jenaýaty anyklanýança günäkär hasaplanmaýar (Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 26-njy madda). Beýle jogapkärçiligi anyklamak tertibine **günäsizlik prezumpsiýasy** diýilýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Jenaýat edenlikde günäkärlenýän her bir şahsyň işi sudda kanuny tertipde, aç-açan garalyp, onuň günäsi anyklanýança ol günäkär hasaplanmaýar. Sudda günäkärlenýän şahsa özüni goramak üçin ähli şertler döredip berilýär.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 26-njy madda.**

## *1-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä suduň maslahatynda sudýadan başga prokuroryň, adwokatyň we halk maslahatçysynyň, jemgyýet günäleýjisiniň we goragçylaryň gatnaşmagy kanun bilen haýsy maksatda bellenen?*

*Aşakda berlen her bir ýagdaý bilen tanşyp, sud näme üçin şeýle karar çykaranlygyny anyklaň. Sud tarapyndan adyl sud işini amala aşyrmak hakyndaky talaplar bozulanmy ýa-da ýok? Sudýanyň ýerinde bolanyňyzda nähili karar çykarardyňyz?*

***1-nji ýagdaý.***

Täjibaýewleriň maşgala agzalary (ene, ata, iki ogul we bir agtyk) öz maddy ýagdaýyny gowulandyrmak maksadynda Täjigistandan Özbegistana narkotik maddalary alyp gelmäge razy boldular. Gümrükhana işgärleri barlag wagtynda bikanun ýük barlygyny anykladylar. Maşgalanyň ähli agzalary, şol sanda 16 ýaşly agtyk we 70 ýaşly ene dürli möhletlere tussag edildiler.

***2-nji ýagdaý.***

Raýat N. «Anhor» firmasynyň buhgalteriniň ýitiren resminamalaryny tapyp aldy. Resminamalary gaýtaryp bermegiň ýerine ýitirilen resminamalarda ýazyp goýlan haryt bahasynyň 50%-ini talap etdi. Uzak dowam eden çekişmeden soň firmanyň başlygy N.i hilegärlikde günäläp, onuň üstünden suda arza berdi. Sud N.i günäkär diýip karar çykardy we ony üç ýyl möhlete azatlykdan mahrum etmäge höküm etdi.

***3-nji ýagdaý.***

Maşyny sürmegi başaryp bilmedik raýat M. ýoluň çetine çykyp gitdi we ol ýerde duran raýat K. nyň awtomobiline zelel ýetirdi. Sudýa raýat K. a özüniň günäkärligini, onuň maşynynyň gadagan edilen ýerde duranlygyny düşündirip, K. nyň arzasyny kabul etmedi.

## *2-nji ýumuş*

*Aşakdaky meseläni çözmek hakynda öz çözgüdiňizi teklip ediň.*

Terrorçylykda güman edilýän şahslardan biri ele düşdi, emma ol partlaýjy gurulmanyň nirede ýerleşdirilenligini aýtmady. Onuň aýtmagy üçin nähili çäreleri ulanan bolardyňyz? Güýç ulanarmydyňyz? Güýç ulanmasaňyz, näme üçin?

Terrorçyny gynaga salan milisiýa işgäriniň jezalanmagy hökman diýip hasaplaýarsyňyzmy?

## 2. SUDÝALARYŇ HUKUKLARY WE BORÇLARY

Özbegistan Respublikasynyň sudýalary özbaşdak we olaryň şahsy eldegrilmesizdir, ýagny sudýalar we halk maslahatçylary sud işini diňe kanun esasynda we olara mümkin bolan her dürli daşky täsiri ýüze çykmaýan şertde ara alyp maslahatlaşýarlar.

Döwlet edaralarynyň işgärleri, islendik wezipedäki emeldar şahslar we raýatlar konkret işleri nähili çözmek hakynda suda görkezme bermäge hakly däldirler. Eldegrilmesizlik prinsipi sudýadan rugsatsyz onuň iş jaýyna, öýüne girmäge, hat-habarlaryna seretmäge, enjamlaryny we resminamalaryny gözden geçirmäge hakly däldigini aňladýar.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Sudýalar özbaşdakdyrlar, diňe kanuna boýun egýärler. Sudýalaryň adyl sud işini amala aşyrmak hakyndaky işine hiç hili görnüşde gatyşmaga ýol berilmeýär we beýle gatyşmak kanuna görä jogapkärçilige sebäp bolýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 112-nji madda.**

Özbegistan Respublikasynyň 30 ýaşdan kiçi bolmadyk, ýokary ýuridik maglumata eýe ýuridik hünärmenligi boýunça, hukuk goraýjy organlarynda azyndan bäş ýyllyk iş stažyna eýe bolan we kärine degişli synagy tabşyran raýaty tümenlerara, tümen (şäher) raýatlyk, jenaýat, ykdysady administratiw sudunyň sudýasy edip saýlanmagy mümkin. Özbegistan Respublikasynyň ofiser derejesine eýe bolan, hakyky harby gullukda bolan raýaty harby suduň sudýasy bolup bilýär.

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä sudýalar deputatlyga saýlanyp bilmeýärler, syýasy partiýalara we hereketlere agza bolup bilmeýärler, şeýle hem sudýa wezipelerini başga bir hak tölenýän iş bilen bilen bilelikde alyp barmaga hakly däl (112-nji madda).

Sudýa jenaýat jogapkärçiligine çekilen ýagdaýda onuň eldegrilmesizlik hukuklary togtadylyp durulýar. Eger-de, sudýa öz wezipesine laýyk gelmeýän iş bilen meşgullanan ýagdaýlarda sudýalar degişli kesp kollegiýasynyň karary bilen Özbegistan Respublikasynyň Ýokary

sudýalar Geňeşiniň görkezmesine görä sudýanyň eldegrilmesizlik hukuklary togtadylýar, sudýa mejbury harakterdäki lukmançylyk çärelerine çekilmegi, suduň karary bilen nämälim sebäplere görä sudýa bolman duran diýip hasaplanmagy hem mümkin.

**Sudýanyň ygtyýarlyklary aşakdaky ýagdaýlarda möhletinden öň bes edilmegi mümkin:** 1) Sudýa kasamyny bozanda; 2) öz arzasyna görä; 3) sudýalar degişli kesp kollegiýasy tarapyndan duýduryş berlenden ýa-da eldegrilmesizlik hukuklary togtadylandan soň öz wezipesine laýyk gelmeýän iş bilen meşgullanan ýagdaýlarda; 4) bellenen tertipde işe ýaramsyz ýa-da işe ýaramlylygy çäklenen diýip hasaplananda; 5) Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyndan mahrum bolanda; 6) suduň hökümi bilen günäkärlenende; 7) wepat bolanda ýa-da suduň karary bilen ölen diýip yglan edilende; 8) saglyk ýagdaýy ýa-da uzak wagtyň dowamynda başga sebäpli ýagdaýlara görä sudýalyk borçlaryny ýerine ýetirmäge ýaramsyz bolan ýagdaýda; 9) eger-de, başga sudýa wezipesini eýelemäge razylyk bermedik ýagdaýda sud başlygynyň ygtyýarlyklarynyň möhleti gutaranda.

### *3-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, aşakda berlen ýagdaýlardan haýsy birinde sudýa tarapyndan kanunyň bozulmagyna ýol goýlupdyr?*

***1-nji ýagdaý.***

Pyýadalaryň ýodajygyndan geçýän raýat S. nyň geýimini ýanyndan uly tizlik bilen geçip barýan awtomobil hapalap gitdi. Jebirleniji bu meseläni özi çözmegi mümkin, sudlar beýle onça ähmiýetli iş bilen meşgullanmaýar diýip hasaplan sudýa arzany kabul etmedi.

*Sudýanyň kararyny nähili bahalaýarsyňyz?*

***2-nji ýagdaý.***

Raýat Ş. raýat N. dan 50 000 som alyp berilmegi hakynda suda ýüzlendi. Şol wagtda N. bu summany galyň üçin alanyny, soňra gyzyny Ş. nyň ogluna bermänligi anyklandy.

*Sudýa nähili çemeleşmeli?*




## *Jemini jemleýäris*

**Sud ulgamy prinsipleriniň we özboluşlyklary:**

- Günäsizlik prezumpsiýasy – günäniň diňe sud tarapyndan bellenmegi;
- «Sudlar hakynda»ky Kanun;
- kanunylyk;
- aç-açanlyk;
- sudýalaryň özbaşdaklygy;
- Konstitusion sud – kanunlar, permanlar, kararlaryň Konstitusiýa laýyklygyny anyklamak.

## *Özüňizi barlap görüň!*

1. Adyl sud işini amala aşyrmaga goýulýan kanuny talaplary aýdyň.
2. Sudýalaryň özbaşdaklygy we diňe kanuna boýun egmek prinsipi nähili amala aşyrylýar?
3. Konstitusion suduň esasy wezipesini aýdyň.
4. Kimiň şäher ýa-da tümen sudunyň, harby suduň, Konstitusion suduň sudýasy bolmagy mümkin?

# 26-§. AMALY SAPAK
# KONSTITUSION SUDUŇ MEJLISI

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Konstitusion suduň mejlisiniň geçiriliş basgançaklarynyň yzygiderligi hakynda;

– Konstitusion suduň gatnaşyjylaryny hukuklary we borçlary bilen tanyşdyrmak hakynda;

– Sud häkimiýeti organlarynyň işiniň Konstitusion ugurlary hakynda;

– Köpçüligiň öňünde çykyşlarda öz ukyp we başarnyklaryňyzy ýenede kämilleşdirmek we alnan bilimleri amalda ulanmak mümkinçilikleri hakynda öwrenersiňiz.

**1. Konstitusion suduň ygtyýarlyklary.**
**2. Sud mejlisini geçirmäge taýýarlyk.**
**3. Sud mejlisini geçirmek.**
**4. Meseläni ara alyp maslahatlaşmak.**
**5. Karar kabul etmek.**
**6. Jemini jemlemek.**

## 1. KONSTITUSION SUDUŇ HUKUKLARY

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy Konstitusion gözegçiligiň ýokary sud organydyr (Konstitusiýanyň 108-nji maddasy). Umumy sudlar ýaly ol hem döwlet ilatynyň hukuklaryny goraýar.

Emma sudlaryň başga görnüşlerinden tapawutlylykda Konstitusion suduň sudýalary şahslaryň arasyndaky konkret işlere garamaýarlar.

Konstitusion suduň sudýalarynyň esasy wezipesi Aly Mejlisiň yglan eden kanunlarynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlarynyň, Hökümet kararlarynyň we başga kanun resminamalarynyň Esasy kanun – döwlet Konstitusiýasyna laýyklygyny anyklamakdyr.

**Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň 109-njy maddasyna laýyklykda Konstitusion sud:**

1) Özbegistan Respublikasy kanunlarynyň we Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalarynyň kararlarynyň, Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlarynyň, kararlarynyň we buýruklarynyň, hökümet, ýerli döwlet häkimiýeti organlarynyň kararlarynyň, Özbegistan Respublikasy döwletlerara şertnama esaslanan we başga

borçlarynyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklygyny anyklaýar;

2) Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan gol çekilýänçä Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion kanunlarynyň, Özbegistan Respublikasynyň halkara şertnamalaryny ratifikasiýa etmek hakyndaky Özbegistan Respublikasynyň kanunlarynyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklygyny anyklaýar;

3) Garagalpagystan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna, Garagalpagystan Respublikasynyň kanunlarynyň Özbegistan Respublikasynyň kanunlaryna laýyklygy hakynda netije berýär;

4) Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň we kanunlarynyň normalaryna düşündiriş berýär;

5) Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudunyň belli bir işde ulanylmaly bolan normatiw-hukuk resminamalarynyň Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklygy hakynda sudlaryň başlangyjy bilen girizilen ýüzlenmesine garaýar;

6) Konstitusion suduň işlerini alyp barmak amalyýetini umumylaşdyrmagyň netijeleri boýunça her ýylda Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň palatalaryna we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentine döwletdäki Konstitusion kanuna laýyklygyň ýagdaýy boýunça habar berýär;

7) Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we kanunlary bilen berlen hukuklaryň çäklerinde başga işlere garaýar.

Konstitusion suduň resminamasy resmi yglan edilen günden başlap güýje girýär. Konstitusion suduň karary gutarnykly we onuň üstünden şikaýat edilmegi mümkin däl.

### *Ýumuş*

*Konstitusion suduň mejlisini geçiriň. Göz öňüne getiriň, hökümetiň 12 ýyllyk mejbury tälimini inkär etmek hakyndaky döwlet bazar gatnaşyklaryna geçmegi bilen esas edip alnan karary kabul edilen, şol mynasybetli her kim özüniň tälim derejesi hakyndaky meseläni özi çözmegi mümkin.*

*Bu kanunbozma Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyk gelýärmi?*

**Konstitusion suduň mejlisi aşakdaky ýaly geçirilmegi mümkin:**

**I. Taýýarlyk basgançagy.** Synp otagynda sud mejlisi zalyny ýatladýan ýagdaýy dörediň (okuwçylaryň bäş topary üçin stollar – her bir topar Konstitusion suduň bir sudýasy bolýar, başlyk üçin stol, dokladçy üçin münber).

**II. Mejlisi geçirmek.** Başlyk okuwçylary garalmaly mesele bilen tanyşdyrýar, reglamenti anyklaşdyrýar we toparlara ara alyp maslahatlaşmak üçin wagt berýär. Karar kabul edende okuwçylar Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň degişli maddalaryna esaslanmaly.

**III. Meseläniň ara alyp maslahatlaşylmagy.** Her bir topardan dokladçy bellenýär, ol 2–3 minudyň dowamynda toparyň şol mesele boýunça nukdaý nazaryny görkezip berýär. Ony çözmek üçin okuwçylar kanun çykaryjylara ara alyp maslahatlaşylýan karara düzedişler, kanunyň täze maddasynyň taslamasyny teklip etmekleri ýa-da bu karary inkär etmegi talap etmekleri mümkin. Ara alyp maslahatlaşylýan wagtynda başga toparlaryň gatnaşyjylary sorag bermegi mümkin.

**IV. Karar kabul etmek.** Konstitusion sudda karar ýönekeý köpçülik ses bilen kabul edilýär.

**V. Jemini gemlemek.** Meseläniň ara alyp maslahatlaşylmagyny bahalaň: ara alyp maslahatlaşmakda garalýan kararyň peýdasyna ýa-da oňa garşy argumentler nähili derejede esasly boldy, emele gelen meseläni beýle ara alyp maslahatlaşmak nähili üstünlikli geçdi.



## ARALYK BARLAG ÜÇIN SORAGLAR

*Kynçylyk çekende ýaýyň içinde görkezilen dersligiň sahypalaryna ýüzleniň.*

1. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň döwlet baştutany hökmündäki esasy borçlaryny aýdyp beriň (120–121-nji s.)
2. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti edip kim saýlanmagy mümkin? (123-nji s.)
3. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentini saýlamagyň tertibini aýdyp beriň (123-nji s.)
4. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň ygtyýarlyklary haýsy ýagdaýlarda bes edilýär? (123-nji s.)
5. Öz hukuklary gutarandan soň Prezident haýsy wezipäni eýelemegi mümkin? (124-nji s.)
6. Özbegistan Respublikasyndaky ýerine ýetiriji häkimiýeti organlaryny aýdyp beriň (125–129-njy s.)
7. Ýerine ýetiriji häkimiýeti organlarynyň esasy funksiýasyny aýdyp beriň (125-nji s.)
8. Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniň esasy hukuklaryny sanap beriň (125-nji s.)
9. Halk deputatlarynyň Geňeşleri haýsy meseleleri çözýär? (130-njy s.)
10. Halk deputatlarynyň Geňeşlerine kim ýolbaşçylyk edýär? (130-njy s.)
11. Welaýat, şäher ýa-da tümen häkiminiň borçlaryny sanap beriň (131-nji s.)
12. «Raýatlaryň özini-özi dolandyryş» düşünjesine kesgitleme beriň (134-nji s.)
13. Şäherleriň mähelleleri, şäherçelerdäki we obalardaky öz-özüňi dolandyryş organlaryny aýdyp beriň (134-nji s.)
14. Raýatlar ýygnaklarynyň işiniň esasy ugurlary boýunça nähili komissiýalar bar? (136-njy s.)
15. Özbegistan Respublikasynda sud häkimiýeti sud işiniň haýsy görnüşleri arkaly amala aşyrylýar? (139-njy s.)
16. Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy haýsy sudlardan düzülen? (140-njy s.)
17. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion sudy nähili işleri garaýar? (141-nji s.)
18. Özbegistan Respublikasynyň sud organlarynyň esasy maksadyny aýdyň (142-nji s.)
19. Adyl sud işini amala aşyrmaga kanunlara görä goýlan esasy talaplary aýdyp beriň (145-nji s.)
20. Günäsizlik prezumpsiýasy näme? (145-nji s.)
21. Kim şäher ýa-da tümenlerara suduň, tümen (şäher) sudunyň ýa-da ykdysady suduň sudýasy bolmagy mümkin? (147-nji s.)
22. Sudýanyň hukuklary nähili ýagdaýlarda togtadylmagy mümkin? (148-nji s.)
23. Sud häkimiýetiniň işini, Konstitusion prinsiplerini sanap beriň (149-njy s.)

## V bölüm

# KONSTITUSIÝA – DÖWLETDE DEMOKRATIÝANY ÖSDÜRMEGIŇ KEPILI

***Biz döwlet durmuşyna degişli her bir karary halkymyz bilen maslahatlaşyp, gönüden-göni gepleşik esasynda kabul edýäris.* «Halk döwlet edaralaryna däl-de, eýsem döwlet edaralary halkymyza hyzmat etmeli»** diýen taglym bu babatdaky işimiziň mazmunyna öwrülýär**.**

***Şawkat Mirziýaýew***

## 27-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ SAÝLAW ULGAMY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– demokratik döwletde saýlawlaryň ähmiýeti hakynda;

– bar bolan saýlaw ulgamlary, olaryň prinsipleri we üstünligi hakynda;

– Özbegistan Respublikasynyň saýlaw ulgamynyň aýratynlyklary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Umumyhalk saýlawy – ýurduň ösüş ýoluny saýlamakdyr.**
**2. Saýlawyň haýsy modeli gowurak?**
**3. Demokratik saýlaw prinsipleri.**

### 1. UMUMYHALK SAÝLAWY – ÝURDUŇ ÖSÜŞ ÝOLUNY SAÝLAMAKDYR

Umumyhalk saýlawlary ýoly bilen döwlet häkimiýeti organlaryny şekillendirmek demokratik hukuk döwletiniň möhüm aýratynlyklaryndan biri hasaplanýar. Her bir raýat öz sesini bermek bilen häkimiýete öz-ara bäsleşýän dürli adamlara, syýasy partiýalara bolan özüniň pikirini bildirýär. Ol saýlap goýulýan organlary şekillendirmekde gatnaşmaga, ýagny olaryň düzümine saýlamak we saýlanmaga haklydyr.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň raýatlary döwlet häkimiýeti wekilçilikli organlaryna saýlamak we saýlanmak hukugyna eýedirler. Her bir saýlawçy bir sese eýedir. Ses bermek hukugy, öz islegiňi bildirmegiň deňligi we erkinligi kanun bilen kepillenendir.

Özbegistan Respublikasynyň on sekiz ýaşa dolan raýatlary saýlamak hukugyna eýedirler.

Sud tarapyndan gatnaşyk etmäge laýyk däl diýip hasaplanan raýatlar, şeýle hem suduň hökümi bilen azatlykdan mahrum edilýän ýerlerde saklanylýan şahslaryň saýlanmagy mümkin däl we saýlawlarda gatnaşmaýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 117-nji madda.**



«Saýlaw» adalgasy ses bermek arkaly saýlanýan häkimiýet organlaryny şekillendirmegi aňladýar. Şeýlelikde, iň mynasybyny saýlamak mümkinçiliginiň bolmagy üçin birnäçe kandidatlaryň gatnaşmagy hökman. Beýle saýlawa alternatiw saýlaw diýilýär. Alternatiw saýlaw bolmasa, onda saýlawçylarda teklip edilen kandidaty inkär etmek mümkinçiligi bolmalydyr.

## 2. SAÝLAWDA HAÝSY MODEL AMATLYRAK?

Saýlawlar özünden-özi demokratiýanyň kepili bolup bilmeýär. Munuň üçin saýlaw ulgamynyň ähmiýeti möhümdir.

**Saýlaw ulgamy** – döwlet häkimiýetiniň wekilçilikli organlaryna we döwlet Prezidentini saýlamak tertibidir.

Halkara işinde saýlaw ulgamynyň dürli modelleri bar, bular: majoritar we proporsional.

**Majoritar** ulgamynda saýlawçylaryň kanun bilen bellenen köpçülik sesini (azyndan 51% + 1 sany ses) alan kandidat şol saýlaw okrugy boýunça saýlanan hasaplanýar.

Eger kandidat saýlawlarda gatnaşan saýlawçylaryň sesiniň ýarysyndan azyny alsa, iň köp sesleriň mukdaryny alan iki kandidat gatnaşýan ikinji basgyjy geçirilýär. Ikinji basgançakda iň köp ses alan kandidat saýlanan hasaplanýar.

**Proporsional** (deň ölçegli) saýlaw ulgamyna esas edip saýlawçylar tarapyndan partiýa üçin berlen sesler we partiýa tarapyndan alnan deputatyň ygtyýarlyklarynyň kanuna laýyklygyna şaýatlyk edýän resminamalaryň arasyndaky proporsionallyk (deň ölçeglik) prinsipi alnan.

Beýle ulgamda kandidatlar syýasy partiýalar tarapyndan familiýasy boýunça däl-de, eýsem spisoklar bilen görkezilýär we saýlawçylar umumylygyça belli bir partiýanyň spisogyna ses berýärler.

Özbegistan Respublikasynyň saýlaw ulgamyny döretmekde döwletde şekillenen däpleriň we syýasy ulgamyň ösüş derejesi hasaba alyndy. Köpçülik hukukşynas alymlar we syýasatşynaslar döwletimizde majoritar ulgamyndan peýdalanmak köpräk maksada laýykdyr, çünki ol ulanmakda birneme ýönekeý we durnukly syýasy wagyz şertinde aýratyn hem üstünliklidir, diýen netijä geldiler.

## 3. DEMOKRATIK SAÝLAW PRINSIPLERI

Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy we «Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisine saýlaw hakynda»ky Kanuny saýlaw ulgamynyň esasy bolup, olarda saýlaw ulgamynyň demokratik prinsipleri görkezilen.

**Umumylyk prinsipi** hem saýlawçylar üçin, hem kandidatlar üçin spisokdan geçmegiň açyklygyny üpjün edýär. Saýlaw geçirilýän güne çenli 18 ýaşa dolan raýatlara saýlawda gatnaşmak hukugy berilýär.

Saýlaw uçastoklarynyň işiniň guralmagy hem saýlaw hukugynyň umumylygynyň kepili bolup hyzmat edýär. Ol saýlawçylara maksimal amatly şertler döredip berlen ýagdaýda guralýar: saýlaw uçastoklary ýaşaýyş ýerlerine ýakyn ýerleşdirilýär; saýlaw dynç alyş gününe bellenilýär we ertirki sagat 6-dan giçki sagat 20-ä çenli dowam edýär; ses berilýän ýer hakynda her bir saýlawça mälim edilýär; uzak wagt nobatda durmaz-

lyk we ses bermekde başga päsgelçilikleriň bolmazlygy üçin ses bermäge zerur mukdarda ýörite kabinalar taýýarlanylýar.

Eger-de, saglyk ýagdaýyna ýada beýleki sebäplere görä saýlawçy saýlaw uçastkalaryna gelip bilmese, olaryň islegine görä ses bermek özleriniň ýaşaýan ýerinde guralýar.

Saýlawçylardan her biriniň familiýasynyň spisoga girizilenligine we olar hakyndaky maglumatlaryň galp däldigine göz ýetirmek maksadynda saýlaw uçastoklarynda tanyşyp çykmak üçin spisoklar asyp goýulýar.

Deňlik prinsipi her bir saýlawçynyň sesiniň deň güýje eýeligini aňladýar.

Gizlinlik prinsipi saýlawça nähilidir daşardan gözegçiliksiz we beýleki adamlaryň gatnaşmagysyz ses bermegini kepillendirýär. Ses bermegiň gizlin bolmagyny üpjün etmek maksadynda saýlawçy ýörite taýýarlap goýlan kabina girýär, saýlaw býulletenini doldurýar, ýagny saýlawçy ses berýän deputatlyga kandidatynyň familiýasynyň garşysynda, sag tarapda ýerleşen boş kwadrata belgi – goşmak belgisini goýýar we saýlaw gutusyna öz eli bilen taşlaýar.

Açyklyk prinsipi saýlaw wagtynda kanunbozmalaryň bolmak ähtimallygyny kemeldýär, sesleri sanap hasaplamakda we resmi netijeler yglan edilende halallygy üpjün edýär.



## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň saýlawy, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasyna hem-de Garagalpagystan Respublikasynyň Ýokary Geňeşine, welaýatlar, tümenler, şäherler döwlet häkimiýetiniň wekillik organlaryna saýlaw degişliligine görä olaryň Konstitusion hukuk möhleti gutarýan ýylda – dekabr aýynyň üçünji on günlüginiň birinji ýekşenbesinde geçirilýär. Saýlawlar umumy, deň we gönüden-göni saýlaw hukugy esasynda gizlin ses bermek ýoly bilen geçirilýär. Özbegistan Respublikasynyň on sekiz ýaşa dolan raýatlary saýlamak hukugyna eýedirler.

Özbegistan Respublikasynyň raýaty bir wagtyň özünde ikiden köp döwlet häkimiýetiniň wekillik organynyň deputaty bolmagy mümkin däl.

Özbegistan Respublikasy Prezidentiniň saýlawyny, Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň saýlawyny, şeýle hem Özbegistan Respublikasynyň referendumyny guramak we geçirmek üçin Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi tarapyndan işiniň esasy prinsipleri özbaşdaklyk, kanunylyk, kollegiallyk, aç-açanlyk we adalatlylykdan ybarat bolan Özbegistan Respublikasynyň Merkezi saýlaw komissiýasy düzülýär.

Özbegistan Respublikasynyň Merkezi saýlaw komissiýasy öz işini hemişelik esasda amala aşyrýar we öz işinde Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna, Özbegistan Respublikasynyň saýlaw hakyndaky hem-de referendum hakyndaky kanunlaryna we başga kanunlara laýyklykda iş alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynyň Merkezi saýlaw komissiýasynyň agzalary Garagalpagystan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň, halk deputatlary welaýatlar we Daşkent şäher Geňeşleriniň hödürlemegi boýunça Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Kanunçylyk palatasy we Senaty tarapyndan saýlanýar.

Özbegistan Respublikasynyň Merkezi saýlaw komissiýasynyň Başlygy komissiýa agzalarynyň arasyndan Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň hödürlemegi boýunça komissiýa mejlisinde saýlanýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 117-nji madda.**

## Jemini jemleýäris

**Saýlaw ulgamy:**

- döwlet häkimiýeti organlaryny umumyhalk saýlawlary arkaly şekillendirmek;
- ses bermek – häkimiýet üçin bäsleşýän dürli şahslara we partiýalara bolan pikirini bildirmegiň şekili;
- saýlamak hukugy – 18 ýaşdan başlap, döwlet raýatlary;
- saýlaw hukugyndan mahrum edilenler: hukuk taýdan gatnaşyk etmäge laýyk däl adamlar, tussagda saklanýanlar;
- majoritar we proporsional saýlaw ulgamy;
- umumy, deň, gönüden-göni saýlaw hukugy;
- gizlin ses bermek;
- gözegçilik: saýlawlarda gözegçileriň bolmagy;
- saýlaw hakyndaky kanuny bozanlygy üçin jenaýat jogapkärçiligi.

## Özüňizi barlap görüň!

**1.** Gizlin ses berýän wagtynda umumy, deň, gönüden-göni saýlaw hukugy nämäni aňladýar?
**2.** Özbegistan Respublikasynda kim saýlamak hukugyna eýe?
**3.** Saýlaw komissiýasynyň işinde aç-açanlyk nähili rol oýnaýar?
**4.** Özbegistanda haýsy saýlaw ulgamy modeli kabul edilen?
**5.** Özbegistan Respublikasynyň saýlaw hakyndaky kanun resminamalary raýatlara nähili hukuklary berýär?

# 28-§. AMALY SAPAK ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ ALY MEJLISINIŇ DEPUTATLARY WE SENATORLARY SAÝLAWY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**
– saýlaw kampaniýasyny geçirmegiň tertibi hakynda;
– ses bermek mehanizmi hakynda;
– saýlaw prosesinde dürli gatnaşyjylaryň roly hakynda öwrenersiňiz.

**1. Aly Mejlise deputatlar we senatorlar saýlawyny geçirmegiň tertibi.**

**2. Mekdep Geňeşiniň saýlawy.**

## 1. ALY MEJLISE DEPUTATLAR WE SENATORLAR SAÝLAWYNY GEÇIRMEGIŇ TERTIBI

**Özbegistan Respublikasynyň «Özbegistan Respublikasy Aly Mejlisine saýlawlar hakynda»ky we «Welaýat, tümen we şäher Geňeşine saýlaw hakynda»ky kanunlaryna laýyklykda saýlaw prosesleri aşakdaky basgançaklardan ybarat bolýar:**

**1.** Saýlaw gününi bellemek.
**2.** Merkezi saýlaw komissiýasyny düzmek.
**3.** Saýlaw okruglary, uçastoklaryny düzmek.
**4.** Saýlaw komissiýasyny düzmek.
**5.** Saýlaw kampaniýasynyň başlananlygyny yglan etmek.
**6.** Deputatlyga kandidatlary görkezmek we hasaba almak.
**7.** Saýlawdan öňki wagyz işleri.
**8.** Saýlawçylaryň spisogyny düzmek.
**9.** Saýlawçylar býulletenini taýýarlamak.
**10.** Ses bermek we saýlaw netijelerini anyklamak.
**11.** Deputatlary hasaba almak we saýlaw netijelerini yglan etmek.
**12.** Kandidatlar ýeterli derejede ses almadyk saýlaw uçastoklarynda gaýtadan saýlaw geçirmek.

Prezidentlige hem-de Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlygyna we Aly Mejlisiň Senaty agzalygyna saýlawlar bolup geçdi. Döwlet baştutany we döwlet ýokary organlarynyň deputatlary we senatorlary saýlandy, ýagny saýlaw uçastoklaryna gelenleriň köpüsi olar üçin ses berdi.

*Siziň pikiriňize görä, ynha şu köpçüligiň hataryna girýän saýlawçy syýasy taýdan nähili orna eýe?*

Elbetde, köplenç bu adam döwletiň syýasy durmuşyna üns bilen syn edýär. Häkimiýet başynda kimiň duranlygyna we özüniň ýaşap duran ýurdunyň gelejeginiň nähili bolmagyna biperwaý däldigi üçin hem ol şeýle edýär.

Sebäbi, hukuk döwletini gurmak tejribesi döwletiň kanun çykaryjy organyna we ýerlerdäki häkimiýetiň wekilçilikli organlaryna köp zadyň baglylygyny aňladýar. Deputatlar we senatorlar kanunlary taýýarlaýarlar we tassyklaýarlar, olara amal etmek boýunça gözegçiligi amala aşyrýarlar, döwlet býujetini ara alyp maslahatlaşýarlar we tassyklaýarlar, ýerine ýetiriji häkimiýetiň iň jogapkär wekillerini wezipesine tassyklaýarlar, Konstitusiýa, kanun resminamalary we Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň permanlarynyň amala aşyrylmagyna kömek berýärler.

## 2. MEKDEP GEŇEŞINI SAÝLAMAK

Mekdebi kiçijik bir döwlete deňemek mümkin. Saýlawy geçirmek tertibini öwrenip, mekdebiň öz-özüňi dolandyryş organyny – mekdep Geňeşini saýlamaga hereket ediň.

Mekdep Geňeşine kandidatlar özleriniň mekdep durmuşy we reformalaryny geçirmäge degişli real maksatnamalaryny işläp taýýarlamalydyr. Okuwçynyň adam gadyr-gymmatyny hormat edýän mekdep tertibini saklamak hakyndaky öz usullaryňyzy teklip ediň. Mugallymlaryň we okuwçylaryň hukuklaryny we borçlaryny maksatnama goşuň.

Olaryň maksatnamalaryny ara alyp maslahatlaşandan soň kandidatlar saýlawyny geçirmek üçin Özbegistanyň «Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisine saýlaw hakynda»ky Kanunyna laýyklykda üç topara bölüniň:

– saýlaw komissiýasy;
– partiýalar we olaryň kandidatlary;
– köpçülikleýin habar serişdeleriniň wekilleri.

### I basgançak: Saýlawdan öň geçirilýän kampaniýasyna taýýarlyk

**Saýlaw komissiýasynyň agzalary.**

Topar komissiýa başlygy we sekretaryny saýlaýar, saýlawyň geçirilýän ýerini belleýär, saýlawçylaryň spisogyny düzýär, saýlaw býulletenini, sesleri hasaplamak protokolynyň şekilini taýýarlaýar, ses berilýän kabinany, saýlaw gutusyny we başga enjamlaryň taýýarlanmagyny üpjün edýär.

**Partiýalar we olaryň kandidatlary.**

Topar azyndan iki partiýa düzýär, olaryň maksatnamalaryny taýýarlaýar, saýlawdan öň geçirilýän maksatnamalaryň taktikasyny işläp taýýarlaýar, mekdep Geňeşiniň agzalygyna kandidatlary görkezýär, kandidatlary goldap listowkalar çykarýar, olaryň saýlawçylaryň öňünde çykyş etjek dokladlaryny taýýarlaýar.

Synpdaşlaryňyzy Siziň maksatnamaňyzyň iň gowulygyna ynandyryň.

**Köpçülikleýin habar serişdeleriniň wekilleri:**

Toparyň kandidatlaryndan, saýlawçylardan, saýlaw komissiýasynyň agzalaryndan interwýu alýar, saýlawdan öň geçirilýän kampaniýasynyň gidişi hakynda materiallar taýýarlaýar.

## II basgançak: Saýlawdan öň geçirilýän kampaniýa

Saýlaw komissiýasynyň agzalary saýlawçylaryň spisogyny düzýärler.

Partiýalar kandidatlar hem-de olaryň saýlawdan öňki maksatnamalary hakynda habar berýän plakatlary asyp çykýarlar, listowkalar dargadýarlar, propaganda edýärler. Ynamly wekiller bolsa maksatnamalaryna esaslanan dokladlary bilen çykyş edýän öz kandidatlaryny tanyşdyrýarlar.

Şondan soň kandidatlar saýlawçylaryň, köpçülikleýin habar serişdeleriniň wekilleriniň, beýleki alternatiw kandidatlaryň soraglaryna jogap berýärler.

## III basgançak: Saýlaw

Saýlaw uçastogyna birinji bolup saýlaw komissiýasynyň agzalary, partiýalardan gözegçiler, köpçülikleýin habar serişdeleriniň wekilleri teklip edilýär.

Saýlaw komissiýasy uçastokda işleri guraýar. Saýlawçylar ses bermekde gatnaşýarlar. Şondan soň ähli gatnaşyjylar bilen bilelikde saýlaw netijeleri yglan edilýär.

### *Özüňizi barlap görüň!*

1. Saýlawda saýlawçy nähili rol oýnaýar?
2. Saýlaw kampaniýasy döwründe köpçülikleýin habar serişdeleriniň wezipesi nämelerden ybarat?
3. Siz geljekki saýlawçy hökmünde nämeleri öwrendiňiz?
4. Mekdep Geňeşine geçirilen saýlawda özüňiziň we synpdaşlaryňyzyň gatnaşmagyna nähili baha berýärsiňiz?

# 29-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PROKURATURA ORGANLARY

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– kanunlaryň ýerine ýetirilmeginiň üstünden gözegçilik etmek barasynda prokuratura organlarynyň işi hakynda;
– prokuratura işgärleriniň hukuklary we borçlary hakynda;
– Özbegistan Respublikasynda prokuratura organlarynyň işiniň aýratynlyklary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Prokuror – kanun goragçysy.**
**2. Prokuratura organlary.**
**3. Prokuror gözegçiligine degişli resminamalaryň görnüşleri.**

## 1. PROKUROR – KANUN GORAGÇYSY

Latynça «*prokuror*» sözüniň terjimesi «*gamhorluk etmek*» diýen manyny aňladýar. Şeýlelikde bu söz döwletiň ähli kanunlaryna anyk we sözsüz amal edilmegi hakynda gamhorluk etmek manysynda ulanylýar.

Prokuratura organlary raýatlaryň döwlet we jemgyýetçilik guramalaryna arzalaryny, şikaýatlaryny, ýüzlenmelerine garaýarlar, zyýan ýetirilen hukuklaryň dikeldilmegi hakynda çäreler görýärler we raýatlar hem-de edaralaryň kanuny bähbitlerini goraýarlar.

Prokuratura organlary sud ulgamyna degişli däl we suddan özbaşdakdyr. Sud mejlisinde gatnaşmak arkaly prokuror döwletiň adyndan **prokuroryň gözegçiligini** amala aşyrýar, ýagny sudlaryň hereketlerinde kanunyň bozulmagyna ýol goýlandygyny ýa-da däldigini anyklaýar.

Sud tarapyndan kanuna laýyk bolmadyk karar kabul edilen bolsa prokuror yokary durýan suda protest bilen, ýagny suduň ynha şu kararyny kanuna laýyk bolmadyk ýol bilen görüp çykmak talaby bilen ýüz tutýar. Hat-da suduň karary güýje girenden soň hem prokuratura organlary tussag edilenleriň hukuklarynyň olaryň tussagda saklanýan ýerlerinde bozulmazlygyna gözegçilik edýär.

***Esasy kanun kesgitleýär***

Özbegistan Respublikasynyň çäklerinde kanunlaryň anyk we birmeňzeş ýerine ýetirilmeginiň üstünden gözegçiligi Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory we oňa boýun egýän prokurorlar amala aşyrýarlar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 118-nji madda.**

**ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PROKURATURA ORGANLARYNYŇ ESASY WEZIPELERI:**

- Kanunyň üstünligini üpjün etmek;
- Jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerini goramak;
- Kanuna laýyklygy pugtalandyrmak;
- Özbegistan Respublikasynyň Konstitusion gurluşyny goramak
- Raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny goramak;
- Jenaýatyň öňüni almak we profilaktika işleri.

## 2. PROKURATURA ORGANLARY

Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasynyň 119-njy maddasyna görä prokuratura organlarynyň merkezleşen ýeke-täk ulgamyna Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti tarapyndan bellenýän we wezipesinden boşadylýan Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory ýolbaşçylyk edýär.

Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň Özbegistan Respublikasynyň Baş prokuroryny wezipesine bellemek we wezipesinden boşatmak hakyndaky Permany Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senaty tarapyndan tassyklanýar.

Garagalpagystan Respublikasynyň prokuraturasyna Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory bilen ylalaşylan ýagdaýda Ýokary Geňeş tarapyndan bellenilýän Garagalpagystan Respublikasynyň prokurory ýolbaşçylyk edýär. Ol Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurorynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň Ýokary Geňeşiniň öňünde jogapkär hasaplanýar.

Şäherleriň, tümenleriň we welaýatlaryň prokurorlary Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory tarapyndan bellenýär.

Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory, Garagalpagystan Respublikasynyň prokurory, welaýatlaryň, tümenleriň, şäherleriň prokurorlarynyň ygtyýarlyk möhleti – bäş ýyl.

### *1-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, respublikada prokurory saýlamagyň beýle tertibi näme sebäpden kabul edilen? Siz haýsy usuly (saýlamak, synag boýunça saýlamak we şuňa meňzeşler) teklip eden bolardyňyz? Öz jogabyňyzy esaslandyryň.*

**Prokuratura organlary ulgamy:**

- Özbegistan Respublikasy Baş prokuraturasy;
- Garagalpagystan Respublikasy prokuraturasy;
- welaýatlar we Daşkent şäher prokuraturalary;
- tümenler we şäherler prokuraturalary;
- welaýat prokuraturalaryna deňleşdirilen Özbegistan Respublikasynyň Harby prokuraturasy, Özbegistan Respublikasynyň Transport prokuraturasy;
- tümen prokuraturalaryna deňleşdirilen harby okruglar, ýerli harby, transport we ýöriteleşdirilen prokuraturalar.

Özbegistan Respublikasy Baş prokuraturasynyň ýanynda Ykdysadyýete degişli jenaýatlara garşy göreş Departamenti, Mejbury ýerine ýetiriji býuro iş alyp barýar.

## 3. PROKURORYŇ GÖZEGÇILIGINE DEGIŞLI RESMINAMALARYŇ GÖRNÜŞLERI

Kanunyň bozulanlygyny anyklap, prokuror aşakdaky çäreleri görmegi mümkin: **protest, karar, görkezme, arza we duýduryş.**

Kanuna garşy resminama kabul edilende prokuror ony kabul eden organa **protest** girizýär. Edil şunuň ýaly tertipde wezipeli şahsyň bikanun karary üçin hem prokuror tarapyndan protest girizilýär.

Protest gelip düşenden soň on günden gijikdirilmedik möhletde seredilmeli. Protest seredilenligi hakyndaky netije üç günüň içinde prokurora ýazma görnüşde mälim edilýär.

Wezipeli şahs ýa-da raýat tarapyndan kanunyň bozulmagynyň mazmunyndan gelip çykan ýagdaýda prokuror jenaýat işini açmak hakynda, administratiw jogapkärlige çekmek hakynda **karar** çykarýar.

Kanunyň bozulmagynyň öňüni almak, onuň sebäpleri we ýol goýulmagyna sebäp bolan şertler hakyndaky **görkezme** prokuror tarapyndan organa ýa-da kanunyň bozulmagynyň öňüni almaga jogapkär emeldar şahsa girizilýär. Görkezme gijikdirmän seredilip we görlen çäreler hakynda bir aýyň içinde prokurora ýazma görnüşde mälim edilmelidir.

Prokuror raýatlaryň, ýuridik şahslaryň we döwletiň hukuklaryny hemde kanuny bähbitlerini goramak üçin **arza** bilen suda ýüzlenmegi mümkin.

Raýatlaryň kanun bilen goralýan bähbitleri, hukuklary we azatlyklary, jemgyýetiň we döwletiň bähbitlerine zyýan ýetirmegi mümkin bolan bikanun hereketleri hakynda ynamly maglumatlar bar bolanda, prokuror tarapyndan kanunyň bozulmagyna ýol goýup bolmazlygy hakynda ýazma görnüşde emeldarlara we raýatlara **duýduryş** berilýär we kanun bozanlygy üçin jogapkärligi bildirilýär.

### *2-nji ýumuş*

***1.*** *Adam öldürildi. Jenaýatçyny jenaýat edenligi üçin günäkärlemek maksadynda jenaýaty yzarlaýyş bölüminiň başlygy güman edilýän şahsa gelýän ähli hatlary açyp okap çykmaga buýruk berdi.*

*Siziň pikiriňize görä prokuror bu karary inkär etmelimi?*

***2.*** *Käbir ýagdaýlarda sud maslahatynyň dowamynda prokuror sudlanyja ömürlik tussag jezasyny bellemegi talap etmäge mejburdyr.*

*Siziň pikiriňize görä bu ýagdaý döwletde rehimsizligiň giň ýaýramagyna mümkinçilik döretmezmi?*

Kanun çykaryjylardan köpçüligi prokuratura organlarynyň her bir döwlet organlaryndan, jemgyýetçilik birleşiklerinden we emeldar şahslardan doly özbaşdak bolmaklygy meselesini çözmäge hereket edip gelýärler.

**Şol sebäpli Özbegistan Respublikasynda aşakdaky çäreler bellenen:**

– prokuratura organlarynda syýasy partiýalar we hereketler düzmek gadagan edilen;

– prokurorlar öz iş döwründe syýasy partiýalarda hem-de syýasy maksatlary gözleýän başga jemgyýetçilik birleşiklerinde agza bolup bilmeýärler;

– prokurorlara tölegli hyzmat bilen meşgullanmak we işewürlik işi bilen meşgullanmak (ylmy, pedagogik we döredijilik işi muňa degişli däl) gadagan edilýär;

– prokurorlaryň başga guramalarda we kärhanalarda orundaşlyk esasynda işlemegi gadagan edilýär (okuw we ylmy edaralardan daşary);

– prokurorlar we prokuratura sülçüleri döwletiň goramagyndadyr we gulluk eldegrilmesizligine eýedir, ýagny olara görä açylan jenaýat işlerini derňew etmek diňe prokuratura organlary tarapyndan amala aşyrylýar;

– döwlet häkimiýeti organlary, jemgyýetçilik birleşikleri we köpçülikleýin habar serişdeleriniň jenaýat işleri derňew edilýän, şikaýatlar, arzalar we başgalar seredilýän wagtynda prokuraturanyň işine gatyşmagy gadagan edilýär;

– Özbegistan Respublikasynyň Baş prokurory Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň we Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň Senatynyň öňünde hasabat bermelidir;

– maliýe üpjünçiligi diňe döwlet býujetiniň hasabyna amala aşyrylýar.

## *3-nji ýumuş*

*__1.__ Prokuratura organlarynyň özbaşdaklygy meselseini çözmek maksadynda öz pikirleriňizi teklip ediň.*

*__2.__ Belki, Siz prokuratura organlaryna örän köp hukuklar berlen, olar tarapyndan häkimiýetiň beren ygtyýaryndan kanunsyz peýdalanmagy mümkin, diýip hasaplaýansyňyz? Şeýle bolsa, prokuratura organlarynyň işine gözegçilik etmek üçin nämäni teklip edýärsiňiz?*

*__3.__ Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna laýyklykda prokuror wezipesini eýeläp duran döwründe prokuroryň başga hak tölenýän wezipäni*

*eýelemegi we partiýalara ýa-da köpçülikleýin hereketlere agza bolmagy gadagan edilen.*

*Siziň pikiriňize görä, bu gadaganlar prokurorlaryň döwlet raýaty hökmündäki sosial-ykdysady we syýasy hukuklaryna zyýan ýetirilmegi dälmi?*

## Jemini jemleýäris

**Özbegistan Respublikasynyň prokuraturasy:**

- prokuratura – kanunlaryň birmeňzeş ýerine ýetirilmegi üçin jogapkärçilik;
- prokuror – sudda döwlet garalawçysy hökmünde;
- prokuratura sud ulgamyna girmeýär;
- prokuratura organlaryna Baş prokuror ýolbaşçylyk edýär;
- prokurorlara gadagan edilen:
  - syýasy partiýalarda, köpçülikleýin hereketlerde gatnaşmak;
  - işewürlik işi bilen meşgullanmak, deputat bolmak, orundaşlyk esasynda işlemek;
- maliýe üpjünçiligi diňe döwlet býujetiniň hasabyna;
- «Prokuratura hakynda»ky Kanun.

## Özüňizi barlap görüň!

**1.** Prokuratura organlary näme maksatda düzülen?
**2.** Prokuror sudda nähili rol oýnaýar?
**3.** Prokuratura organlaryny kim dolandyrýar we olaryň işine kim gözegçilik edýär?
**4.** Kanun bozulan ýagdaýlar anyklananda prokuror tarapyndan nähili çäreler görülýär?
**5.** Prokuratura ýüzlenmegiň aýratynlyklary nämelerden ybarat?
**6.** Prokuratura organlarynyň maliýe üpjünçiligi nähili amala aşyrylýar?

***Ýatda saklaň!***

Prokuratura organlarynyň işi kanun üstünligini her taraplaýyn pugtalandyrmaga, hukuk-tertibi berkitmäge, ynsan we raýatyň sosial, ykdysady, syýasy, şahsy hukuklaryna we azatlyklaryna, şeýle hem döwlet özbaşdaklygyna, Konstitusiýa bilen görkezilen sosial-döwlet gurluşyna, syýasy we ykdysady ulgama, milli toparlar we ýerli gurluşlaryň hukuklaryny kanuna garşy howpdan goramagy üpjün etmäge gönükdirilen.

**Biziň maslahatlarymyz**

## SIZIŇ ÖÝÜŇIZ – SIZIŇ GALAŇYZ

Kwartiraňyzyň açaryny hiç wagt poçta gutusyna, halynyň aşagyna, başga islendik bir şertli ýerde galdyrmaň. Iň amatlysy – açaryňyzy goňşulardan birinde galdyryň.

Eger-de öýde bir özüňiz bolsaňyz, gapy kakylsa ýa-da jaň basylsa gapyny açmaň - gapynyň aňyrsynda durup gepleşiň. Nähilidir kömek, suw bermek hakyndaky haýyşyna, elektrik hasaplaýjy ýa-da gazy barlap görmek hakyndaky teklibine: «Ulular öýde ýok, soňrak geliň», ýaly jogap beriň.

Kwartiraňyza girmek hakyndaky sözi dowam ediberse, pikirlenmän milisiýa jaň ediň.

**Şu telefonlary ýadyňyzda saklaň:**

**101 –ýangyn söndüriş gullugy**
**102 – milisiýa**
**103 – tiz kömek**
**104 – gaz gullugy**
**1050 – gyssagly kömek gullugy**

## 30-§. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNDA MALIÝE WE KREDIT

**Temanyň üstünde işlemek netijesinde:**

– Özbegistan Respublikasynda maliýe we kredit ulgamynyň hukuk esaslary hakynda;

– bank we pul ulgamynyň hukuk esaslary hakynda;

– döwlet salgyt ulgamy esaslarynyň aýratynlyklary hakynda öwrenersiňiz.

**1. Hukuk we ykdysadyýetiň özara baglanyşygy.**

**2. Döwletiň maliýe ulgamy.**

**3. Özbegistan Respublikasynyň pul ulgamy.**

**4. Döwletiň bank ulgamy.**

**5. Salgytlar näme üçin gerek?**

### 1. HUKUK WE YKDYSADYÝETIŇ ÖZARA BAGLANYŞYGY

Biziň ýaşaýan döwrümiz – bazar gatnaşyklary gülläp ösýän, dürli eýeçilik şekilleri peýda bolýan we kämilleşip barýan döwürdir. Bu gün respublikamyzda ýaşaýan her bir adamda öz kärhanasyny açmak, işewürlik bilen meşgullanmak we şeýlelikde öz parlak gelejegini üpjün etmek mümkinçiligi emele geldi.

***Esasy kanun kesgitleýär***

> Bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gönükdirilen Özbegistan ykdysadyýetiniň esasyny dürli şekillerdäki eýeçilik düzýär.
>
> **Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 53-nji madda.**

Hukuk normalary döwletde şekillenen ykdysady gatnaşyklary berkidýär we bu bilen ykdysadyýetiň ösüşine gowy täsir edýär. Hukuky normalar (kanunlar, permanlar we hökümet kararlary) işewürligi ösdürmäge, eýeçiligiň dürli şekillerini ösdürmäge kömek berýär, işewürleriň we biznesmenleriň bähbitlerini goraýar. Şonuň üçin, Konstitusiýada döw-

let ykdysady işi, işewürlik we zähmet çekmek azatlygy, şeýle hem, ähli eýeçilik şekilleriniň hukuk taýdan goralmagyny kepillendirmek hakyndaky düzgün berkidilip goýlan.

### *Esasy kanun kesgitleýär*

Döwlet hyrydarlaryň hukuk taýdan üstünligini hasaba alyp, ykdysady işini, işewürlik we zähmet çekmek azatlygyny, ähli eýeçilik şekilleriniň deň hukuklylygyny we hukuky taýdan deň goralýanlygyny kepillendirýär.

Hususy eýeçilik başga eýeçilik şekilleri ýaly eldegrilmesizdir we döwletiň goragyndadyr. Mülkdar diňe kanunda göz öňünde tutulan ýagdaýlarda we tertipde emläginden mahrum edilmegi mümkin.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 53-nji madda.**

Şeýlelikde, **hukuk ykdysadyýete aşakdaky ýaly täsir edýär:**

– kanunlar emele gelen ykdysady gatnaşyklary pugtalaýar;

– hukuk döwletiň ykdysady ösüşiniň durnuklylygyny ykrar edýär we kepillendirýär;

– hukuk täze ykdysady gatnaşyklaryň döredilmegine we ösdürilmegine kömek bermegi mümkin.

### *1-nji ýumuş*

*Siziň pikiriňize görä, işewürlik bilen üstünlikli meşgullanmagy üçin adam nähili häsiýetlere eýe bolmaly? Hemmäniň islegine görä bazar gatnaşyklaryny ösdürmäge gatnaşmagy üçin ýurtda nähili şertler döredilmeli?*

## 2. DÖWLETIŇ MALIÝE ULGAMY

Döwletiň maliýe ulgamy döwletiň pul serişdeleriniň fondlaryny döretmek, bölmek we peýdalanmak üçin gerek bolýar. Maliýe ulgamyna döwletiň maliýe edaralary – banklar, amanat kassalary we başgalar degişlidir.

## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasy öz maliýe we pul-kredit ulgamyna eýe.

Özbegistanyň Döwlet býujeti Respublikanyň býujetinden, Garagalpagystan Respublikasynyň býujetinden we ýerli býujetlerden ybarat.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 122-nji madda.**

**Döwletiň maliýe-ykdysady işi aşakdaky ugurlarda amala aşyrylýar:**

– býujeti kabul etmek, ýerine ýetirmek, onuň üstünden gözegçilik etmek;

– salgyt ýygnamak;

– pul belgilerini çykarmak hem-de maliýe we ykdysadyýet pudagynda tertip saklamak;

– kreditleri, ýeňillikleri we şuňa meňzeşleri bermek;

– maddy kömege mätäç raýatlary (maýyplar, ýetimler we şuňa meňzeşler) sosial taýdan goramak;

– medeniýet-tälim edaralaryny, köpçülikleýin habar serişdelerini ösdürmegi goldamak;

– daş-töweregi goramak boýunça çäreleri bellemek;

– daşky ykdysady iş we halkara hyzmatdaşlyk.

## *Ýatda saklaň!*

**Maliýe** (fransuzça «*finance*» – *nagt, girdeji*) – giň manyda: pul serişdeleri, döwletiň pul serişdeleriniň dolanyşygy.

Maliýe ulgamy – döwletiň we hojalyk ýöredýän subýektleriň pul serişdeleri fonduny guramak, paýlamak we olardan peýdalanmak şekilleriniň we metodlarynyň ulgamydyr.

### 2-nji ýumuş

*Özüňizni döwletiň Maliýe ministriniň ýerinde göz öňüne getiriň. Döwletiň esasy serişdelerini ykdysadyýetiň haýsy pudaklaryna sarplardyňyz? Näme üçinligini düşündirip beriň? Bu döwlet ykdysadyýetiniň umumy ösüşine nähili täsir edýär?*

## 3. ÖZBEGISTAN RESPUBLIKASYNYŇ PUL ULGAMY

Özbegistan Respublikasynyň pul ulgamy resmi pul birligini, pul gatnaşygyny gurnamagy we tertibe salmagy öz içine alýar. 1994-nji ýylyň 1-nji iýulyndan başlap Özbegistan Respublikasynyň resmi pul birligi – som dolanyşyga girizildi. 1994-nji ýylyň 15-nji oktýabryndan başlap respublikanyň çäginde ähli tölegler we hasaplar diňe milli walýutada – somda amala aşyrylyp gelinýär.

**Som** – Özbegistan Respublikasynyň Merkezi banky tarapyndan çykarylýan kagyz banknotlar we metal teňňeler. Özbegistan Respublikasynda som ýeke-täk pul serişdesi hasaplanýar.

## 4. DÖWLETIŇ BANK ULGAMY

Banklaryň döredilmeginiň we işiniň hukuk esasyny «Banklar we banklar işi hakynda»ky Kanun, Prezidentiň permanlary, Özbegistan Respublikasynyň Merkezi bankynyň resminamalary düzýär.

### Esasy kanun kesgitleýär

Özbegistan Respublikasynyň bank ulgamyny Respublikanyň Merkezi banky dolandyrýar.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 124-nji madda.**

### Ýatda saklaň!

**Bank** – esasy işi pul serişdelerini özüne çekmek, ýerleşdirmek hem-de hasabatlary amala aşyrmak bolan maliýe guramasydyr. Ykdysady nukdaý-nazardan banklar pul bazarynda boş duranlar bilen goşmaça resurslara zerurlygy bolanlaryň arasynda dellal hökmünde iş alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynyň «Merkezi bank hakynda»ky Kanunyna laýyklykda Merkezi bank milli walýutanyň durnuklylygyny goramaga we üpjün etmäge gönükdirilen ýeke-täk pul-kredit syýasatyny işläp taýýarlaýar we alyp barýar.

Özbegistan Respublikasynda nagt pullary dolanyşyga çykarmak we dolanyşykdan alyp goýmagyň absolýut hukugy Özbegistan Respublikasynyň Merkezi bankyna degişlidir. Banknotlaryň galplaşdyrylmagy we kanuna garşy ýasalmagy kanun tarapyndan gadagan edilýär.

## 5. SALGYTLAR NÄME ÜÇIN GEREK?

**Salgyt** – ähli ýuridik we fiziki şahslaryň döwlete ýa-da ýerli býujete amala aşyrýan umummejbury tölegleriniň bir görnüşi.

Salgytlary bellemek, ýöretmek we tölemek bilen bagly ähli gatnaşyklar Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksi bilen dolandyrylýar. Bu Kodekse laýyklykda salgyt ulgamy Özbegistan Respublikasynyň ähli çäklerinde salgyt töleýjiler üçin ýeke-täk hasaplanýar. Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksiniň 5-nji maddasyna görä, salgyt kanunçylygy salgyt tölemegiň mejburylyk, salgyda çekmegiň adalatlylyk, salgyt kanunçylygynyň aç-açanlyk we salgyt töleýjiniň haklygy prezumpsiýasy prinsiplerine esaslanýar.

Salgyda çekmek **gönüden-göni** – hasaba alnan girdejiden ýa-da emlägiň bahasyndan hem-de **ikinji derejeli** bolýar, ýagny haryt we hyzmatlaryň nyrhyny, aksiz salgydyny, gümrükhana tölegleri we şuňa meňzeşleri artdyrmak arkaly öndürilýär.

***Ýatda saklaň!***

Her bir şahs bu Kodeksde bellenen salgyt we başga mejbury tölegleri tölemedir.

**Özbegistan Respublikasynyň Salgyt kodeksi, 6-njy madda.**

***3-nji ýumuş***

*Siziň pikiriňize görä, salgyt ykdysadyýete we döwlet ilatynyň durmuş derejesine nähili täsir edýär?*

*Salgytlar ýygnalmaýan döwlete mysal getirip bilersiňizmi?*

Salgytlar ýygnalmaýan döwlet bolup bilmeýär. Çünki döwlet tälim bermek, döwlet serhetlerini goramak we döwletiň içinde tertip saklamak, döwlet organlarynyň işini laýyklaşdyrmak ýaly wezipeleri öz boýnuna alýar. Salgyt ýygnalmaýan bolsa, işi maddy önümçilik bilen bagly bolmadyk ähli şahslara zähmet hakyny tölemek mümkinçiligi hem bolmaýar.




## *Esasy kanun kesgitleýär*

Özbegistan Respublikasynyň çäginde ýeke-täk salgyt ulgamy iş alyp barýar. Salgytlary döretmäge diňe Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisi hakly.

**Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy, 123-nji madda.**

## *4-nji ýumuş*

*Salgytlary tölemänlik üçin jenaýat jogapkärçiligine çekilmegini adalatly diýip hasaplaýarsyňyzmy? Öz jogabyňyzy esaslandyryň.*

Şeýlelikde hukuklar we ykdysadyýet adamyň durmuş derejesi we goýlan maksatlaryny ýerine ýetirmek bilen gönüden-göni bagly. Çünki çyn manyda bagtly adamlaryň köpçüligi özlerini şahs hökmünde görkezip bilenleri – öz niýetlerini jemgyýete gerekli işde amala aşyranlyklary, öz hereketleri arkaly ykdysady özbaşdaklygy gazananlyklary üçin hem özlerini şeýle diýip hasaplaýarlar.

## *Jemini jemleýäris*

**Özbegistan Respublikasynda maliýe we kredit:**

- öz maliýe we kredit ulgamy;
- esasy wezipe – býujeti kabul etmek we ýerine ýetirmek, salgytlar ýygnamak;
- puly gatnaşyga çykarmak;
- maliýe ulgamy – banklar, amanat kassalary;
- 1994-nji ýylyň 1-nji iýuly – milli walýuta – som dolanyşyga girizildi;
- Merkezi bank, bank ulgamyna ýolbaşçylyk edýär;
- esasy maksat – walýutanyň durnuklylygyny üpjün etmek;
- salgyt – raýatlaryň Konstitusion borjy;
- girdeji salgydy;
- salgytlary Aly Mejlis belleýär.

## *Özüňizi barlap görüň!*

**1.** Hukuk jemgyýetdäki ykdysady gatnaşyklaryň ösüşine nähili täsir edýär?
**2.** Döwletiň maliýe we kredit ulgamynyň esasy çeşmelerini aýdyň.
**3.** Döwletiň maliýe we bank ulgamyny düzýän edaralary sanap beriň.

# NETIJE

Ynha, Siziň bilen döwletimiziň Esasy kanuny – Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň sahypalaryna eden syýahatymyz hem ahyryna ýetdi.

Siz her bir adamyň durmuşynda bolup geçýän meseleleriň köpçüligini kanunçylyk esasynda çözmek mümkinligine göz ýetirdiňiz. Şonuň bilen bilelikde adamyň hereketleriniň ahlak normalary, onuň ahlak-ruhy häsiýetleri – wyždan, ar-namys, özüniň gadyr-gymmaty duýgusy we şuňa meňzeş düşünjeler hem bardyr. Bular hukuk bilimi – hukuk medeniýetiniň goşmaça elementleridir, ýagny hukuk adama hödürleýän ähli gowy we gymmatly zatlary özleşdirmekdir. Ahlak häsiýetler we hukuk bilimleri birleşip ýokary hukuk medeniýetiniň esasyny emele getirýär.

Kanuna passiw ynanmaklyk – asla jemgyýete dogry gelýän zat däldir. Hem özüniň, hem başgalaryň kanuny hukuklaryny goramagy bilmek we kanunyň bozulmagyna ýol bermeli däl, çünki munuň netijesinde kanunylyga we hukuk döwletini gurmak mümkinçiliklerine ynamsyzlyk peýda bolýar.

Konstitusion hukuk, düşünşiňiz ýaly, Özbegistan Respublikasynyň hukuk ulgamynda öňdebaryjy pudak hasaplanýar.

Onuň öňdebaryjylygy hukugyň ähli başga pudaklarynda Konstitusion taglymlaryny ösdürmek bilen çäklenmezden, eýsem hukuk döwletini we raýatlyk jemgyýetini şekillendirmegiň hukuk esasy bolup hyzmat etmekde hem görünýär.

Özbegistanda döwlet özbaşdaklygyny gazanandan soň bu strategik möhüm maksadyň goýlandygyny ýatdan çykarmaly däldiris.

Özbegistanyň Konstitusion hukugynda hukuk döwletine mahsus ähli prinsipler birleşen.

Emma Konstitusion prinsipler öz-özünden hukuk döwletini döretmeýär. Hukuk döwletini kanunlar däl, eýsem ynsanlaryň özi, jemgyýet

dörediýär. Kanunlaryň ähmiýeti olaryň jemgyýetçilik gurluşynyň hukuk esasy bolup hyzmat edýänligindedir.

Hukukşynaslyk derslerinde alan bilimleriňiz gündelik durmuşyňyzda ýüze çykýan meseleleri diňe gelejekde däl-de, eýsem bu häzirki wagtda hem çözmegiňizde Size kömek berer diýip umyt edýäris.

Şeýle bolsa-da, alan bilimleriňiz bilen çäklenip galmaly dälsiňiz. Kanun çykaryjy häkimiýet organlary döwletimiziň hukuk ulgamyny kämilleşdirmek işlerni dowam etdirýärler. Daş-töweregimizdäki durmuşymyzyň hasda arassa, gözel we adalatly bolmagy hem özümize baglydyr. Elimizi berk tutup, ata Watanymyzy hukuky taýdan ösen, bagtyýar we gülläp ösen döwlete öwrüp bileris.



# ÖZ BILIMLERIŇIZI ÖZBAŞDAK

# BARLAMAK

**Özbegistan Respublikasy** «Konstitusion hukuk esaslary» dersini öwrenende hukuga degişli terminleri nähili özleşdirenligiňizi barlap görüň, özüňizi synaň. Kynçylyk çekseňiz görkezilen sahypalardaky temalara ýüzleniň.


Konstitusiýa – 5

Hukuk – 7

Hukuk-tertip – 7

Konstitusion hukuk – 7

Giriş (Preambula) – 15

Suwerenitet – 17

Demokratiýa – 20

Wekilçilikli demokratiýasy – 20

Referendum – 20

Häkimiýetleriň bölünmek prinsipi – 22, 102

Daşary syýasat – 25

Halkara hukuk – 26

Häkimiýet – 31

Apatridler – 62

Özbegistan Respublikasynyň Ýokary sudy – 139

Gipoteza – 112

Raýatlyk – 37

Diskriminasiýa (kemsitmek) – 38

Kanunçylyk başlangyjy – 112

Ministrler Kabineti – 122

Halk deputatlarynyň Geňeşi – 128

Respublika Konstitusion sudy – 139
Konfederasiýa – 95
Medeni hukuklar – 35
Şahsy hukuklar we azatlyklar – 34
Majoritar saýlaw ulgamy – 152
Jemgyýetçilik birleşikleri –78
Aly Mejlis – 109
Ombudsman – 70
Syýasy partiýalar – 80
Syýasy hukuklar – 34
Konstitusiýany üýtgetmek tertibi – 174
Prezident – 119
Günäsizlik prezumpsiýasy – 141
Prokuror – 160
Proporsional saýlaw ulgamy – 153
Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryşy – 132
Sanksiýa – 112
Sud – 137
Raýatlar ýygnagy – 131
Unutar döwlet – 97
Federasiýa – 98
Maliýe ulgamy – 169
Häkim – 128
Senzura – 86
Ykdysady we sosial hukuklar – 35

## KONSTITUSIÝA – DÖWLETIŇ ESASY KANUNY

1. Konstitusiýa – bu ... (5-nji s.)
2. Döwletimiziň ady Konstitusiýamyza görä ... (17-nji s.)
3. «Konstitusiýa» sözi latynça bolup, ... (5-nji s.)
4. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy maksady näme? (6-njy s.)
5. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy haçan kabul edilen? (12-nji s.)
6. Özbegistan Respublikasynyň döwlet häkimiýeti ulgamy nähili prinsipe esaslanýar? (23, 107-nji s.)
7. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy näçe bölümden, bapdan we maddadan ybarat? (16-njy s.)
8. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy prinsiplerini sanap beriň. (13, 23-nji s.)
9. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy hasaplanýan taglymlaryny aýdyp beriň. (6-njy s.)
10. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä döwlet, onuň organlary we emeldar şahslar nämä esaslanyp iş alyp barýarlar? (6-njy s.)
11. Konstitusiýany üýtgetmek hakyndaky meseläni çözmekde demokratik döwlet nähili çemeleşýär? (96-njy s.)
12. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasaty nähili prinsiplere esaslanýar? (26-njy s.)
13. Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýetiniň ýeke-täk çeşmesi kim? (21-nji s.)
14. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä kim Özbegistan halkynyň adyndan iş alyp barmak hukugyna eýe? (22-nji s.)

15. Haýsy kanun ýa-da normatiw akt Konstitusion hukugyň esasy çeşmesi hasaplanýar? (8-nji s.)
16. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet gerbi hakynda»ky Kanun haçan kabul edilen? (20-nji s.)
17. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy kabul edilýänçä döwletimiz haýsy kanun esasynda özbaşdak demokratik döwlet adyny alan? (19-njy s.)
18. Konstitusiýa Preambulasy näme? (13-nji s.)
19. Suwerenitet – bu ... (18-nji s.)
20. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet baýdsgy hakynda»ky Kanun haçan kabul edilen? (20-nji s.)
21. Näme üçin hukuky döwletde häkimiýetiň bölünmek prinsipine amal etmek mejbury hasaplanýar? (23-nji s.)
22. Wyždan azatlygy – bu raýatlaryň ... hukugy. (44-nji s.)
23. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynda ähli raýatlar üçin zähmet çekmek borjy bellenenmi? (50-nji s.)
24. Raýatlaryň Konstitusiýada we kanunlarda berkidilen hukuklaryny we azatlyklaryny kim üpjün edýär? (33-nji s.)
25. Kim Özbegistan raýatlarynyň hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepili bolmak hukugyna eýe? (120-nji s.)
26. Konstitusiýa görä respublikamyzda öz pikirini bildirmek erkinligi çäklendirilenmi? (44-nji s.)
27. Çaga näçe ýaşdan başlap raýatlygyny üýtgetmek hakynda ýazma razylyk bildirmäge hakly? (67-nji s.)
28. Apatrid – bu... (62-nji s.)
29. Raýatlyk barlygyny nähili resminama tassyklaýar? (63-nji s.)
30. Ombudsman – bu... (69-njy s.)
31. «Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy hakynda»ky Kanun haçan kabul edilen? (60-njy s.)

32. Özbegistan Respublikasynyň raýatlygynyň esasy taraplaryny görkeziň. (60-njy s.)
33. Raýatlyk – bu... (61-nji s.)
34. Daşary ýurt raýatlygy bolan şahs Özbegistan Respublikasynyň raýatlygyna kabul edilmegi mümkinmi? (64-nji s.)
35. Nähili ýagdaýlarda raýatlyk inkär edilýär? (65-nji s.)
36. Konstitusiýa görä aşakdakylar şahsy hukuklara we azatlyklara degişlidir: ... (45-nji s.)
37. Adamyň syýasy hukuklaryna nähili hukuklar degişli? (56-njy s.)
38. Häkimiýet organlary miting, ýygnak we çykyşlary geçirmegi gadagan etmäge haklymy? (60-njy s.)
39. Ministrler Kabinetiniň işini kim dolandyrýar? (126-njy s.)
40. Aly Mejlisiň Geňeşi nähili maksatda düzülýär? (123-nji s.)
41. Halk deputatlary Geňeşiniň işini kim dolandyrýar? (130-njy s.)
42. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti wezipesi haçan yglan edilen? (119-njy s.)
43. Raýatlaryň ýygnagy şäherçelerde, obalarda we mähellelerde öz-özüňi dolandyryş organlarymy? (134-nji s.)
44. Aly Mejlis Özbegistan Respublikasynyň diplomatik wekillerini wezipesine bellemek we wezipesinden boşatmak hukugyna eýemi? (114-nji s.)
45. Haýsy organlara we wezipeli şahslara Aly Mejlisde kanunçylyk başlangyjy hukugy berlen? (116-njy s.)
46. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasyna görä kime we haýsy organa halkara şertnamalary we ylalaşyklary ratifikasiýa we denonsasiýa etmek hukugy berlen? (112-nji s.)
47. Özbegistan Respublikasynda haýsy organyň razylygy bilen welaýatlaryň serhetlerini üýtgetmek, düzmek ýa-da gaýtadan gurmak mümkin? (112-nji s.)
48. Kim Özbegistan Respublikasynyň Prezidentligine saýlanmagy mümkin? (123-nji s.)

49. Konstitusiýa görä Prezident öz ygtyýarlyklary tamamlanandan soň nähili wezipäni eýelemäge hakly? (124-nji s.)
50. Prezident nähili möhlete saýlanýar? (123-nji s.)
51. Özbegistan Respublikasynyň serhetlerini haýsy organ üýtgetmäge hakly? (112-nji s.)
52. Köpçülikleýin habar serişdeleriniň üstünden senzura ýol goýulýarmy? (85-nji s.)
53. Aly Mejlisiň kanunlary kabul edilenden soň olar nähili möhletde yglan edilýär? (117-nji s.)
54. Aly Mejlis näçe palatadan ybarat? (110-njy s.)
55. Özbegistan Respublikasynyň raýaty näçe ýaşdan Prezident edip saýlanmagy mümkin? (123-nji s.)
56. Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň deputatlarynyň sany näçe bolmaly? (110-njy s.)
57. Respublikanyň býujetini kim kabul edýär we onuň ýerine ýetirilmegine gözegçilik edýär? (111-nji s.)
58. Respublikanyň içki we daşky syýasatynyň esasy ugurlaryny kim belgileýär? (111-nji s.)
59. Kim täze welaýaty düzmäge hakly? (112-nji s.)
60. Özbegistan Respublikasy bilen Garagalpagystan Respublikasynyň arasyndaky dawalar nähili çözülmeli? (103-nji s.)
61. Aly Mejlisiň Senatynyň absolýut ygtyýarlyklaryna nämeler degişli? (113-nji s.)
62. Kim jemgyýet guramalaryny dargadyp goýbermek, gadagan etmek ýa-da işini çäklendirmäge degişli karar çykarmaga hakly? (85-nji s.)
63. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti bir wagtyň özünde Konstitusion suduň başlygy wezipesini ýerine ýetirýär diýen pikir dogrumy? (119–122-nji s.)
64. Özbegistan Respublikasynda şäherçeleri we obalary düzmek ýa-da ýatyrmak kim tarapyndan amala aşyrylýar? (112-nji s.)

65. Raýatlar ýygnagynyň ygtyýarlyklaryna nämeler degişli? (135-nji s.)
66. Konstitusion suduň sudýalarynyň ygtyýarlyklary nähili ýagdaýlarda togtadylmagy mümkin? (147-nji s.)
67. Aly Mejlisiň Kanunçylyk palatasynyň absolýut ygtyýarlyklaryny sanap beriň. (113-nji s.)
68. Garagalpagystan Respublikasynyň Ministrler Kabineti (Ýokary Geňeşi) kim tarapyndan düzülýär? (104-nji s.)
69. Özbegistan Respublikasy Prezidentligine saýlanýan raýat saýlawdan öň şu respublikanyň çäginde keminde näçe ýyl ýaşan bolmaly? (123-nji s.)
70. Özbegistan Respublikasynyň Prezidentiniň döwlet baştutany hökmündäki esasy borçlaryny sanap beriň. (123-nji s.)
71. Prezident öz ygtyýarlyklaryny döwlet organlaryna ýa-da wezipeli şahslara bermäge hakly däldigi hakyndaky düzgün näme sebäpden Özbegistanyň Konstitusiýasyna girizilen? (122-nji s.)
72. Özbegistan Respublikasyna Prezident edip kim saýlanmagy mümkin? (123-nji s.)
73. Prezidentlik Respublikasynyň parlament Respublikasyndan tapawudyny görkeziň. (123-nji s.)
74. Özbegistan Respublikasyndaky haýsy ýerine ýetiriji häkimiýet organlaryny bilýärsiňiz? (125, 127, 130-njy s.)
75. Ministrler Kabineti nähili düzülýär? (125-nji s.)
76. Özbegistan Respublikasynyň Hökümetiniö esasy ygtyýarlyklaryny sanap beriň. (125-nji s.)
77. Ministrler Kabinetiniň Aly Mejlis bilen özara aragatnaşyklary nähili amala aşyrylýar? (125-nji s.)
78. Özbegistan Respublikasynyň Ministrler Kabinetiniň esasy funksiýasyny aýdyň. (125-nji s.)

79. Halk deputatlary Geňeşleri haýsy meseleleri çözýär? (130-njy s.)
80. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organy haýsy guramalardan ybarat? (134-nji s.)
81. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlaryna kim ýolbaşçylyk edýär we ol näçe ýyla saýlanýar? (134-nji s.)
82. Özbegistan Respublikasynyň we Garagalpagystan Respublikasynyň sud ulgamy haýsy sudlardan ybarat? (140-njy s.)
83. Döwlet häkimiýeti organlary ulgamynda sud nähili roly ýerine ýetirýär? (139-njy s.)
84. Özbegistan Respublikasynyň sud organlarynyň esasy maksadyny aýdyň. (139-njy s.)
85. Adyl sud işini amala aşyrmak prosesine kanunlara görä goýulýan esasy talaplary sanap beriň. (145-nji s.)
86. Sudlaryň özbaşdaklygy we olaryň diňe kanuna boýun egmek prinsipi amalda haýsy ýol bilen amala aşyrylýar? (147-nji s.)
87. Konstitusion suduň esasy wezipesini aýdyň. (141-nji s.)
88. Şäher ýa-da tümen sudy, harby sud, Konstitusion suduň sudýasy wezipesine kim bellenmegi mümkin? (147-nji s.)
89. Özbegistan Respublikasynda kim saýlamak hukugyna eýe bolýar? (155-nji s.)
90. Saýlaw komissiýasynyň işinde aç-açanlyk nähili rol oýnaýar? (157-nji s.)
91. Özbegistanda haýsy saylaw modeli kabul edilen? (156-njy s.)
92. Özbegistan Respublikasynyň kanunçylygynda saýlawçylara nähili hukuklar berlen? (156-njy s.)
93. Prokuratura organlary haýsy maksatda düzülen? (163-nji s.)
94. Sudda prokuror nähili roly ýerine ýetirýär? (164-nji s.)
95. Prokuratura kim ýolbaşçylyk edýär, olaryň işine kim gözegçilik edip durýar? (164-nji s.)
96. Kanunyň bozulanlygy anyklananda prokuror tarapyndan nähili çäreler görülýär? (165–166-njy s.)
97. Prokuratura organlaryny maliýeleşdirmek nähili amala aşyrylýar? (167-nji s.)

98. Jemgyýetde ykdysady gatnaşyklaryň has-da ösmegine hukuk nähili täsir geçirýär? (167-nji s.)
99. Döwletiň maliýe we kredit ulgamynyň esasy çeşmelerini aýdyň. (172-nji s.)
100. Döwletiň maliýe we bank ulgamynyň düzümine girýän edaralary sanap beriň. (173-nji s.)
101. Konstitusiýany üýtgetmek zerurlygy nämeden gelip çykýar? (173-nji s.)
102. Durnukly Konstitusiýanyň amatlyklary nämelerde ýüze çykýar? (8-nji s.)
103. Haýsy ýagdaýda Özbegistan Respublikasy Konstitusiýasyna üýtgetmeler girizmek mümkinçiligi bar? (9-nji s.)



# SÖZLÜK

**Agressiýa** (latynça *aggressio – hüjüm*) – halkara hukukda BMG Ustawy nukdaý-nazaryndan ýaragly güýçleriniň islendik kanuna garşy ulanylmagy, ýagny ýaragly hüjüm.

**Administrasiýa** (latynça *administratio – dolandyryş, ýolbaşçylyk etmek*) – dürli derejedäki ýerine ýetiriji häkimiýet organlarynyň has giň ýaýran ady (şäherde, tümende, welaýatda, respublikada).

**Alternatiw saýlawlar** – wezipeli şahsyň nähilidir organa wezipe üçin özara bäsleşýän iki ýa-da köp kandidatlardan saýlanmagy.

**Apatrid** (grekçe *apatris – watanyndan aýrylan, watansyz*) – bu döwletiň raýaty hasaplanmaýan we haýsydyr bir daşary döwlete degişlidigi hakynda hem subuty bolmadyk şahs.

**Apellýasiýa** (latynça *appelatio – ýüzlenmek*, şikaýat) – kimdir biriniň üstünden işi anyklamak boýunça gaýtadan seretmäge hakly bolan ýokary instansiýa şikaýat edilmegi.

**Argument** (latynça *argumentum*) – subutyň esasy bolup hyzmat edýän esasy zat.

**Armiýa** (latynça *armare – ýaraglandyrmak*) – döwletiň ýaragly güýçleriniň birleşmesi.

**Býujet** (iňlisçe *bougette – gapjyk*) – döwletiň belli bir möhlete kanuny tertipde tassyklanan girdejileriniň we harajatlarynyň sanawy.

**Demokratiýa** (grekçe *demokratia – halk häkimiýeti*) – halk häkimiýetçiligi, syýasy plýuralizm, raýatlaryň azatlygy we deňligi, adam hukuklary ýaly Konstitusion prinsipleri beýan etmäge esaslanan döwlet gurluşynyň şekilleri.

**Deputat** (latynça *deputatus – ilçi*; *wekil*) – döwletiň kanun çykaryjy ýa-da haýsydyr başga bir wekilçilikli organa saýlanan şahs, ilatyň belli bir böleginiň wekili.

**Döwlet gerbi** – döwletiň resmi emblemasy.

**Döwlet gimni**– döwletiň resmi simwoly.

**Döwlet hukugy** (Konstitusion hukuga laýyk gelýär) – döwletiň sosial-ykdysady, syýasy we ýerli gurluşynyň esaslaryny tertibe salýan, raýatlaryň hukuklaryny we azatlyklaryny berkidýän hem-de şol döwletiň häkimiýet organlarynyň ulgamyny kesgitleýän hukuk pudagy.

**Federasiýa** (latynça *foederare – soýuz bilen berkitmek*) – döwletleriň birleşigi bolup, munda birleşýän döwletler kanun bilen bellenen özbaşdaklygy saklap galan ýagdaýda ýeke-täk soýuz raýatlygyna, ýeke-täk soýuz armiýasyna, ýeke-täk soýuz döwlet organlaryna eýe döwlet birligini düzýärler.

**Femida** (grekçe *Themis*) – gadymky grek mifologiýasynda bir elinde terezi we beýlekisinde gylyç, gözleri daňylan ýagdaýda (päkligiň simwoly) suratlandyrylan adyl suduň belgisi; adyl suduň simwoly.

**Genosid** – ilatyň käbir toparlarynyň milli, jynsy, dini bahanalar bilen gyryp taşlanmagy.

**Impiçment** (iňlisçe *impeachment – ýaman atly etmek, günälemek*) – döwletiň ýokary wezipeli şahslaryny jogapkärçilige çekmegiň aýratyn tertibi.

**Inaugurasiýa** (iňlisçe *inaguration – dabaraly açylyş*; *wezipäni dabaraly eýelemek*) – täze saýlanan döwlet ýolbaşçysynyň wezipesini eýelemeginiň dabaraly däbiniň ady.

**Kworum** (latynça *kuorum – ýeterlikli taýýarlyk*) – ýygnaga gatnaşýanlaryň onuň kararlaryny hakyky diýip ynanýan iň kem sany.

**Legitimlik** (latynça *legitimus – kanunylyk*) – nähilidir hukugyň ýa-da ygtyýarlygyň kanuna laýyklygyny boýun almak ýa-da tassyklamak.

**Mojaritar saýlaw ulgamy** (fransuzça *majoritarie – köpçülik*) – saýlawçylaryň köpçülik sesini alan kandidat saýlanan diýip hasaplanýan saýlaw ulgamy.

**Naturallaşdyrmak, özleşdirmek** (fransuzça *naturalisation – tebigy*) – daşary ýurt raýatyny raýatlyga kabul etmek.

**Ombudsman** (şwedçe *hombuldsman – kimiňdir peýdalarynyň wekili*) – döwlet organlary tarapyndan adam hukuklaryna amal edilmegine gözegçilik edýän wezipeli şahs.

**Parlament** (iňlisçe *parliament*, fransuzça *parler – sözlemek*) – döwletdäki ýokary wekilçilikli we kanun çykaryjy organyň ady.

**Preambula** (fransuzça *preambule – sözbaşy*) – kanun ýa-da başga hukuky kararlaryň giriş bölegi.

**Prezident** (latynça *praesidens – öňde oturýan; başynda durýan*) – respublikanyň dolandyryş şekiline eýe döwletlerde döwletiň we ýerine ýetiriji häkimiýetiň ýolbaşçysy.

**Problema** (grekçe *problema – päsgelçilik, kynçylyk*) – öwrenmegi, barlamagy talap edýän çylşyrymly teoriýa ýa-da praktiki mesele.

**Prolongasiýalamak** (fransuzça *prolongation – uzaltmak*) – şertnamanyň möhletini ol düzülen wagtynda göz öňünde tutulanyndan uzaltmak.

**Promulgasiýalamak** (latynça *promulgatio – köpçülige yglan etmek*) – haýsydyr döwlet resminamasynyň, kanunyň ol şondan soň mejbury güýje eýe bolmagy üçin resmi çap edilmegi, yglan edilmegi.

**Raýatlyk jemgyýeti** – adamyň ähli hukuklary kepillendirilen, aňyýete esaslanan plýuralizm üpjün edilen jemgyýetçilik gurluşy.

**Raýatlyk** – şahsyň konkret döwlet bilen durnukly hukuk ganaşyklary.

**Referendum** (latynça *referendum – bildirilmegi hökman bolan zat*) – ähli raýatlar gatnaşan umumyhalk soragy ýa-da saýlaw hukugy; döwletiň örän möhüm meseleleri boýunça geçirilýär.

**Saýlawçylar blogy** (soýuzy) – döwlet ýolbaşçysy, merkezi we ýerli häkimiýet organlaryna saýlawlarda bilelikde kandidat görkezmek hakynda birnäçe syýasy partiýalaryň ylalaşygy.

**Standart** (iňlisçe *standart*) – norma, ölçeg, esas.

**Suwerenitet** (fransuzça *souverainete*) – döwletiň öz içerki işlerinde we daşary gatnaşyklarynda başga bir döwletden doly özbaşdaklygy.

**Senzura** (latynça *sensura – döwlet gözegçiligi*) – häkimiýet ta-

rapyndan zyýanly diýip hasaplanan taglymlaryň we maglumatlaryň ýaýramagynyň öňüni almak ýa-da çäkläp goýmak maksadynda neşir önümleriniň, sahna eserleriniň we şuňa meňzeşleriň mazmunynyň üstünden döwletiň gözegçiligi.

**Unitar** (latynça *unitas – birlik, bir bitin*) – ýeke-täk, birleşen, bir bitewiligi aňladýan; döwlet gurluşynyň şekili.

**Üstün bolmak** – haýsydyr bir zadyň birinjiliginiň, gowulygynyň, üstünliginiň belgisi.

**Weto** (latynça *veto – gadagan edýärin*) – haýsydyr organyň kararyny togtadyp durýan ýa-da güýje girmäge ýol bermeýän resminama.

**Wiza** (latynça *visus – barlanan, gözden geçirilen*) – pasportdaky döwletiň onuň çägine gelmäge, gitmäge, ýaşamaga ýa-da ol arkaly geçmäge ýörite rugsadyny bildirýän belgi.

**Ynanç hatlary** – daşary döwlete bellenýän diplomatik wekiliň wezipesini resmi şaýatlandyrýan diplomatiýa resminamasy.

## QR-KODUŇ KÖMEGINDE ALYNÝAN HUKUK-NORMATIW RESMINAMALARYNDAN NUSGALAR

Kanunyň doly tekstini almak üçin smartfonyňyzda QR-kody okamak üçin skaner-programma (QR Droit Scanner, QR Code Reader, QR Barcode Scanner) ornaşdyrmagyňyzy maslahat berýäris, onuň kömeginde QR-kod arkaly saýta geçmegiňiz, tekstli maglumatlary almagyňyz mümkin. Munda smartfonyňyzda haýsy skaner-programmany ornaşdyrmagyňyza garamazdan saýta geçmek algoritmi birmeňzeş bolýar we ol aşakdaky ýaly:

1. Skaner-programmany ornaşdyryň we işe düşüriň.
2. Kameranyň obýektiwini QR-koda garadyň. Skaner-programmanyň kody tanyp almagyna garaşyp duruň. Kodda şifrlanan hereketi amala aşyryň. Indi Sizde derslere ýa-da synpdan daşary çärelere taýýarlyk görende Özbegistan Respublikasynyň Kanun resminamalary hakyndaky dersliklerden goşmaça maglumatlary okap almak mümkinçiligi peýda bolýar.

**1. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasy.**

**2. «Özbegistan Respublikasynyň Gerbi hakynda»ky Kanun.**

**3. «Özbegistan Respublikasynyň Döwlet Baydagy hakynda»ky Kanun.**

**4. «Özbegistan Respublikasynyň Gimni hakynda»ky Kanun.**

**5. «Daşary syýasatyň esasy prinsipleri hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**6. «Wyždan azatlygy we dini guramalar hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**7. «Tälim hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**8. «Ýuridik we fiziki şahslaryň ýüzlenmeleri hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

9. «Kämillik ýaşyna ýetmedikleriň arasyndaky garawsyzlyk we kanuny bozmalaryň profilaktikasy hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.

10. «Kanuny bozmalara we jenaýatçylyga garşy göreş ulgamyny has-da kämilleşdirmek çäreleri hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.

11. Özbegistan Respublikasynyň Jenaýat Kodeksi.

12. «Syýasy partiýalar hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.

13. «Çaga hukuklarynyň kepilleri hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.

**14. «Normatiw-hukuk resminamalary hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**15. «Özbegistan Respublikasy Ministrler Kabineti hakynda»ky Kanun.**

**16. «Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**17. «Sudlar hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**18. «Konstitusion sud hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**19. «Merkezi saýlaw komissiýasy hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**20. «Prokuratura hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**21. «Köpçülikleýin habar serişdeleri hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

**22. «Bank we bank işi hakynda» Özbegistan Respublikasynyň Kanuny.**

## MAZMUNY

Konstitusiýa älemine syýahat ........ 3

### I bölüm. KONSTITUSIÝA – DÖWLETIŇ ESASY KANUNY

1-§. Konstitusion hukuk ........ 5
2-§. Amaly sapak. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň mazmuny we häsiýetnamasy ........ 12
3-§. Özbegistan Respublikasynyň Konstitusiýasynyň esasy prinsipleri ........ 18
4-§. Amaly sapak. Özbegistan Respublikasynyň daşary syýasaty ........ 25

### II bölüm. ADAMYŇ WE RAÝATYŇ ESASY HUKUKLARY, AZATLYKLARY WE BORÇLARY

5-§. Adamyň we raýatyň esasy hukuklary we azatlyklary ........ 32
6–7-§. Amaly sapak. Adamyň we raýatyň şahsy hukuklary we azatlyklary ........ 39
8-§. Amaly sapak. Adamyň we raýatyň ykdysady we sosial hukuklary ........ 48
9-§. Syýasy hukuklar ........ 56
10-§. Özbegistan Respublikasynyň raýatlygy ........ 61
11-§. Adam hukuklarynyň we azatlyklarynyň kepilleri ........ 68
12-§. Özbegistan Respublikasynyň raýatlarynyň Konstitusion borçlary ........ 74

### III bölüm. JEMGYÝET WE ŞAHS

13-§. Jemgyýetçilik birleşikleriniň we köpçülikleýin habar serişdeleriniň işi ........ 82
14-§. Syýasy partiýalaryň işi ........ 89
15-§. Maşgala jemgyýetiň bu gününiň we gelejeginiň esasydyr ........ 94
16-§. Özbegistan Respublikasynyň administratiw-çäk we döwlet gurluşy ........ 100

### IV bölüm. DÖWLET DOLANDYRYŞ ORGANLARY

17-§. Özbegistan Respublikasynda döwlet häkimiýetiniň gurluşy ........ 105
18-§. Aly Mejlis we onuň ygtyýarlyklary ........ 109
19-§. Amaly sapak. Kanun taslamasyny kabul edýäris ........ 115
20-§. Özbegistan Respublikasynyň Prezidenti ........ 119

21-§. Özbegistan Respublikasynyň ýerine ýetiriji häkimiýet organlary ...................... 125
22-§. Ýerli döwlet häkimiýeti organlary ........................................................... 130
23-§. Raýatlaryň öz-özüňi dolandyryş organlary ................................................ 134
24-§. Özbegistan Respublikasynyň sud ulgamy ...................................................... 138
25-§. Özbegistan Respublikasynyň sud organlarynyň işini guramak ................ 145
26-§. Amaly sapak. Konstitusion suduň mejlisi ...................................................... 150

## V bölüm. KONSTITUSIÝA – DÖWLETDE DEMOKRATIÝANY ÖSDÜRMEGIŇ KEPILI

27-§. Özbegistan Respublikasynyň saýlaw ulgamy ................................................ 154
28-§. Amaly sapak. Özbegistan Respublikasynyň Aly Mejlisiniň deputatlary we senatorlary saýlawy ........................................................................... 160
29-§. Özbegistan Respublikasynyň prokuratura organlary ...................................... 163
30-§. Özbegistan Respublikasynda maliýe we kredit .............................................. 170

Netije ........................................................................................................ 177

Öz bilimleriňizi özbaşdak barlamak .................................................................. 179

Jemleýji gaýtalamak. Konstitusiýa – döwletiň esasy kanuny ........................ 181

Sözlük ....................................................................................................... 188

QR-koduň kömeginde alynýan hukuk-normatiw resminamalaryndan nusgalar 192

*O‘quv nashri*

G.M.TANSIKBAYEVA, V.A.KOSTETSKIY

# KONSTITUTSIYAVIY HUQUQ ASOSLARI

Umumiy o‘rta ta’lim maktablarining
9-sinfi uchun darslik

*(Turkman tilida)*

*Tuzatilgan va to‘ldirilgan sakkizinchi nashr*

«Sharq» nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2019

Terjimeçiler: *Gülbahar Abdullaýewa, Kamiljan Hallyýew*

Redaktor *Jumanazar Metýakubow*
Çeper redaktor *Bahrom Babajanow*
Tehniki redaktor *Rasuljan Nafasow*
Sahaplaýjy *Mastura Athamowa*
Korrektor *Jumanazar Metýakubow*

**Neşirýat lisenziýasy AI № 201, 28.08.2011**

Çap etmäge 2019-njy ýylyň 1-nji iýulynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 $^1/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. «Times New Roman» garniturasy. Şertli çap listi 14,6.
Neşirýan hasap listi 12,5. 1030 nusgada çap edildi. Buýurma № 471.

**«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasyny çaphanasy,**
**100000, Daşkent şäheri, “Beýik Turan” köçesi, 41.**

## Kärendesine berlen dersligiň ýagdaýyny görkezýän jedwel

| T/n | Okuwçynyň ady, familiýasy | Okuw ýyly | Dersligiň alnandaky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly | Dersligiň tabşyrylan-daky ýagdaýy | Synp ýolbaşçy-synyň goly |
|---|---|---|---|---|---|---|
| **1** | | | | | | |
| **2** | | | | | | |
| **3** | | | | | | |
| **4** | | | | | | |
| **5** | | | | | | |

## Derslik kärendesine berlip, okuw ýylynyň ahyrynda gaýtarylyp alnanda ýokardaky jedwel synp ýolbaşçysy tarapyndan aşakdaky baha bermek ölçeglerine esaslanylyp doldurylýar:

| | |
|---|---|
| **Täze** | Dersligiň birinji gezek peýdalanmaga berlendäki ýagdaýy. |
| **Ýagşy** | Sahaby bütin, dersligiň esasy böleginden aýrylmandyr. Ähli sahypalary bar, ýyrtylmadyk, goparylmadyk, sahypalarynda ýazgylar we çyzyklar ýok. |
| **Kanagatlanarly** | Kitabyň daşy ýenjilen, ep-esli çyzylan, gyralary gädilen, dersligiň esasy böleginden aýrylan ýerleri bar, peýdalanyjy tarapyndan kanagatlanarly abatlanan. Goparylan sahypalary täzeden ýelmenen, käbir sahypalary çyzylan. |
| **Kanagatlanarsyz** | Kitabyň daşy çyzylan ýyrtylan, esasy böleginden aýrylan ýa-da bütinleý ýok, kanagatlanarsyz abatlanan. Sahypalary ýyrtylan, sahypalary ýetişmeýär, çyzylyp taşlanan. Dersligi dikeldip bolmaýar. |

*O'quv nashri*

G.M.TANSIKBAYEVA, V.A.KOSTETSKIY

# KONSTITUTSIYAVIY HUQUQ ASOSLARI

Umumiy o'rta ta'lim maktablarining
9-sinfi uchun darslik

*(Turkman tilida)*

*Tuzatilgan va to'ldirilgan sakkizinchi nashr*

«Sharq» nashriyot-matbaa
aksiyadorlik kompaniyasi
Bosh tahririyati
Toshkent – 2019

Terjimeçiler: *Gülbahar Abdullaýewa, Kamiljan Hallyýew*

Redaktor *Jumanazar Metýakubow*
Çeper redaktor *Bahrom Babajanow*
Tehniki redaktor *Rasuljan Nafasow*
Sahaplaýjy *Mastura Athamowa*
Korrektor *Jumanazar Metýakubow*

**Neşirýat lisenziýasy AI № 201, 28.08.2011**

Çap etmäge 2019-njy ýylyň 1-nji iýulynda rugsat edildi. Möçberi 70×90 $^{1}/_{16}$.
Ofset çap ediliş usuly. «Times New Roman» garniturasy. Şertli çap listi 14,6.
Neşirýan hasap listi 12,5. 154 nusgada çap edildi. Buýurma № 471-A.

**«Sharq» neşirýat-çaphana paýdarlar kompaniýasyny çaphanasy,**
**100000, Daşkent şäheri, "Beýik Turan" köçesi, 41.**